TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

## HUBAÝŞ TIFLISI

# SENETLERIŇ BEÝANY

## حبيش تفليسي

# بيان صناعات

Arap dilinden terjime eden
we capa taýýarlan
Kakajan Janbekow

AŞGABAT «MIRAS» 2005

**UOK 950**
**H71**

**H71 Tiflisi H.**
Senetleriň beýany. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005– 208 sah.

**REDAKTOR**
**Ç. Kulyýew,** *himiýa ylymlarynyň kandidaty*

*Bu kitap XII asyrda ýaşan görnükli türkmen müneçjimi, matematigi hem meşhur tebibi Abu Fazyl Hubaýş ibn Ybraýym Tiflisiniň «Senetleriň beýany» atly kitabydyr.*

*Seljuk türkmenleriniň hökümdary Gylyç Arslan ibn Mesudyň weziri Hubaýş Tiflisi ömrüniň köp bölegini ylym bilen meşgul bolup, dünýä tayhynda öçmejek yz galdyrypdyr. «Senetleriň beýany» kitaby bahasyna ýetip bolmajak mirasyň bir bölegidir. Kitapda alhimiýa, gymmatbaha daşlar, bullurlar, reňkler, dürli ýiti we kesgir ýaraglar hakynda gyzykly maglumatlar berilýär. Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.*

**TMMMM №36**

**TDKP №37** **2005** **KBK63.3(5)**

**©Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 ý.**
**Tiflisi H, 2005 ý.**
**Janbekow K., terjime, çapa taýýarlama, sözsoňy, 2005 ý.**

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy

bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, **«*Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň***

***taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## BEÝIK ALLANYŇ ADY BILEN

Iki älemi, ynsan we jynlary ýaradan, adamlary ähli jandarlardan tapawutlandyran, ynsana haýyrdyr şeri, ýagşydyr ýamany, dogry söz bilen ýalany seljermek üçin akyl beren, gaýyp zatlary bilmek üçin ylyma gönükdiren, Muhammet alaýhyssalamy pygamber edip saýlan, Beýik Allatagala öwgüler bolsun!

Dinimiziň göz-guwanjy, ilkinji yslam döwletiniň binýadyny guran Muhammet alaýhyssalama we onuň egindeşleridir nesline salawatlar bolsun!

Men «Beýanu Nujum» atly kitabymy gutaranymdan soň, arap alymlarynyň gizlin saklaýan kitaplaryny okap görüp, olaryň birnäçe syrlaryny açdym we «Senetleriň beýany» atly kitabymy ýazmaga başladym. Bu kitabymy okanlar, Allatagala islese peýda gazanyp bilerler. Goý, bu kitaby okanlar meni ýatlasynlar we meniň ruhuma doga etsinler! Bu kitaby ýigrimi baba böldüm we okyjy gerek baby ýeňillik bilen tapar ýaly olary manysyna görä atlandyrdym. Beýik Allanyň eradasy bilen okyjy bu kitapdan örän köp peýda gazanar.

Birinji bap. Alhimiýa hakynda.

Ikinji bap. Gymmatbaha daşlar hakynda.

Üçünji bap. Gymmatbaha daşlary reňýulemek hakynda.

Dördünji bap. Bullurlary we syrçalary reňklemek hakynda.

Bäşinji bap. Syrçalary dürli reňklere boýamak hakynda.

Altynjy bap. Gymmatbaha daşlara suw öwüşgünini bermek hakynda.

Ýedinji bap. Dürli ýiti we kesgir ýaraglary taplamak we ýylmamak hakynda.

Sekizinji bap. Dürli senetler hakynda.

Dokuzynjy bap. Reňkleri garmak hakynda.

Onunjy bap. Tuş bilen syýany garmak we kätipleriň hökmany bil meli zatlary hakynda.

On birinji bap. Kagyzdaky ýazgylary ýa-da ýitirilen ýazgylary ýüze çykarmak hakynda.

On ikinji bap. Dürli haýwanlaryň aýratynlyklary hakynda.

On üçünji bap. Ýyrtyjy haýwanlardan we mör-möjeklerden goranmagyň usullary hakynda.

On dördünji bap. Gymmatbaha daşlaryň, haýwanlaryň we ösümlikleriň aýratynlyklary hakynda.

On bäşinji bap. Dürli suwlary ulanmak hakynda.

On altynjy bap. Ody ulanmagyň usuly we çyra bilen edilýän dürli tilsimler hakynda.

On ýedinji bap. Şerap bilen edilýän oýunlar we tilsimler hakynda.

On sekizinji bap. Dürli tilsimler hakynda.

On dokuzynjy bap. Lybaslardan dürli tegmilleri aýyrmagyň usullary hakynda.

Ýigriminji bap. Är-aýallyk gatnaşyklarynyň syrlary we göwrelilik hakynda.

# BIRINJI BAP

# ALHIMIÝA HAKYNDA

Bilgin, alhimiýa – gizlin, çylşyrymly ylymdyr. Entäk bu ylymyň syrlaryny açan alym ýokdur. Aýtmaklaryna görä, Karunyň döwründen bäri ýaşap geçen ähli alymlar bu ylym bilen iş salşyp, gazanan netijeleri ýokdur. Biziň döwrümizde hem bu ylymyň syrlaryny açdym diýýänler baryp ýatan kezzaplardyr. Olaryň telwihdenem, terkipdenem başy çykanok. Telwihiň kömegi bilen meňzeş jisim ýasap bolýar. Köp adamlar emele gelen jisimi altyna derek kabul edýärler. Şeýle ýol bilen kümüş hem alyp bolýar. Terkip aşakdakylardan ybaratdyr. Altyn, kümüş, mis we olara meňzeş jisimleri bir gaba salyp eretmeli. Emele gelen jisim ýa-ha altyna ýa-da kümüşe meňzeş bolar. Alnan jisim altyn ýa-da kümüş hökmünde ulanylar. Eger-de alnan jisimi on, ýigrimi gezek otda eretseň, gapdaky jisim azalyp, başdaky ýagdaýa gaýdyp geler.

Bilgin, telwihden we terkipden doly baş çykarmaýan adam alhimiýa bilen iş salşyp bilmez. Birnäçeler telwihden we birnäçeler terkipden ýagşy baş çykarýarlar. Bu ylymy ýagşy ele alanlar maly-dünýä toplaýardylar. Körzehinler bolsa, älemdäki baýlygyny giderip, saglygyna zyýan etdiler. Olar bu senet bilen meşgul bolup, adamyň saglygyna zyýan yslardan dem alyp,

bedenine we aklyna zyýan edip, wagtyny bihuda geçirdiler. Men birnäçe gadymy kitaplary okap, olardan özüme netije çykardym we şu kitaby ýazdym. Kimdir biri telwihiň we terkibiň nämedigini bilmek islese, enşalla kitabyň şu babyny okandan soň oňa akyl ýetirip biler.

## BU SENEDIŇ KANUNLARYNY ELE ALMAK HAKYNDA

Bilgin, alhimiýa ylymy iki uly bölekden, ýagny gaty we uçujy maddalardan durýandyr. Ylym eýeleri: «Ýedi planeta görä, gaty maddalar ýedi görnüşde bolýar. Ýylyň dört paslyna laýyklykda, uçujy maddalar hem dört görnüşde bolýar» diýýärler. Şonuň üçin hem gaty maddalar bilen uçujy maddalary birleşdirmek üçin, olaryň häsiýetlerini doly öwrenip, ylymly çemeleşmelidir.

Bilgin, alhimiýada iň gaty madda altindyr. Zergärler oňa gün diýip at berýärler. Kümüş hem gaty maddalaryň düzümine girýändir. Oňa aý diýip at berýärler. Kümüşden soň galaýy gelýändir. Oňa Ýupiter diýip at berýärler. Soňra mis gelýändir. Mise Zöhre ýyldyzy diýip at berýärler. Ondan soň demir gelýändir. Oňa Myrryh (Mars) diýip at berýärler. Ondan soňky gelýän gurşuna Saturn diýip at berýärler. Simaby Merkuriý diýip atlandyrýarlar. Simap alhimiýada hem gaty hem-de uçujy madda hasaplanýar.

Uçujy maddalara aşakdakylar degişlidir: simap – oňa «gaçgak» diýip at berýärler. Kükürt – oňa «şalaryň daşy» diýip at berýärler. Myşýak – oňa «gün daşy» diýip at berýärler. Naşatyra bolsa «altair» diýip at berýärler.

Altyn özüniň häsiýeti boýunça gyzgyn we ýumşak. Kümüş bolsa sowuk we ýumşak, galaýy – sowuk we çygly, mis – gyzgyn we gury, simap – sowuk we çygly, myşýak – gyzgyn we gury. Kükürt – gyzgyn we gury, tutiýa – gyzgyn we gury. Biziň bu sanap geçenlerimiz gaty we uçujy maddalaryň aýratynlykly häsiýetleridir.

## DÜRLI SERIŞDELERIŇ ULANYLYŞY

### *Galaýyny agartmagyň usuly*

Bir ukyýa[1] galaýyny alyp, ony bir mysgal[2] sürme bilen garmaly we doňýança goýmaly. Soňra galaýyny duzly suw bilen ýuwmaly. Soň galaýyny birnäçe wagt suwuň içinde goýmaly we bu hereketi galaýy ýuwulýança gaýtalamaly. Soň galaýynyň belli bir mukdaryny alyp, ony şonça mukdardaky simap bilen goşup, ýagşy süpürmeli. Soňra onuň daşyna danalyk palçygyny[3] çalyp, üç günläp pessejik ýanyp duran oduň üstünde goýmaly. Otdan aýryp, duzly suw bilen ýuwmaly. Galaýy gurandan soň, ak we arassa bolar.

### *Kinowary[4] almagyň usuly*

Bokurdakly küýzejik alyp, oňa simap we simabyň 4/1 bölegi ýa-da 6/1 bölegi bolan sary kükürdi goşup, küýzä salyp,

---

[1] Ukyýa – 37, 44 g.
[2] Mysgal – 4,8 g.
[3] Danalyk palçygy – gündogarda himiki reaksiýalara we oda çydamly palçyga aýdylýar. Onuň düzümine tezek, saç we şerap girýär.
[4] Kinowar – simabyň kükürtli birleşmesi.

agzyny mis gapak bilen ýapmaly we küýzäniň daşyna palçyk çalyp, günüň aşagynda guratmaga goýmaly. Eger palçyk jaýrylsa, ol ýere ýene-de palçyk çalmaly. Soňra küräni goýunyň gumalagyny ýakyp gyzdyrmaly we küýzäni küräniň içinde bir gije-gündiz goýmaly. Küýzäni küräniň içine goýanyňdan soň, küräniň agzyny palçyk bilen suwamaly. Haçanda kinowar küýzeden çykarylanda, ol gyzyl reňkde bolýar. Eger ony has-da gyzartmak isleseň, onda kinowary nar suwuna ýuwmaly.

### *Gurşunyň okisini we surigi[1] almagyň usuly*

Gurşun bölejiklerini alyp, ony demir gaba sepelemeli. Soňra onuň üstüne tutuş gurşun bölegini goýup, onuň üstüne ýene-de ownujak gurşun bölegini sepelemeli. Şeýdip birnäçe gezek gaýtalanyňdan soň, demir gaby ot ýanyp duran kürä salmaly. Ot demir gaby ähli tarapyndan gurşap almaly. Gurşunly gap kürede bir gije-gündiz durandan soň, gurşunyň okisi emele gelýär. Eger-de ony ýene-de bir gije-gündiz has güýçli otda goýsaň, onda gurşunyň okisi surige öwrüler.

### *Zanjar[2] almagyň usuly*

Tutuş mis bölegini alyp, ony sirkä batyrmaly we sirkeden çykaryp, bölekläp ýene-de üstüne sirke guýup, çygly ýerde goýmaly ýa-da mis gyryndysyny naşatyr bilen garyp, birnäçe gün çygly ýerde goýmaly we zanjaryň emele gelmegine garaşmaly.

---

[1] Surik - gurşun garyndyly mineral.
[2] Zanjar – Cu $(CH_3COOH)_2$.

### *Potaş[1] duzuny almagyň usuly*

Belli mukdardaky potaşy alyp, ony has ownadyp, mis gaba guýmaly. Soňra alnan potaşyň 7/1 bölegi mukdardaky suw bilen garyp, gaýnatmaly. Soňra galan suwy küýzä guýup, çökündi emele gelýänçä garaşmaly we küýzedäki suwy dökmeli. Küýzäniň içindäki emele gelen maddanyň gurudygyna göz ýetireniňden soň, küýzäni döküp, onuň diwaryndaky maddany gyryp almaly.

### *Ýumurtga ýagyny almagyň usuly*

Islendik mukdardaky ýumurtga alyp, agyny we sarysyny mis legene guýup, olary legeniň gyrasyna çyrşamaly. Soňra legeni günüň aşagynda goýmaly. Günüň yssysyna ýumurtganyň ýagy çykyp, legeniň ortasyna ýygnanar. Ýagy küýzä salyp, gerek boldugyndan ulanybermeli.

### *Danalyk palçygyny almagyň usuly*

Küre palçygyndan alyp, oňa nahar duzuny we preskurnýak goşup, gowy garmaly. Soňra örän ownujak edip kesip, palçyga garmaly we ýene-de gowy garyp gerek hajatyňa ulanybermeli.

### *Kükürdi agartmagyň usuly*

Belli bir mukdardaky kükürdi alyp, ony duz we suw bilen garyp, soňra agarar ýaly günüň aşagynda goýmaly. Ondan soň

---

[1] Potaş – kaliý karbonaty.

oňa ownujak gyzyl myşýak goşup, ýedi günläp, tä agarýança göläniň peşewiniň içinde goýmaly. Agaran kükürt misi agartmaga, demri ýumşatmaga we posy aýyrmaga ukyply bolýar.

### *Sary kükürdi agartmagyň usuly*

Sygyr peşewini alyp, oňa sary kükürdi guýmaly we birnäçe wagt garaşmaly. Çökündi emele gelenden soň, peşewi seresaplyk bilen dökmeli we bu hereketi üç gezek gaýtalamaly. Soňra kükürdi sabyn köküniň şerbeti bilen ýagşy ýuwup, oda tutup bugartmaly. Ondan soň arassa suw bilen ýuwup, suwy dökmeli we bu hereketi üç gezek gaýtalamaly. Kükürt gurandan soň, ak we arassa bolar.

### *Markazidi[1] agartmagyň usuly*

Markazidi owradyp, şol mukdardaky döwülen duz bilen garmaly we bu iki maddany sürme ýaly biri-birine ýagşy sürtmeli. Soňra bir gaba guýup, markazitden duzy aýyrmak üçin suw goşmaly. Soň gapdaky suwy döküp, markazidi guratmaga goýmaly. Ondan soň markazidiň üstüne buglandyrylan sirke guýmaly. Markazit sirkäniň aşagynda galmaly. Soňra üstüne sirke guýulan markazidi günüň aşagynda goýmaly. Günüň çogunyň astynda sirke uçup gider. Bu hereketi markazit agarýança ýedi gezek gaýtalamaly. Soňra markazide az-owlak duz we kwasy goşup, palçykdan ýasalan täze gaba salyp, ýuwaşja oduň üstünde bugartmaly we markazit agarýança bu hereketi gaýtalamaly.

[1] Markazit - demiriň kükürtli birleşmesi.

### *Gurşunyň okisini agartmagyň usuly*

Belli bir ölçegdäki gurşun okisini alyp, ony duz bilen garyp, 1,5 sagatlap mermer daşynyň üstünde biri-birine sürtmeli. Haçanda gurşun okisi bilen duz hamyr ýaly bolandan soň, onuň üstüne az-azdan bäş günläp suw guýmaly. Şeýle edilende, ol ak we simap ýaly suwuk bolar.

## ERGINLER HAKYNDA

### *Altyn, kümüş, mis, demir, galaýy we gymmatbaha daşlary eretmegiň usullary*

Deňiz balykgulagyny alyp, ony gar ýaly ap-ak bolýança ojakda ýakmaly. Soňra onuň belli bir mukdaryny we şonça mukdarda naşatyr we anzarut[1] alyp, olary ownujak edip bölekläp, bir gaba salmaly we her bir sagatdan buglandyrylan sirke bilen ölläp durmaly. Eger bu hereketi ertirden agşama çenli gaýtalap dursaň, dury we ýagty madda emele geler.

Eger altyn, kümüş, mis, demir ýa-da galaýyny ergin ýagdaýa getirmek isleseň, onda olary kiçi bölejiklere bölmeli.

Eger gymmatbaha daşy ergin ýagdaýa getirmek isleseň, onda ony ýagşy döwmeli. Soňra onuň üstüne öňki aýdyp geçen sirkämizi guýmaly we reňki günüň şöhlesi kimin sary, özi suw kimin akar bolýança bu hereketi gaýtalamaly.

[1] Anzarut –ösümlik şepbigi.

## *Talyky[1] eretmegiň usuly*

Eger kimdir biri talyky eretmek islese, onda ol belli bir mukdardaky talygy alyp, mata haltajygyna salsyn we onuň üstüne gar ýa-da buz guýup, haltanyň daşyndan elleri bilen gowy edip owsyn. Soňra ony haltadan çykaryp, käsäniň gyrasyna çalsyn. Birnäçe wagtdan talyk ergin halda käsäniň düýbüne çöker, suw bolsa onuň ýüzüne çykar. Suwy seresaplyk bilen dökmeli we käsäniň düýbünde galan talygy almaly we tozandyr hapadan gorap guratmaly. Eger talygy eretmek islese, onda hiç suw guýulmadyk täze çakyr küýzesini alyp, talygy oňa guýsun we ol öllener ýaly kamfor ýagyny hem-de azot kislotasyny goşsun. Bularyň ählisini küýzä goýanyňdan soň, küýzäniň agzyny dyky bilen ýapyp, palçyk bilen suwamaly. Soňra küýzäni sygyr tezegine gömsün we her gün tezegi täzeläp durmaly. Şeýdip, ýigrimi gün geçenden soň, küýzäni tezekden çykarmaly we küýzäniň agzyndaky dykyny aýryp, küýzäni galyň edip, toýun bilen suwamaly. Toýun gurandan soň, küýzäni kürä goýup, pesejik ot ýakmaly. Ot küýzäniň ähli tarapyny gaplap almaly. Küýzäniň daşyndaky toýun syrylyp gaçýança, ertirden agşama çenli bu hereketi gaýtalamaly. Soňra küýzäni otdan çykaryp, döwülen buza gömmeli we küýzäniň dykysyny açmaly ýa-da küýzäni döwmeli. Küýzäniň içindäki emele gelen ergin dury simaby ýatladyp durar. Eger bu ergini eliňe çalyp, eliňi oda tutsaň eliňe hiç hili zeper ýetmez.

a) Emele gelen bu ergini agzyňa çalyp, soňra agzyňa daş ýa-da demir alsaň hem saňa hiç hili zyýan bolmaz.

---

[1] Talyk – ol iki görnüşde bolýar. Onuň birini gips görnüşde, ýene bir görnüşi deňizde tapylýar. Deňizden tapylýan talykdan merjen ýasaýarlar.

b) Eger bu ergini bir danik[1] ýalysyny kimdir biriniň naharyna goşup berseň, onuň ujydy hereketden galar.

w) Eger bu alnan ergini çörekçiniň tamdyryna oklasaň, onuň çöregi tamdyrda durmaz.

g) Eger bu ergini mal kellesini arassalaýanyň ojagyna oklasaň, onda bu ojakda arassalanýan mal kelleleri zaýa çykar.

d) Eger kimdir biri bu emele gelen maddadan merjen ýasamak islese, onda özünde bar bolan merjeni ýa-da owadan merjen gabyny (rakowina) sürme ýaly owradyp, öllener ýaly birnäçe gezek goýun süýdüne ýuwsun we oňa talygyň erginini goşsun. Soňra bu maddadan merjeniň ululygyndaky togalajyklar ýasasyn we olaryň böwründe kiçijik deşijek deşip, altyn sapak geçirsin. Altyn sapak geçirmezden öň deşijekleri täze alnan künji ýagy bilen ýaglasyn. Ondan soň uly kepderi tapyp, ýasalan togalajyklary onuň daşlygyna goýup, ýedi sagat garaşsyn. Ýasalan merjenler bu wagtyň içinde aýna ýaly dury reňke eýe bolmalydyr. Eger bu hadysa tomus wagty bolýan bolsa, onda ýasalan merjenleri ertir namazyndan ikindi namazyna çenli, eger gyş paslynda bolsa, onda ertir namazdan ýassy namazyna çenli saklasyn. Haçanda ol ýasalan merjeni kepderiniň daşlygyndan çykaranda, togalak, arassa, ýalpyldap duran merjeni görüp, haýran galar. Müň zergärden biri hem onuň ýasalandygyny bilmez. Bu merjeni suwa salsaň hem, oda atsaň hem hiç hili zaýa bolmaz.

Uly we köp çigitli badam alyp, ony pyçak bilen ownujak edip kesmeli we uly toýun küýzesine salmaly. Badam küýzäniň ¼1/4 bölegini doldurmaly. Soňra kiçi we ýuka bir küýzä talyk erginini guýup, bu küýzäni uly küýzäniň içine goýmaly we

[1] Danik – dirhemiň 1/6 deň bolan ölçeg birligi.

üstüne ýene-de ownuk kesilen badam oklamaly. Kiçi küýzäniň agzyny täze mata bilen daňmaly. Kiçi küýzäniň ähli tarapynda ownuk kesilen badam bolmalydyr. Soňra uly küýzäniň agzyny ýapyp, günüň aşagynda goýmaly. Ýigrimi gün geçenden soň, küýzede simap ýaly zat emele geler. Eger küýzäni otuz gün günüň aşagynda goýsaň, onda ot ýaly zat emele geler.

### *Simaby, ýumurtga gabygyny we başga zatlary eretmegiň usullary*

Belli bir mukdardaky deňiz köpürjigini, naşatyry, ýumurtga gabygyny, şizragy, sary kükürt, daş duzy we bu ähli zatlaryň mukdaryna barabar kundus almaly. Alnan zatlary aýry-aýrylykda böleklemeli we olary garyp, üstüne şol mukdarda simap goşmaly. Soňra simap ölüp[1] beýleki zatlar gowy garylýança ýagşy sürtmeli. Ondan soň olaryň ählisini çüýşe gaba salyp, agzyny hek bilen ýapmaly we üç günläp mal tezegine gömüp goýmaly. Üç gün geçenden soň, çüýşäni tezekden çykaryp, ýene-de gaýtadan işlemeli we onuň üstüne eretmekçi bolýan zadyňy goşup, çüýşäniň agzyny öl tezek bilen ýapmaly we ýedi günläp tezege gömüp goýmaly. Ýedi gün geçenden soň, çüýşäniň içindäki suwuk görnüşde bolar.

Kimdir biri tenekäri ýa-da bury eretmek islese, onda olaryň üstüne köpräk suw guýup, pessejik ýanyp duran oduň üstünde goýsun. Soňra ony sowadyp, emele gelen zady eredilen tenekär ýa-da bur hökmünde ulanybersin.

---

[1] Alhimiýada simap öldi diýip, onuň erkin, hereketsiz wagtyna aýdylýar.

### *Zägi eretmegiň usuly*

Zägiň daşyna saç orap, aýna gaba salmaly we onuň üstüne sirke guýup, bu gabyň agzyny örän berk ýapmaly. Soňra gaby mal tezegi bilen suwap, tä zäk ereýänçä şeýle ýagdaýda goýmaly.

### *Ýumurtga gabygyny eretmegiň usuly*

Ýumurtga gabygyny sürme ýaly owradyp, aýna gaba salmaly. Soňra toýun legene suw guýup, onuň aşagynda ot ýakmaly we aýna gaby toýun legeniň içinde goýmaly. Eger legendäki suw azalsa, onda ýene-de suw guýmaly we bu hereketi tä aýna gapdaky ýumurtga gabygy ereýänçä gaýtalamaly.

### *Zäkden ergin maddany ýasamagyň usuly*

Zägi çyranyň içine salyp, ony hem şerap guýulýan küýzäniň içinde goýmaly we küýzä sirke guýmaly. Küýzäniň agzyny berk ýapyp, öl tezege gömmeli we zäk suw ýaly bolýança şol ýerde saklamaly.

## HEK ÝASAMAK HAKYNDA

### *Ýumurtga gabygyndan hek ýasamagyň usuly*

Ilki bilen ýumurtga gabygyny alyp, ony ownujak edip bölekläp, täze küýzä guýmaly we küýzäniň agzyny dyky bilen ýapyp, küýzäniň agzyny we daşyny palçyk bilen suwamaly. Soňra küýzäni kerpiç bişirilýän küräniň içinde bir gije-gündiz

goýmaly. Bu hereketi üç gezek gaýtalamaly we her gezek küýze küreden çykarylanda, ýumurtga gabygyny daşa sürtmeli we ýumurtga gabygy tozga görnüşine gelýänçä bu hereketi dowam etmeli.

### *Hek ýasamagyň ýene bir usuly*

Iki ukyýa kükürt we şonça-da hek daşyny almaly we olary gazana salyp, onuň üstüne suw guýmaly. Suw olardan dört barmak ýokarda durmaly. Soňra gazany otda goýup gaýnatmaly we bu hereketi iki-üç gezek gaýtalamaly. Ondan soň gazandaky suwy döküp, içindäkini guratmaly. Gurandan soň, isleýän zadyňy alandygyňa göz ýetirersiň.

## GATY HALA ÖWÜRMEK HAKYNDA

### *Simabyň daňylmagy, ýagny ony gaty hala öwürmegiň usuly*

Ýabany garpyz[1] alyp, pyçak bilen onuň paçagyny aýyrmaly. Soňra ortasyny kesip aýryp, içine simap, onuň üstüne bolsa siklameniň[2] köküniň şerbetini guýup, kesilip aýrylan garpyz bölegi bilen ýapmaly. Ondan soň garpyzy öl mata dolap, bir gije-gündiz tezek odunyň üstünde goýmaly we simabyň gataryna garaşmaly.

[1] Ýabany garpyz – adaty garpyza meňzeş.
[2] Siklamen – iri gülli dekoratiw ösümlik.

### *Başga bir usul*

Ermeni we zergär buryndan elli dirhem, pars sabyn kökünden otuz dirhem alyp, olary öl ýagdaýda retortadan[1] we alembikden[2] süzüp geçirmeli we suwuklygy aýry etmeli. Soňra elli dirhem turşy duzy, adaty duzy we ýigrimi dirhem naşatyry ýagşy garyp, olary hem öl ýagdaýda retortadan we alembikden süzüp geçirmeli we suwuklygy aýry etmeli. Soňra elli dirhem Müsür selitrasyny, ýigrimi dirhem Müsür zägini we on dirhem tenekäri ownujak edip bölekläp, öl ýagdaýda retortadan we alembikden süzüp geçirmeli we bölünip çykan suwuklygy aýry etmeli. Ondan soň ähli alnan zatlary garyp, bir gaba guýmaly we onuň üstüne on üç dirhem simap we bir ukyýa ýumurtga gabygyndan alnan heki goşup, mermer daşynyň üstünde ýagşy sürtmeli. Sürtgi mahalynda öňki bölünip çykan suwuklykdan guýup durmaly. Soňra bir gije-gündiz şol ýagdaýda çogly günüň astynda goýmaly we ertesi gün alnan zady çüýşä salyp, daşyny toýun palçygy bilen ýagşy suwamaly we çüýşäniň agzyny gowy edip ýapmaly. Ondan soň çüýşäni bir aýlap ertirden-agşama günüň aşagynda goýmaly. Soň çüýşäni pesejik ot ýanyp duran kürä salmaly. Haçanda çüýşäni küreden çykaryp göreniňde, içindäki zat edil kümüş ýaly bolar.

a) Eger kimdir biri bu alnan zadyň bir mysgalyny bir ratl köne simaba goşsa, onda bir aý geçip, köne simap arassa täze simaba öwrüler.

---

[1] Retorta – orta asyr süzüş guraly. Onuň esasy kädi bolup, ol kolbanyň hyzmatyny ýerine ýetiripdir.

[2] Alembik – uly bolmadyk holtumly aýna käse. Ol süzmek we bugartmak üçin giňden ulanylypdyr.

b) Eger bu maddanyň bir dirhemini üç ýüz dirhem gara galaýa goşsaň, onda galaýy kümüş ýaly arassa bolar.

### *Suwuk erginleri gaty hala öwürmegiň usuly*

Eger kimdir biri suwuk zady goýy ýa-da gaty hala getirmek islese, onda suwuk ergini retorta guýsun we onuň agzyna siriýa käsesini goýup, ikisiniň sepleşýän ýerini hek bilen suwasyn. Soňra başga bir gaba ýarymyna çenli kül guýup, retortany gabyň içine salyp, pesejik oduň üstünde goýsun. Bir gijäniň içinde suwuklyk siziň isleýşiňiz ýaly goýy hala geçer.

## TELWIHLER WE EKSIRLER[1] HAKYNDA

### *Aý reňkini bermegiň usuly*

Bäş dirhem markazit, on dirhem gips we kümüşi otda eremeýän demir gaba salyp, az-owlak bur bilen garmaly. Gabyň düýbünde ak çökündi emele geler. Bu emele gelen çökündiniň bir dirhemini on bäş dirhem galaýy bilen garmaly. Şeýle edeniňde, gaty we ýagty jisim emele geler.

### *Gün reňkini bermegiň usuly*

Ýigrimi dirhem gowy latun (şibh) alyp, ony gyrgyçdan geçirmeli we gyryndyny ýigrmi dirhem basfinj[1] köki, 2,5

[1] Eksir arap dilindäki bellilik artikli al harplarynyň goşulmagy bilen eliksir sözi emele gelýär. Eliksir - ösümlik şiresinden alnan spirt, efir ýaglary. Alhimiýada eliksir ömür uzaldýan içgi hökmünde-de ýatlanýar.

dirhem daş duzy, ýaşyl kuporos, ak Müsür zägi we bäş dirhem simaby garmaly. Bu zatlaryň ählisini biri-birine ýagşy sürtüp, çüýşä salyp, üstüne dört barmak galyňlykda ajy sirke guýmaly. Soňra çüýşäniň agzyny hek bilen, çüýşäniň galan bölegini bolsa, toýun palçygy bilen suwamaly we bir gije pessejik ýanyp duran oduň üstünde goýmaly. Ertesi çüýşäni açyp göreniňde, içindäki sirkäniň gara şepbik ýaly bolandygyny görersiň. Ondan soň sirkäni döküp, alnan zady ýuwup, günüň aşagynda guratsyn. Emele gelen zat arassa kümüşden hiç hili tapawudy bolmaz.

### *Başga bir usul*

On dirhem Kerman tutiýasyny[2], bir dirhem tenekäri[3], mis kuporosyny, kümüş köýügini, markazidi, ýarym dirhem wena damaryndan alnan adam ganyny hem-de Ýemen zägini alyp, gaty we uly maddalary ownujak edip bölmeli we ýagşy edip garmaly. Soňra şäniksiz hurma almaly we ýaňky zatlara ýagşy edip sürtüp, olary hurma siňdirmeli. Emma hurmany gaty kän hem goşmaly däldir. Ondan soň mynjyradylan limony tä gyzarýança otda goýmaly we köz ýaly görnüşde üzüm şiresine sokup-çykaryp, soňra duzly suwda goýmaly. Duzly suwdan çykarandan soň, üstüne gury duz sepmeli we el bilen ýagşy sürtmeli. Bu hereketi tä mis ap-ak bolýança üç-dört gezek gaýtalamaly. Soňra gazana iki gysym turşy erik salyp, üstüne suw guýmaly we misi gazanda goýup gaýnatmaly. Suw gaýnap gutarandan soň, misi gazandan çykaryp, ownujak edip kesmeli

---

[1] Basfinj - polipodiý. Ol kyrkaýaga meňzeş bolan dermanlyk ösümlik.
[2] Tutiýa – Tiflisi tutiýa diýip, sinki göz öňünde tutýar.
[3] Tenekär – tinkal, borly birleşme.

we öňki dürli maddalar siňdirilen hurma bilen ýagşy edip garmaly. Emma hurmadan köp goşsaň, ýaramaz netijä getirmegi mümkin. Şonuň üçin hurmany misi ýapar ýaly galyňlykda goşmaly. Soňra ony oda eremeýän gaba salyp eretmeli. Ondan soň bir gaba nebit çalyp, ergini bu gaba guýmaly we sowaýança garaşmaly. Soňra ony Mekge daşyna sürtüp, pagtanyň içinde goýmaly we gyzarýança garaşmaly.

a) Eger bu alnan zada ýarym dirhem gyzyl demir magdanyndan we gonça-da mis goşsaň, emele gelen maddany adamyň ganyna derek hem ulanyp bolar.

### *Dürli eliksirlere güýç bermegiň usuly*

Alhimiýada nähilidir bir madda ýasalyp, ol hem gaty maddalar bilen birikmäge ýeterlik güýje eýe bolmasa, ony gaty maddalar bilen birikdirmek islese, onda sary kükürt, hek we potaşdan deň ölçegde alyp, olary suwda gaýnatsyn. Soňra alnan maddany güýçsüz hasaplanýan eliksiriň üstüne goşsun. Eger olara az-kem myşýak goşsa, eliksir has uly güýje eýe bolar.

### *Altyny we kümüşi ýumşatmagyň usuly*

Tenekär, potaş duzy we arassa bury alyp, gazana salmaly we üstüne arassa suw guýup gaýnatmaly. Haçanda suw gaýnandan soň, gazanyň suwuny çüýşä guýmaly. Soňra çüýşedäki suwuň iki essesi ýaly geçi ganyny alyp, çüýşedäki suw bilen ýagşy garyşdyrmaly. Soňra ony günüň aşagynda guratmaga goýmaly. Ondan soň alnan ergini altyn ýa-da kümüş bilen eretmeli. Bu hili edip alnan altyn ýa-da kümüş adatdakysyndan has ýumşak bolar.

# ERGINLER HAKYNDA

## *Gün (altyn) erginini almagyň usuly*

Ýarym dirhem galaýy, iki danik kümüş, ýarym danik latun we mis almaly. Soňra kümüş, mis we latuny bilelikde eretmeli. Galaýyny aýratyn eredip olaryň üstüne goşmaly. Haçanda bu ergin taýýar bolup, eredilen gabyndan çykarylanda, ol bölejiklere bölüner. Soňra bu erginiň bir dirhemine üç dirhem mis goşmaly. Şonda altyna meňzeş zat alnar. Hiç bir zergär ony altyndan tapawutlandyryp bilmez.

## *Aý (kümüş) ergini almagyň usuly*

Hytaý demrini gyrgyçdan geçirmeli we garyndyny şol mukdardaky tenekär bilen bilelikde eretmeli. Soňra bu ergine şol ölçegdäki iň gowy galaýyny goşup, ýene-de eretmeli. Emele gelen zat kümüşe meňzeş bolar. Ondan islendik şekildäki zady ýasap bolar.

## *Ýene-de bir usul*

Ýagşy latundan otuz dirhem, kümüş we arassa galaýydan iki dirhem alyp, hemmesini bilelikde eretmeli. Soňra oňa ownujak edip, Siriýa aýnasyny goşmaly we islendik zady ýasabermeli.

### *Ýene-de bir usul*

On sekiz dirhem galaýy, üç dirhem gowy latun, alty dirhem mis we üç dirhem gara galaýyny almaly. Her magdany aýratynlykda eretmeli. Gara galaýyny üç dirhem simap bilen eretmeli. Soňra ähli maddalary ýagşy edip garyp, üstüne on dirhem siriýa şepbigini goşup, oda çydamly uly gazanda gaýnatmaly. Bu erginden guýlan zatlar kümüşden ýasalana meňzär.

### *«Ýedi gaýnag» erginini almagyň usuly*

Bir-iki dirhem hytaý demri, ak misi, dört dirhem naşatyr bilen arassalanan misi we bir mysgal ak kümüşi alyp, olaryň ählisini bir gapda eretmeli. Haçanda olar eränden soň, bu ergine iki dirhem, galaýy, bir dirhem simap, iki dirhem ýumurtganyň agyna ýatyrylan ownuk sandarak[1] goşmaly. Haçanda bu ergin taýýar bolanda, ony hakyky kümüşden tapawutlandyryp bolmaz.

### *Täze altyna köne altynyň reňkini bermegiň usuly*

Ýagşy owradylan syýa hozuny alyp, onuň üstüne suw goşmaly we pesejik ýanyp duran oduň üstüne goýup gaýnatmaly. Suwuň deň ýarysy gaýnap gutarandan soň, gapda galan suwy süzüp, çökündini bolsa zyňmaly. Köne reňk berilmek islenýän altyny az salym bu suwa salyp, soň altyny tutuş demir böleginiň üstünde goýup, oda tutmaly. Altyn otda gurar we köne altynyň reňkine eýe bolar.

[1] Sandarak – sary, ýagşy tagamly şepbik. Ol Arar diýen agaçdan alynýar.

Eger has-da köne görnüşe getirmek isleseň, onda toýun küýzäniň içine Siriýanyň süýji çowdarysyny guýup, altyny hem bu küýzä salmaly we gaýnan suw guýmaly. Birnäçe wagt bu ýagdaýda duran altyn siziň isleýän görnüşiňize eýe bolar.

### *Ýumşak demri polada öwürmegiň usuly*

Eger kimdir biri ýumşak demri polada öwürmek islese, onda ol ilki bilen demri eretsin, soňra bolsa turşy naryň gabygyny we sary halylany[1] ýagşy owradyp, demir ergininiň üstüne sepmeli. Ergin gatandan gowy polada öwrüler.

### *Mise dürli ýazgylary ýazmagyň usuly*

Eger kimdir biri misden ýasalan zatlara ýazgy ýazmak islese, onda ilki bilen misi ýagşy edip zanjar bilen sürtsün we onuň bilen mise ýazgy ýazsyn. Soňra misi birnäçe wagt otda gyzdyrsyn. Haçanda mis otdan çykarylanda, mise ýazylan ýazgy şeýle bir owadan bolar we ýalpyldar durar welin, ony görenler ýazgy kümüş bilen ýazylandyr öýderler.

### *Misi agartmagyň usuly*

Duzly hamyr[2] alyp, ony uzak wagtlap zeýtun ýagyna sürtmeli. Haçanda ol bal ýaly goýy görnüşe eýe bolandan soňra, bu ergini ýuwkajyk edip misiň ýüzüne çalyp, ony otda gyzdyrmaly. Soňra bolsa misi sirkäniň içinde goýmaly we tä isleýşiňiz ýaly agarýança garaşmaly.

[1] Halyla – Mirobalan.
[2] Bu ýerde gaýnadylyp alnan duz ýa-da soda göz öňünde tutulýar.

## *Başga bir usul*

Eger kimdir biri başga bir usul bilen misi agartmak islese, onda çakjagunduzyň ýagyny alyp, ony demir susaga guýmaly. Çakjagunduz ýagynyň 1/3 bölegi ýaly simaby bu ýagyň üstüne goşmaly. Soňra demir susagy pesejik ýanyp duran oduň üstünde (meselem, pelteli çyranyň) goýmaly. Haçanda susagyň içindäki ýag azalandan soň ol ýag bilen misi arassalamaly. Mis taze ýaly öwüşgün atar.

## *Gara merjeni agartmagyň usuly*

Eger-de gara merjeni agartmak isleseň, ilki bilen üljäniň şänigini alyp, ony açmaly we içindäki maňzyny çykarmaly we ownujak böleklere bölmeli. Soňra ony hamyr ýaly bolýança owratmaly we gara merjeni bu hamyra garmaly. Bu hamyrda birnäçe wagt saklanan gara merjen agarýar. Eger-de bu merjeniň ýüzüne ýazgy ýazylan bolsa, ol hem agarýar. Hakyk daşyny bu hamyra garyp, birnäçe wagt goýsaň, onuň reňki gyzarar we arassalanar.

## *Başga bir usul*

Deň ölçegde alnan ak kükürdi we zanjary gowy owradyp, ýumurtganyň agyna ýatyrmaly. Soňra bu emele gelen zady damja görnüşinde alembik we retortadan geçirmeli. Eger-de emele gelen ergin bilen hakyk daşyna ýazgy ýazyp, ony otda gyzdyryp, soňra gury mata bilen süpürmeli. Hakyk ýazylan ýazgy kümüş ýaly ap-ak bolar (eger Alla muny islese).

## IKINJI BAP

# GYMMATBAHA DAŞLAR HAKYNDA

### *Merjen ýasamagyň usuly*

Iki dirhem ownuk merjeni alyp, ony sürme ýaly bolýança ýagşy edip owratmaly. Soňra iki danik şizräni şol ölçegdäki ak naşatyr bilen garmaly. Emele gelen zadyň üstüne ol ergini ýapýan derejede turşy turunjy[1] goşup, olaryň ählisini demir gaba guýmaly we otda gyzdyrmaly. Ot demir gaby gyzdyryp başlandan soň, onuň içindäki madda hamyr ýaly bolar. Soňra eliňi ýagşy ýuwup, emele gelen hamyrdan aýaňda islän görnüşiňdäki merjeni ýugrup bilersiň. Ýasalan merjene seresaplyk bilen deşijek edip, ony täzelikde tutulan balygyň öt haltasyna goýup, ony balygyň içine salyp, balygyň garnyny bolsa tikmeli. Soňra ol balygy tamdyrda ýa-da körüde bişirmeli. Balyk ýagşy bişenden soň, tamdyrdan ýa-da körüden çykarmaly we sowatmaga goýmaly. Balyk sowandan soň bolsa, onuň içindäki merjeni alyp, sadapa[2] garylan duzuň ergininde ýuwmaly. Eger bir gezekden soň merjen agaryp, owadan görnüşe gelse, onda merjeniň taýýar boldugydyr. Eger bolmasa, ýene bir gezek şol erginde ýuwmaly.

---

[1] Turunj – sitron.
[2] Sadap – perlamutra.

## *Ýüzüge gyzyl gaş ýasamagyň usuly*

Arassa dag bulluryny alyp, ony sürme ýaly edip owratmaly. Soňra aýna ýaly daş, mis we gyzyl myşýak alyp, olary hem ýagşy owratmaly we olaryň ählisini garyp elekden geçirmeli. Elekden geçirilenden soň demir gazana salyp, gyzdyrmaly we eretmeli. Gazanyň içindäki ergin hala gelenden soň, gazany otdan aýyrmaly we ody öçürip, gazany bir täze körügiň içinde goýmaly. Bir gije geçenden soň, gazanyň içindäki zat gyzyl gaşa öwrüler.

## *Başga bir usul*

Kükürtde ýatyrylan dört dirhem galaýy, dört dirhem mis okisini[1], dört dirhem kinowari we bir dirhem kümüş okisini alyp, olaryň her haýsyny aýry-aýrylykda owradyp, kümüş okisinden galanyny demir gaba salyp, otda goýmaly. Gazandaky zatlar garalandan soň, onuň üstüne kümüş okisini we sary kükürdi sepmeli we ýagşy edip garmaly. Soňra demir gaby otdan düşürip, onuň içindäkini sowatmaly we sowandan soň, sirke bilen ýuwup, kölegede guratmaly. Soň bu maddany ýenede demir gazana salyp, otda eretmeli. Gazan otdan aýrylyp sowandan soň, onuň içindäki gyzyl daşa öwrüler. Ondan göwnüň islän zadyny ýasamak bolar.

## *Ýene bir usul*

Sary myşýakdan üç bölek alyp, ony bugardylan sirke bilen ýagşy edip sürtmeli. Soňra iki bölek gyzyl myşýak alyp, ony biri-birine sürtmeli we bugardylan sirkä ýatyrmaly. Soňra onuň

---

[1] Mis okisi – CuO.

üstüne owradylyp, elekden geçirilen iki dirhem sary kükürdi goşmaly. Soň ýaşyl aýnadan ýasalan gaby alyp, ony toýun bilen suwap, gabyň içine duz atmaly we ähli alnan zatlary gaba guýmaly. Aýna gabyň agzyny gapak bilen berk ýapyp, gap bilen gapagyň birleşýän ýerini toýun palçyk bilen suwamaly. Soňra bu gaby bir gije-gündiz pessejik ýanyp duran oduň üstünde goýmaly. Ertesi gün gabyň içindäki zatlar gyzyl daşa öwrüler.

### *Ýüzüge sary gaşy ýasamagyň usuly*

Bir bölek duz we bir bölek kükürt alyp, olary aýry-aýrylykda owratmaly. Soňra otda bişirilen toýun gabyň düýbüni toýun palçygy bilen suwamaly we gaba ilki az-owlak duz, soň bolsa az-owlak kükürt sepelemeli. Şeýdip, gezekli-gezegine alnan duzuň we kükürdiň ählisini gaba sepmeli we tä ereýänçä oduň üstünde goýmaly. Soňra olaryň üstüne on dirhem ownuk markazit goşmaly we ýene-de eretmeli. Gapda altyna meňzeş zat emele geler.

### *Ýüzüge gök gaşy ýasamagyň usuly*

Üç bölek köne gök aýna, bir bölek kümüş okisini we ýarym bölek mis okisini alyp, ýagşy owratmaly we täze küýzäniň içine guýmaly. Soňra küýzäni toýun palçyk bilen suwap, üç gije-gündiz körügiň içinde goýmaly. Körükde ýanýan ot pessejik bolmaly. Üç gün geçenden soň, küýzede emele gelen zatdan islän zadyňy ýasap bilersiň.

### *Pöwrizä meňzeş daşy ýasamagyň usuly*

Deň derejede zanjar, tusiýa, mis okisini, mis gyryndysyny we birýarym bölek simaby owradyp, elekden geçirmeli. Soňra ýokarda agzalan zatlaryň ýarym ölçegindäki hrustaly we aýna daşy sürme ýaly owradyp, olaryň ählisini garyp, demir gazana guýmaly we eretmeli. Gazanda ergin emele gelenden soň, gazany otdan aýryp, bir gün owratmaga goýmaly. Bir günden soň, gazandaky ergin pöwrizä meňzeş daşa öwrüler.

## ÜÇÜNJI BAP

# GYMMATBAHA DAŞLARY REŇKLEMEK HAKYNDA

### *Ak ýakuty reňklemegiň usuly*

Ilki bilen ýakuty zägiň ergininde ýuwmaly. Şeýle edilse, ol reňki ýagşy kabul eder. Zägiň erginine Ýemen zägi, ýarag ýasaýanlaryň zägi, sabyn potaşy we iki bölek ermeni bury girýär. Soňra bu zatlaryň ählisini ownujak edip bölüp, otda bişen palçykdan ýasalan küýzä salmaly we ýakuty hem ýaňky zatlaryň aralygynda goýmaly we ýene-de ýaňky zatdan ýakutyň üstünden sepelemeli. Küýzäniň agzyny toýun palçyk bilen suwap, bir gün ýa-da ondan hem köpräk wagt otda goýmaly. Soňra küýzäni otdan çykaryp, sowaýança garaşmaly. Küýze sowandan soň, ýakuty ondan çykaryp, başga küýzä salmaly we ýokardaky ady agzalan zatlardan sepelemeli. Soňra bolsa, olaryň üstünden iki barmak ölçeginde ajy sirke guýmaly we üç sagat otda goýmaly. Küýze oduň üstünde duranda sirke bugarsa, ýene-de şol ölçegdäki sirkäni küýzä guýup durmaly. Soňra ýakuty küýzeden çykaryp, ýagşy edip arassa suwda ýuwmaly. Şondan soň ony islendik reňke boýap bolar.

### *Ak ýakuty sary reňke boýamagyň usuly*

Ak ýakutyň daşyny arassalamaly we bugardylan sirke, turşy naryň şiresi hem-de çaga peşewini deň ölçegde alyp, olaryň barsyny bir gaba guýmaly. Ýakuty hem şol gaba salyp, onuň üstüne bir ukyýa daş duzuny, Ýemen zägini we sary garpyzyň daşyny goýup, gabyň agzyny ýapmaly we toýun palçyk bilen suwamaly. Soňra bu gaby atyň täzelikde tezeklän tezegine gömmeli we on günläp şol ýerde goýmaly. On gün geçenden soň, gaby tezekden çykarmaly we ýakuty ýagşy süpürmeli, gaby bolsa ýuwmaly. Ýakuty ýene-de şol gaba salyp, üstüne ýarym ratl sygyr peşewini, alty ukyýa hytaý hekini we ýarym ukyýa Ýemen zägini goşmaly we gabyň agzyny ýapyp, toýun palçygy bilen suwamaly. Soňra bu gaby iki günläp otda goýmaly. Diňe şondan soň isleňýän maksada ýetmek bolar.

### *Sary ýakuty gyzyl reňke boýamagyň usuly*

Sary ýakuty alyp, ony birnäçe gün pagtanyň arasynda goýmaly. Soňra mis okisini, sary kükürt, ýarym bölek deňiz daşyny we bir bölek sehir alyp, olary aýry-aýrylykda owratmaly. Olary gowy edip garyp, soňra bugardylan sirke goşmaly. Bir gap alyp, ýaňky emele gelen zat bilen onuň ähli ýerlerini suwamaly we kölegäniň aşagynda goýup, ony guratmaly. Ýakuty bolsa dürli zäherlerden ýasalan ergin bilen suwap, ony guratmaly we ýaňky gabyň içine goýmaly. Gabyň agzyny gowy edip toýun palçygy bilen suwap, ony küýzäniň içine goýmaly. Küýzäni bolsa otda gyzdyrmaly. Küýze gaty gyzmaz ýaly ody pessejik edip ýakmaly. Alty sagat geçenden soň, ýakutyň daşyna çalnan sirke bugarar. Ýakut gapdan çykarylanda, ol gyzyl reňkde bolar.

### *Ak zümerreti ýaşyl reňke boýamagyň usuly*

Ak zümerreti alyp, ony hem ýakut ýaly ýagşy arassalamaly. Soňra üç dirhem ownujak ak potaş, zanjar bir mysgal hek, bir dirhem aýna we zeýtun ýagynyň çökündüsini almaly we gowy owradyp, elekden geçirmeli. Soňra olary suwa ezip, bir gaba salmaly we gabyň agzyny suwap, ony kölegede goýup guratmaly. Soňra zümerreti üç sagatlap dürli zähleriň erginინde gaýnatmaly. Ondan soň ýarym dirhem owradylan we elekden geçirilen mis okisini haýsy hem bolsa bir ergin bilen garmaly we zümerret daşynyň daşyna sürtmeli we ony guratmaga goýmaly. Soň zümerreti ýaňky gaba salyp, onuň agzyny ýagşy edip toýun palçygy bilen suwamaly. Gabyň agzyna edilen suwag gurandan soň, ony ojaga goýup, ýarym gün ojaga gamyş salyp, pessejik ot ýakmaly. Ot ýarym gün ýanandan soň, zümerreti çykaryp görmeli we eger islenýän görnüşe gelmedik bolsa ýene-de oda salmaly.

### *Başga bir usul*

Bir bölek gowy hilli malahity alyp, ony ownujak edip bölеklemeli we agzy giň gaba salmaly. Soňra köp saklanan arassa zeýtun ýagyndan malahitden üç esse köp alyp, ony malahit bilen garmaly we on günläp çogly günüň aşagynda goýmaly. Soň zeýtun ýagyny süzüp alyp, başga gaba guýmaly we ak zümerreti hem gaba goýmaly. Eger zümerret ak däl-de garamtyl bolsa, onda gabyň daşyny nämedir bir zat bilen örtüp, täzelikde tezeklenen tezege gömüp, dört gün goýmaly. Dört günden soň zümerreti çykaryp görmeli. Eger ol ýaşyl reňke boýalmadyk bolsa, onda ony ýaňky gaba salyp, ýene-de dört gün tezege gömmeli. Megerem, bu gezek islenýän maksada ýetilse gerek.

### *Başga bir usul*

Bir bölek malahit, onuň dört essesi ýaly arassa zeýtun ýagyny we malahitiň iki essesi ýaly goýun ödüni alyp, malahidi ýagşy owradyp, olaryň ählisini bir aýna gaba salmaly we zümerreti-de bu gaba salyp, gabyň agzyny gapak bilen ýapyp, gabyň agzyny toýun palçyk bilen suwamaly. Soňra bir gijegündiz pessejik otda goýmaly. Eger gabyň içindäki ýag gaýnap, gabyň daşyna dökülse, şonça ýagy gaba guýmaly. Soň zümerreti gapdan çykaryp, ýagşy arassalamaly.

### *Garamtyl merjeni agartmagyň usuly*

Halap üljesiniň birnäçe şänigini alyp, onuň içinden maňzyny çykarmaly we un ýaly bolýança döwmeli. Soňra merjeni maňzyň ujuna garmaly we hamyr edip ýaňkylary hamyryň içine goýmaly hem-de ony tamdyrda bişirmeli. Haçanda bişen hamyr tamdyrdan çykarylyp, içi açylanda, ondaky merjeniň agarandygyny görmek bolar. Eger-de ol agarmadyk bolsa, tä agarýança soňky tejribäni gaýtalamaly. Soňra merjeni sadap we talyk ergininde ýagşy edip ýuwmaly. Şeýle edilse, merjen arassa suwuň öwüşgünine eýe bolar.

### *Merjene öwüşgün bermegiň usuly*

Göle etiniň ýagly ýerinden alyp, ony gowrup, ýagyny çykarmaly. Soňra bu etiň daşyna mata orap, ony bir gaba salmaly we üstünden gaýnag suw guýmaly. Etiň daşyna oralan matany sykanyňda, suw bilen bilelikde göle ýagy hem çykar. Ýaňky gaba islendik gymmatbaha daşy salyp, birnäçe gün goýsaň, daş öwüşgüne eýe bolar.

### *Hakygy agartmagyň usuly*

Injir we ýylgyn agaçlarynyň deň ölçegdäki külüni alyp, ony suw we duz bilen garmaly we gazana guýmaly. Gazany pessejik oduň üstünde goýup gyzdyrmaly. Gazan ýagşy gyzandan soň, gazandaky kül garylan suw goýy görnüşe geçer. Şol goýy maddany hakyga çalyp, ony otda gyzdyrsaň, hakyk jezyg[1] daşy ýaly ap-ak bolar.

### *Granide öwüşgün bermegiň usuly*

Ilki bilen granit daşyny ýagşy ýylma-maly. Soňra köp bolmadyk ölçegdäki kükürdi zeýtun ýagy bilen garmaly we granidy hem-de zeýtun ýagyny aýna gaba ýerleşdirip, gaby gapak bilen ýapmaly we gapak bilen gabyň birleşýän ýerlerini toýun palçyk bilen suwamaly. Ondan soň bu gaby iki gije-gündiz otda goýmaly. Haçanda granit gapdan çykarylanda, ol ýakut kimin öwüşgün atar.

### *Sary hakygy gyzyl reňke boýamagyň usuly*

Ilki bilen sary hakygy ýagşy ýylmamaly. Soňra bolsa zeýtun ýagyna kükürdi goşmaly we hakygy zeýtun ýagynyň içine atyp, tezekden ýakylan pessejik otda gyzdyrmaly. Birnäçe wagt otda gyzdyrylan sary hakyk gyzyl reňke geçer.

### *Hakyga ýazgy ýazmagyň we dürli suratlary çekmegiň usuly*

Az-owlak potaş bilen arça agajynyň ýapraklaryny alyp, olary aýry-aýrylykda sürme ýaly bolýança owratmaly. Soňra

---

[1] Jezyg - oniks

bolsa sirkä ýatyrmaly. Ondan soň olary garyp, emele gelen zat bilen hakyga ýazgy ýazyp ýa-da surat çekip, guratmaga goýmaly. Ojagy ýagşy gyzdyryp, hakygy otda goýmaly. Soňra ony otdan çykaryp sowatmaly we ýüzüne çalnan zatlardan arassalamaly. Ýazylan ýazgy ýa-da çekilen surat kümüş kimin öwüşgün atar. hakygyň özi bolsa gyzyl reňkde bolar.

### *Başga bir usul*

Deň ölçegdäki ak kükürdi we zanjary alyp, ýagşy owradyp, ýumurtganyň agyna ýatyrmaly. Soňra ony retortadan we alembikden geçirmeli we hakygyň ýüzüne ýazgy ýazmaly. Ýazgy gurandan soň hakygy gyzýança günüň aşagynda goýmaly we gurandan soň ony arassalamaly. Hakyga ýazylan ýazgy kümüş kimin öwüşgün atar.

## DÖRDÜNJI BAP

# BULLURLARY WE SYRÇALARY REŇKLEMEK HAKYNDA

### *Bullury reňke boýamagyň usuly*

Dag bulluryny alyp, ondan islän şekiliňi, ýagny ýüzügiň gaşyny we başga zatlary ýasamaly. Soňra ýasalan zady ýagşy ýylmamaly. Aýna, aýnadaş, hek we duzy hem-de ýarym bölek gurşun okisini deň ölçegde alyp, alnan zatlary her haýsyny aýry-aýrylykda owratmaly we eretmeli. Soň olaryň hemmesini garyp, olaryň üstüne suw guýmaly. Suw bilen ýaňkylary hamyr ýaly bolýança garmaly. Bulluryň daşyna bu hamyry çalmaly we toýundan ýasalan gabyň içinde goýmaly. Gabyň gapagy hem toýundan ýasalan bolsa has gowudyr. Eger bullury gyzyl reňke boýamakçy bolsaň, onda kümüşsöw öwüsýän marganesi alyp, ony arassa suwda sürtmeli we melhem (maz) ýaly bolýança dowam etmeli. Soňra arassa ýüň alyp, ýumşak marganesi oňa siňdirmeli we toýundan ýasalan gabyň diwarlaryna we gapagyna çalmaly. Gaby günüň aşagynda goýup guratmaly. Ondan soň bullurdan ýasalan zady gabyň diwarlaryna degirmän gaba salmaly we gaby bug bilen işleýän körüge goýup, onuň aşagyna gamyşdan pessejik ot ýakmaly. Bu tejribäni geçirmek üçin örän köp gamyş gerek bolar. Soň gaby otdan aý-

ryp, ol sowaýança garaşmaly. Gap sowandan soň, onuň içindäki bullury çykaryp görmeli. Megerem, ol granat ýaly gyzyl reňke geçen bolsa gerek. Eger islenilýän netijä gelinmedik bolsa, ýene-de gamyşdan ot ýakyp, bullurly gaby onuň üstünde goýmaly we bullur gyzyl reňki kabul edýänçä dowam etmeli.

### *Bullury ýaşyl reňke boýamagyň usuly*

Eger kimdir biri bullury ýaşyl reňke boýamak islese, onda Müsür misiniň okisini owradyp, ony suwda daşa sürtmeli. Soňra arassa ýüňi bu suwa batyryp, toýun gabyň içki diwarlaryna we gapagyna çalmaly. Galan zatlary bolsa ýokarda aýdyşymyz ýaly etmeli.

### *Bullury gök ýa-da asman reňke boýamagyň usuly*

Eger kimdir biri bullury gök ýa-da asman reňkine boýamak islese, goý, onda ol mis okisiniň gyryndysyny alyp, ony suwa garsyn. Bu mis okisine araplar «Habsu nuhhas» diýýärler. Mis okisiniň suwa garyp ýumşadandan soň, galan zatlary bullury gyzyl we ýaşyl reňklere boýalyşyndaky ýaly ýerine ýetirmeli.

### *Bullury gyzyl reňke boýamagyň usuly*

Marganesiň 10/1 bölegini, kuporosyň 3/1 bölegini, kinowaryň bir bölegini ýarym bölek gyzyl demir magdanyny we iki bölek aýna alyp, olary ownujak edip bölmeli we olaryň üstüne az-owlak duz goşmaly. Soňra biri-birine ýerleşýän iki sany toýun gap alyp, olaryň kiçisine ýaňky zatlary goýmaly we kiçi gaby uly gabyň içine ýerleşdirmeli. Olaryň aralygyny toýun palçyk bilen dolduryp, ertirden ikindine çenli otda goýmaly.

Bullury gapdan çykaranyňda, ol açyk gyzyl reňkde bolar we öwüşgün atar.

### *Bullury asman reňkine boýamagyň usuly*

Deň ölçegde nil, lazurit, bir bölek aýna we iki bölek hek alyp, olary ownujak edip böleklemeli we garmaly. Soňra olaryň üstüne suw guýup, hamyr ýaly bolýança ýugurmaly. Hamyry toýun gabyň içki diwarlaryna we gapagyna çalmaly. Galan zatlary öňki edişimiz ýaly edilse, goýlan maksada ýetiler.

### *Bullury ýaşyl reňke boýamagyň ýene bir usuly*

Bir ratl döwlüp elenen we arassalanan bullur, bir ratl sary mis, on üç karat owradylyp elenen mis okisi we ýedi karat owradylyp elekden geçirilen zanjary alyp, olary ýagşy garyp, siriýa küýzesine salmaly we küýzäniň daşyny toýun palçyk bilen suwap, küýzäni körüge goýmaly we onuň içindäki erär ýaly ot ýakmaly. Haçanda küýzäniň içindäki belli bir görnüşe gelenden soň, küýzäni otdan aýryp sowatmaly. Küýzäniň içindäki zat owadan ýaşyl bullura öwrüler.

### *Dürli reňkdäki syrçalary almagyň usuly*

Bullurdan we aýnadan deň ölçegde alyp, olary un ýaly bolýança owratmaly. Soňra onuň bir bölegini alyp, şol ölçegdäki belil bilen garmaly we bulluryň 4/1 bölegine deň bolan selitra goşmaly we olaryň hemmesini ýagşy garyp, demir gazana guýmaly. Gazanyň daşyny öňki edişimiz ýaly toýun palçyk bilen suwap, taganyň üstünde goýmaly we gazanyň aşagyna ot ýakmaly. Gazanyň içindäki ergin hala gelýänçä ot ýakmany

dowam etdirmeli. Soňra gazany otdan aýryp sowatmaly. Gazanda sary ýakut kimin syrça emele geler.

### *Ýaşyl syrçany almagyň usuly*

Eger kimdir biri ýaşyl syrça almakçy bolsa, onda ýokarda aýdyp geçişimiz ýaly belilä derek şol ölçegdäki gara gurşun alsyn we ony bir dirhem mis okisi bilen goşsun. Galan zatlary ýokarda aýdyşymyz ýaly etsin.

### *Gyzyl reňkli syrçany almagyň usuly*

Eger kimdir biri gyzyl syrça almakçy bolsa, onda ol ýokarda agzalan zatlaryň her bir ratlyna bir mysgal zäk goşsun. Şeýle edilende gyzyl syrça emele gelýär.

### *Gara reňkli syrçany almagyň usuly*

Eger kimdir biri gara syrça almakçy bolsa, onda ýokarda ady agzalan zatlaryň üstüne bir dirhem demir gyryndysyny goşsa, onda gara reňkdäki syrça emele geler.

### *Gök reňkdäki syrçany almagyň usuly*

Eger-de gök reňkdäki syrçany almak üçin ilki adyny agzan zatlaryň içindäki belil gurşun reňkli belil bolmaly we olaryň üstüne bir dirhem hytaý demriniň gyryndysyny goşmaly. Şeýle edilende, emele geljek syrça gök reňkde bolar.

## BÄŞINJI BAP

# SYRÇALARY DÜRLI REŇKLERE BOÝAMAK HAKYNDA

### *Syrçany sary reňke boýamagyň usuly*

Bir dirhem demir gyryndysyny, mis gyryndysyny, latun gyryndysyny, ownujak döwülen gurşuny we döwülen gyzyl myşýagy alyp, olary ýagşy garyp, ýiti sirkä ýatyrmaly. Soňra emele gelen zady syrçaly gabyň diwarlaryna çalmaly. Ondan soň bu gaby otda güýçli gyzdyrmaly. Gaby otdan aýranyňdan soň, ol sary reňke geçer.

### *Syrçany altyn reňke boýamagyň usuly*

Kubrus[1] misiniň gyryndysyny we şol ölçegdäki sary kükürdi alyp, olary ýagşy owratmaly. Soňra olary garyp, sirkä ýatyrmaly we syrçaly gabyň diwarlaryna sürtmeli. Gap gurandan soň ony otda gyzdyrmaly we sowandan soň, Mekge çägesi garylan bägül suwuna ýuwmaly. Şeýle edilse, öňde goýlan maksada ýetmek bolar.

---

[1] Kubrus – Kipr.

### *Syrçany gyzyl reňke boýamagyň usuly*

Sary myşýakdan we döwlen misden bir bölek alyp, olary demir susakda eretmeli. Soňra bu erginiň bir bölegini alyp, oňa şol ölçegdäki zanjary we markaziti garmaly. Olary gaýnadyp, sirkä ýatyrmaly. Emele gelen ergini syrçaly gaba sürtüp, otda gyzdyrmaly. Gap sowandan soň, syrça gyzyl reňkde bolar.

### *Syrçany ýaşyl reňke boýamagyň usuly*

Bäş bölek mis okisini, bir bölek malahit we bir bölek lazurit alyp, olary ýagşy owratmaly we sirkä ýatyrmaly. Soňra ony syrçaly gabyň diwarlaryna çalmaly we otda gyzdyrmaly. Bu gap otdan çykarylanda, ýaşyl reňkde bolar.

### *Syrçany kümüşsöw reňke boýamagyň usuly*

Gurşun belilini we kümüş okisini alyp, olary badranyň şepbigine ezmeli we üstüne sirke guýup, bir gije-gündiz goýmaly. Soňra ony syrçaly gaba çalyp, otda gyzdyrmaly. Netijede, syrça kümüşsöw reňke eýe bolar.

### *Syrçany altynsow reňke boýamagyň usuly*

Gyzyl demir magdanyndan, sary kuporos, kinowar we misiň kuporosyny alyp, olaryň üstüne ýarym bölek zanjar goşmaly. Soňra olary ýagşy garyp, sirkä ýatyrmaly we emele gelen zady syrçaly gaba çalmaly. Syrçaly gap otda gyzdyrylandan soň, ol islenen reňke eýe bolar.

### *Syrçaly gaby gök asman reňke boýamagyň usuly*

Mis kuporosyndan, gyzyl myşýakdan mis okisinden we zanjardan deň ölçegde alyp, olary ýagşy garmaly we ajy sirkä ýatyrmaly. Emele gelen zady syrçaly gaba çalmaly. Soňra gaby güýçli otda gyzdyrmaly. Gaby otdan çykaryp, üç-dört gezek Mekge çägesi garylan suwa ýuwmaly. Şeýle edilende, gök reňkli daş emele geler. Bu emele gelen gök daşy ýüzüge gaş salmak üçin hem ulansa bolar.

### *Syrçaly gaby asman reňke boýamagyň usuly*

Iki dirhem marganes, şol ölçegdäki kinowar, gyzyl myşýak, iki danik mis okisini 2,5 danik sary kükürt we bir dirhem köýdürilen kümüşi alyp, olary ýagşy garmaly we melhem ýaly bolýança sirkede ýatyrmaly. Soňra bu melhemi syrçaly gaba sürtmeli we gaby otda gyzdyrmaly. Otdan çykarylan gap islenilen reňkde bolar.

### *Syrçany ýakut reňke boýamagyň usuly*

Marganes, zanjar we sary kuporosdan bir dirhem, markazit we sary kükürtden iki danik alyp, olary ýagşy garmaly we bugardylan ajy sirkä ýatyrmaly. Soňra emele gelen zady gabyň diwarlaryna sürtüp, guraýança garaşmaly. Ondan soň gyzgyn körüge salyp, ýakut reňke geçýänçä otda saklamaly.

### *Syrçaly gaby pisse reňkine boýamagyň usuly*

Deň ölçegdäki aýna we malahit, ýarym bölek zanjar we altynyň okisini alyp, olary ýagşy garmaly. Soňra olary ajy sirkä ýatyryp, emele gelen zady syrçaly gabyň diwarlaryna sürtmeli

we otda gyzdyrmaly. Otdan çykarylan gabyň syrçasy pisse reňkde bolar.

### *Syrçaly gaby igde reňke boýamagyň usuly*

Deň ölçegdäki demir gyryndysyny, misi we şolaryň ýarysy ýaly gurşun okisini alyp, ownujak edip, ýagşy garmaly we ajy sirkä ýatyrmaly. Soňra emele gelen zady syrçaly gabyň diwaryna sürtüp, otda gyzdyrmaly. Eger Alla islese, islenilýän reňki alarsyň.

# ALTYNJY BAP

# GYMMATBAHA DAŞLARA SUW ÖWÜŞGÜNÜNI BERMEK HAKYNDA

### *Ýakut daşyna öwüşgün bermegiň usuly*

Ermeni buryny, kuporos erginini we mis kuporosyny alyp, hamyr ýaly bolýança ýagşy garmaly. Soňra ýakuty mata orap, bu hamyryň içine goýup, hamyryň daşyny toýnuň palçygy bilen suwamaly we guratmak üçin günüň aşagynda goýmaly. Ondan soň körükde pessejik ot ýakmaly. Ot öçmeziniň öň ýany ýakutly hamyry oduň üstünde goýmaly. Ot öçenden soň, hamyr sowaýança garaşmaly we daşy döwüp, içindäki ýakuty çykarmaly. Ýakut owadan bolar we öwüşgün atar.

### *Hakyga öwüşgün bermegiň usuly*

Deri bölegini alyp, onuň üstüne demir saply pyçak, bürünç kepegini we hakygy goýmaly. Soňra pyçagy otda gyzdyryp, hakygyň üstünde goýmaly we derini iki epläp ýapmaly. Ondan soň derini yssy ýerde goýmaly we onuň üstüni örtmeli. Derini yssy ýerden çykarmaly we hakyk sowar ýaly birnäçe wagt meýdanda goýmaly. Hakyk sowandan soň, suw öwüşgünine eýe bolar.

### *Pöwrize daşyna öwüşgün bermegiň usuly*

Ösümlik ýagyny we syçratgynyň şerbetini garyp, demir gazana guýmaly we gaýnatmaly. Gazandaky bugaryp ýarpy bolanda, onuň içine pöwrize daşyny goýup, ýene-de gaýnatmaly. Soňra pöwrize daşyny sowuk suwuň içine taşlamaly we birnäçe gün şeýle halda goýmaly. Pöwrize suwdan çykarylanda, aý kimin öwüşgün atar.

### *Zümerret daşyna öwüşgün bermegiň usuly*

Ilki bilen zümerret ýylmanak bolar ýaly Mekgäniň ýumşak misine sürtmeli. Soňra Merýem[1] daşyny alyp, ony hem ýumşan mise sürtmeli. Ondan soň zümerreti suwda goýup, soňra bolsa bu daşa sürtmeli. Netijede zümerret arassalanar we öwüşgün atar.

### *Lagl daşyna öwüşgün bermegiň usuly*

Bir bölek deri almaly we merjeni sürme ýaly owradyp, deriniň üstüne guýmaly. Soňra lagly hem bu deriniň içine goýup, derini epläp, daşyny toýun palçyk bilen suwamaly we körüge salyp, birnäçe wagt otda goýmaly. Ondan soň ony otdan çykaryp sowatmaly we derini açmaly. Deriden çykarylan lagl aý kimin öwüşgün atar.

---

[1] Çeşmeleriň köpüsinde Merem daşy ýatlanýar. Emma onuň nähili daşdygyny bilýän ýok.

### *Kahruba[1] daşyna öwüşgün bermegiň usuly*

Kahrubany gyzgyn suw bilen ýagşy ýuwup, sandaragyň ýagynda gaýnatmaly. Netijede, Kahruba öwüşgüne eýe bolar.

### *Granit daşyna öwüşgün bermegiň usuly*

Granit daşyny alyp, ony ýagşy ýylmamaly. Soňra zeýtun ýagyny we az mukdardaky kükürt bilen garmaly we aýna gaba guýup, granidi-de bu gaba goýmaly. Tezek bilen saçy hamyr ýaly bolýança ýugrup, aýna gabyň agzyny suwamaly we gaby pessejik otda goýup, iki günläp gaýnatmaly. Ondan soň gaby otdan aýryp, granidi gapdan çykarmaly we ýagşy arassalamaly. Arassalanan granit aý kimin öwüşgün atar. Ondan islän zadyňy ýasap bolar. Ähli zatlar diňe Beýik Allatagala aýandyr.

---

[1] Kahruba -ýantar

## ÝEDINJI BAP

# DÜRLI ÝITI WE KESGIR ÝARAGLARY TAPLAMAGYŇ WE ÝYLMAMAK HAKYNDA

### *Gylyjy taplamagyň usuly*

Eger kimdir biri gylyjyň kesgir we ýiti bolmagyny we uran zadyny bölek-bölek edip taşlamagyny islese, onda goýnuň ödi bilen eşegiň peşewini garsyn we gylyjy şonda taplasyn. Şeýle edilse, gylyç örän ýiti we kesgir bolar. Hiç bir zat ony küteldip bilmez.

### *Gylyja gyzyl öwüşgün bermegiň usuly*

Eger kimdir biri gylyjyň gyzyl öwüşgün bermegini islese, onda bir mysgal mis kuporosyny ýaşyl kuporosyň şiresi bilen garsyn. Soňra gylyjy ýagşy ýylmap, onuň uzynlygyndaky deri bölegini alsyn we derini ýokarda agzalan şirä ezip, gylyjy derä orasyn. Derini bir gije-gündiz samana gömüp goýsyn. Gylyç deriden çykarylanda, ol gyzyl öwüşgüne eýe bolar. Ähli syrlar diňe Beýik Allatagala aýandyr.

### *Gylyja sary öwüşgün bermegiň usuly*

Eger kimdir biri gylyjynyň altyn kimin sary öwüşgün bermegini we görenleriň haýran bolmagyny islese, onda bir mysgal mis kuporosyny alyp, ony suwa garsyn. Soňra gylyjy ýagşy ýylmap, ýaňky suwa öllenen mata dolasyn we üstüne agyr zat goýup, bir gije-gündiz şeýle ýagdaýda saklasyn. Gylyç matadan çykarylanda, sary öwüşgün berer.

### *Gylyjy taplap, oňa ýaşyl öwüşgün bermegiň usuly*

Eger kimdir biri gylyjyny taplap, deňi-taýy bolmadyk gylyç etmek islese, onda ýaşyl soganyň şiresini, syçratgynyň şiresini we ak kuporosyň erginini garyp, emele gelen zady ýaşyl mata siňdirmeli. Soňra gylyjy ýylmap, kuporos erginine sokmaly. Ondan soň gylyjy ýene-de ýylmap, ýokarda agzalan ýaşyl mata oramaly we bir gije-gündiz ýumşak ýere gömüp goýmaly. Gylyç ýerden çykarylandan soň, ýaşyl sogan ýaly ýaşyl reňkde bolar. Beýle ajaýyp we geň gylyjy entek görenler azdyr.

### *Ýiti gylyjy taplamagyň usuly*

Eger kimdir biri gylyjynyň ýiti we kesgir bolup, salan ýarasynyň uzak wagtlap bitmezligini ýa-da ýara düşen adamyň ölmegini islese, onda ilki bilen gatyryň ganyny alyp, ony ýaşyl soganyň şiresine garsyn. Soňra gylyjy otda gyzdyryp, ýüpek matany taýýarlanan şirä batyryp, gylyja sürtüp, gylyjy ýagşy taplasyn. Gylyjy taplamagyň ussatlygynyň ähli şertleri doly ýerine ýetirilse, ýitilikde bu gylyjyň deňi-taýy bolmaz.

### *Pyçagy taplamagyň usuly*

Eger kimdir biri pyçagy ýitilemek we kesgir etmek islese, onda ilki bilen pyçagy gyzdyrsyn. Soňra kuporosyň erginine ýüpek matany batyryp, pyçagy taplasyn. Taplanan pyçak ýiti we kesgir bolar.

### *Başga bir usul*

Eger kimdir biri pyçagynyň magnit ýaly demiri özüne çekmegini islese, onda magnidi alyp, ony otda gyzdyrsyn. Magnit köz ýaly bolandan soň, ony iki taýajyk bilen tutup, suwly gaba taşlasyn. Soňra pyçagy hem otda gyzdyryp, magnitli suwda taplasyn. Şondan soň pyçak demirleriň ähli görnüşlerini özüne çeker.

### *Naýzany ýa-da sançgyny taplamagyň usuly*

Eger kimdir biri naýzanyň ýa-da sançgynyň urguda adamyň bedenine çuň çümmegini islese, onda eşegiň peşewini gyzgyn kuporosa garsyn. Soňra naýzany ýa-da sançgyny otda gyzdyryp, ýaňky taýýarlanan ergine batyrsyn. Bu naýzanyň ýa-da sançgynyň salan ýarasy hiç bitmez.

### *Naýzanyň ujuny taplamagyň usuly*

Eger kimdir biri naýzany taplap, onuň salan ýarasynyň ölüm ýarasy bolmagyny islese, onda arynyň öýjügini alyp, ony ýaksyn we külüni eşegiň ganyna we suwa goşup gaýnatsyn. Naýzanyň ujuny bu ergine batyryp taplanandan soň, bu naýzany ulansa odan ýaralanan adamyň dessine ýüzi garalar we uzak wagt geçmän öler.

### *Ýaýyň okunyň ujuny taplamagyň usuly*

Ýaýyň okunyň ujuny taplamak üçin bir demir bölejigini alyp, okuň ujuny oňa birikdirmeli we ýanyp duran körüge salyp gyzdyrmaly. Soňra okuň ujunyň diňe özüni ýanyp duran oduň üstünde goýup, köz ýaly gyzarýança saklamaly. Ok ýagşy gyzarandan soň, ony suwly gaba oklamaly. Şeýle edilse ok ýiti bolar. Eger onuň atylan nyşanadan parran geçmegini ýa-da zäherli edilip, adamy dessine öldürmegini isleseň, onda eşegiň toýnagyny ýakyp, ony suwa garmaly we naýzanyň ujuny bu suwa sokup taplamaly. Şeýle edilse, gowy netije berer.

### *Söweşde ulanylýan paltanyň ýa-da aýpaltany taplamagyň usuly*

Eger kimdir biri paltanyň ýa-da aýpaltanyň uzak kütelmezligini islese, onda ilki bilen olary gyzyl kuporosyň ergini bilen taplasyn. Soňra harzöhräniň[1] ýapragyny alyp, bölekläp mis bölegine sürtmeli. Ondan soň paltany, aýpaltany ýa-da pyçagy bu mis böleginde ýiteltseň, ol uzak wagt kütelmez.

### *Başga bir usul*

Eger kimdir biri paltany ýa-da aýpaltany taplap, onuň adama salan ýarasynyň uzak bitmezligini islese, onda eşegiň süýdüni alsyn we paltany ýa-da aýpaltany otda gyzdyrsyn. Soňra eşegiň süýdüne ýüpek matany ezip, paltany ýa-da aýpaltany taplamaly. Şeýle edilse ol örän ýiti bolar we ölüm howply ýara salar.

---

[1] Harzöhre - oleandr

### *Islendik tygy taplamagyň usuly*

Eger kimdir biri tyg bilen ýara salyp, bu ýaranyň bitmesiniň uzaga çekmegini islese, onda adamyň peşewini, itiň ganyny we ýaşyl soganyň şiresini garyp, köne pagta siňdirsin. Soňra tygy otda gyzdyryp, ýaňky pagta orasyn we üç günläp täze tezege gömüp goýsyn. Üç gün geçenden soň, tygy tezekden çykaryp ulanybersin. Ýokardaky aýdylan zatlar dogry we doly ýerine ýetirilse maksada ýetiler.

### *Pyçagyň, tygyň we başga zatlaryň poslamazlygy üçin taplamagyň usuly*

Beliläni bägülüň ýagy bilen sürtüp, soňra pyçaga, tyga ýa-da başga zatlara çalynsa, ol hiç haçan poslamaz.

Eger demirden ýasalan zatlara möjegiň içýagy çalynsa, bu demir hem hiç poslamaz.

Ýene bir we esasy usullaryň biri: galaýyny ýaga garyp, ony çalgy daşyna sürtseň we pyçakdyr tygy bu daşda çalsaň, ol pyçak ýa-da tyg hiç haçan poslamaz we hemişe arassa durar.

## SEKIZINJI BAP

# DÜRLI SENETLER HAKYNDA

### *Bagdadyň altynsow derisini eýlemegiň usuly*

Eýlenen derini alyp, oňa balyk ýagyny çalmaly we onuň üstüne mynjyradylan galaýyny goýmaly. Soňra belli bir ölçegdäki zagpyrany alyp, onuň üstüne az-kem suw guýmaly we gün şöhlesiniň aşagynda goýup berkleşdirmeli. Soňra bolsa emele gelen zady derä çalmaly we ýene-de gün şöhlesiniň aşagynda goýmaly. Belli wagt geçenden soň, deriniň reňki islenilişi ýaly bolar.

### *Horasan derisini eýlemegiň usuly*

Ýagşy anzarutdan[1] alyp, ony ownujak bölejiklere bölmeli we öküziň ödi bilen garmaly. Soňra onuň üstüne zagpyran erginini we arap şepbiginden ýasalan ergini goşmaly. Ondan soň islendik derini alyp, ýokardaky ergini iki-üç gezek deriniň ýüzüne çalmaly we deriniň üstüne galaýy bölejigini goýmaly. Galaýy deri ýagşy eýlenmegi we reňki kabul etmegi üçin gerekdir. Zagpyran bilen ýagy garyp, derä çalmaly we derini gün şöhle-

[1] Anzarut – sarhokolin.

siniň aşagynda goýmaly. Birnäçe wagt geçenden soň, deri islenilişi ýaly bolar.

### *Altynsow reňkli derini reňklemegiň we eýlemegiň usuly*

Çakjagunduz we kurtum[1] ýagyny bir aýna gaba salyp, daşyny toýun palçygy bilen suwamaly. Soňra owradylan sary sandaragy we on sitir[2] mastikany guýmaly. Gaby oduň üstünde goýup, içindäkiler goýalýança bulap durmaly. Ondan soň on dirhem zagpyran bilen üç dirhem kinowary ýagşy owradyp, bulary hem gabyň içine guýmaly. Olar gapdaky ýag bilen garyşyp, ýagşy reňke gelenden soň, gaby otdan aýryp, içindäki ýagyň çöküşerine garaşmaly. Çökündi emele gelenden soň, gapdaky ýagyň ýüzünden alyp, derä çalmaly we günüň aşagynda guratmaga goýmaly. Deri gurandan soň, altynsow öwüşgün berer.

### *Egin-eşikler ýagyşdan, gardan, tozandan we suwdan goraýan ýagy ýasamagyň usuly*

Çakjagunduzyň tohumyny alyp, onuň gabygyny aýyrmaly we melhem ýaly bolýança daşa sürtmeli. Soňra melhemi daş gaba goýup, üstüne suw guýmaly we pessejik oduň üstünde gaýnatmaly. Suw gaýnandan soň, ýag suwuň ýüzüne ýygnanar. Ýagy süzüp alyp, arassalamaly we onuň 3/1 bölegini bir bölek ýunan hozunyň ýagy bilen goşmaly. Ýagyň ölçegindäki ak sandaragy we ýagyň ýarym ölçegindäki mastikany ownujak bölüp, ýaga garmaly we gaba guýup, pessejik oduň üstünde goýmaly. Ýaga goşulan sandarak we mastika eränden soň, bu ýagy egin-

---

[1] Saflor – kurtum.
[2] Sitir – 75 g deň bolan ölçeg birligi.

eşige çalyp guratmaly. Şondan soň bu egin-eşik suwa öllenmez we ýagyşdyr gardan zaýalanmaz.

### *Bagdat galamyny ýasamagyň usuly*

Gazar palçygyny alyp, ony goýnuň özi bilen garmaly we guratmaly. Soňra oda sary kükürt oklap, galam garalýança onuň tüssesine tutmaly. Ondan soň galamy az wagt mata bölejigine orap goýmaly. Şondan soň galamda ýazmak bolar.

### *Aýna we daş gap-gaçlary ýelmemek üçin ýelim ýasamagyň usuly*

Demir bölejigini alyp, ony ownujak edip böleklemeli we soka guýup, ýumurtganyň agy bilen garmaly. Ondan soň sokudaky zatlar melhem ýaly bolýança döwmeli. Emele gelen melhem bilen gap-gajy ýelmeseň berk bolar. Eger aýna gaby abatlamak isleseň, onda ýumurtganyň agyna derek süýt goşmaly. Şeýle edilse has nepis bolar.

### *Mişini[1] gyzyl reňke boýamagyň usuly*

Bäş sitir potaş, bäş sitir çöpboýany alyp, 1,5 mann suwda tä reňk çykýança gaýnatmaly. Ondan soň zagpyrana şeker garyp, mişiniň ýüzüne çalmaly. Muny birnäçe gezek gaýtalandan soň, mişi nar gülüniň reňkine geçer.

[1] Mişi – safýan.

## *Mişini ak reňke boýamagyň usuly*

Bäş sitir zenjebil ýapragyny we nil boýagyny, iki danik agaç şepbigini, bir danik deňiz köpürjügini almaly we olaryň her haýsysyny aýry-aýrylykda böleklemeli. Soňra olary garyp, şeker suwuny goşmaly we mişä çalmaly. Ondan soň mişäniň ýüzüne hek sürtmeli. Şeýle edilende, ol ak reňke geçer.

## *Mişäni gara reňke boýamagyň usuly*

On iki sitir hurma şänigini, bäş sitir nar gabygyny, bäş halyla[1], bir sitir demir gyryndysyny we arap şepbigini almaly we olaryň üstüne bir mann sirke goşup, günüň aşagynda ýa-da ojakda goýup guratmaly. Emele gelen zady mişäniň ýüzüne çalynsa, ol gara reňke geçer.

## *Mişeden reňki aýyrmagyň usuly*

Turşy şetdalyny suwda ezip, soňra mişäniň ýüzüne çalmaly we bir gije-gündiz goýmaly. Soňra ony turp şiresine ýuwmaly. Eger Beýik Alla islese, mişe siziň isleýşiňiz ýaly bolar.

[1] Halyly - mirobalan

## DOKUZYNJY BAP

# REŇKLERI GARMAK HAKYNDA

### *Dürli reňkleri garmagyň usuly*

Bilgin, kagyza ýazmak üçin niýetlenen reňklere arap şepbigini goşmaly. Eger agaçdan ýasalan zatlary reňklemek isleseň, onda reňk ýasalanda ýumurtganyň sarysyny goşmaly. Şeýle edilende, reňk uzak saklanar we öwüşgün berer. Matalar reňklenende bolsa, reňke suwa garylan gany goşmaly. Indi bolsa bu senedi öwrenýänleriň işini ýeňletmek üçin her haýsysyny aýry-aýrylykda açyklap geçeliň.

### *Zanjardan reňk ýasamagyň usuly*

Zanjaryň üstüne sirkäni goşup, sürme ýaly bolýança owratmaly we onuň üstüne arap şepbiginden ýasalan şiresini hem-de az-owlak zagpyran şiresini goşmaly. Şeýle edilse açyk öwüşgün atýan reňk berer. Eger-de owadan ýaşyl reňk almak isleseň, onda zagpyrandan köpräk goşmaly.

## *Kinowar garyp reňk ýasamagyň usuly*

Kinowary alyp, ony sürme ýaly bolýança owratmaly we ýagşy edip suw bilen ýuwmaly. Ony şeýle ýuwmaly: bir gaby püre-pür bolýança suwdan dolduryp, kinowary onuň içine salmaly we nämedir bir zat bilen bulamaly. Soňra reňk çökenden soň, gabyň suwuny döküp, ýene-de suw guýmaly we ýaňky hereketi gaýtalamaly. Kinowary iki-üç gezek ýuwandan soň, ony tozandan we hapadan gorap saklamaly. Ondan soň guratmaly we ýagşy owradyp, arap şepbiginiň şiresini goşmaly we goýalýança bulamaly. Eger reňk surat çekmek üçin ulanylmaly bolsa, onda goýy etmeli. Eger ol galam üçin ulanylmaly bolsa, onda reňk suwuk bolmaly. Sebäbi suwuk reňkde ýazmak aňsat bolýar.

## *Lazuritden goşup reňk ýasamagyň usuly*

Laziridi sürme ýaly owradyp, onuň üstüne sirke we arap şepbiginiň şiresini garmaly. Haçanda ol goýalandan soň ulanybermeli. Lazuridi hem kinowar ýaly ýuwmaly. Ýuwlup taýýarlanan reňkler arassa bolar we öwüşgün atar. Emma ýuwulmadyk reňk tutuksy bolýar.

## *Myşýak garyp reňk ýasamagyň usuly*

Eger kimdir biri myşýakdan sary reňk almak islese, onda myşýagy soka salyp, suw guýsun we ýagşy döwsün. Soňra onuň üstüne arap şepbiginiň şiresini goşsyn. Şeýle edilende, reňk öwüşgün berer. Eger sary reňkiň gyzyl öwüşün bermegini

islese, onda myşýaçgy sokuda gury ýagdaýda döwmeli. Myşýak näçe gury bolsa ol şonça-da gyzyl öwüşgün berer.

### *Belileden reňk ýasamagyň usuly*

Beliläni suwda ezip, soňra mata bilen ulanmakçy bolsaň, onda ýumurtganyň agyny, eger-de kagyza ýazmak üçin ulanmakçy bolsaň, arap şepbiginiň şiresini goşmaly.

### *Gök (asman) reňki ýasamagyň usuly*

Eger kimdir biri gök reňkiň açyk, ýagny asman reňkde bolmagyny islese, onda nil boýagy bilen beliläni garsyn. Eger asman reňkiň has gök bolmagyny islese, onda beliläni lazurit bilen garsyn. Şeýle edilse has gowy bolar.

### *Adamyň bedeniniň reňkini almagyň usuly*

Eger kimdir biri adamyň bedeniniň reňkini almak islese onda surik bilen beliläni garyp, üstüne arap şepbiginiň şiresini we ýumurtganyň agyny goşsun. Şondan soň bu reňki islän zadyna ulanyp biler.

### *Kerpiç reňkini almagyň usuly*

Eger kimdir biri kerpiç reňkini ýasamak islese, onda kinowary, beliläni, arap şepbiginiň şiresini we ýumurtganyň agyny garsyn. Ýaňky zatlar ýagşy garyşandan soň, owadan we ýagty (açyk) reňk emele geler

### *Bägül reňki ýasamagyň usuly*

Bägül reňki ýasamak üçin gyzyl reňki, beliläni arap şepbiginiň şiresi we ýumurtganyň agyny ýagşy garmaly we şondan soň ulanmaly.

### *Açyk ýaşyl reňki ýasamagyň usuly*

Eger kimdir biri açyk ýaşyl reňki ýasamakçy bolsa, onda zanjary, beliläni arap şepbiginiň şiresinde garmaly. Şeýle edilende, açyk ýaşyl we örän owadan reňk emele geler.

### *Mämişi reňki ýasamagyň usuly*

Mämişi reňki ýasamak üçin kinowar, lazurit we gyzyl reňki alyp, ýagşy garmaly. Soňra bolsa onuň üstüne arap şepbiginiň şiresini ýa-da ýumurtganyň agyny goşmaly. Şeýle edilende owadan mämişi reňk emele gelýär.

* * *

Esasan reňkleri biri-birine garmak üçin işras agajynyň şiresi ulanylýar. Köplenç ilki işrasyň şiresi, onuň üstünden bolsa garmak islenilýän reňk guýulýar. Meselem: gök reňki almak üçin ilki işras şiresi, onuň üstüne bolsa lazurit we belile goşulýar.

* * *

Eger kimdir biri gyzyl myşýagy we nil boýagyny arap şepbiginiň şiresinde ýa-da ýumurtganyň agynda ýagşy garsa, onda düýbünden başga reňk emele gelýär.

* * *

Her bir reňkiň belli bir öwüşgüni bardyr. Meselem: ýaşyl-sary reňke sary myşýak goşulan ýagdaýynda ol gök öwüşgün berýär. Asman reňkdäki öwüşgüni berdirmek üçin lazurit, bägül reňkli öwüşgün bermek üçin bolsa belile ulanylýar.

### *Surat çekmegiň usuly*

Ilki galam bilen suratyň özüni çekmeli. Soňra onuň ýerligini reňklemeli. Ondan soňra galam bilen çekilen surata reňk bermeli. Iň soňunda-da surata öwüşgün bermeli.

Ynha biz suratkeşleriň, kätipleriň we galam eýeleriniň işini ýeňletmek üçin birnäçe peýdaly maslahatlary berdik. Bu maslahatlar köpleriň işini ýeňleder we peýda getirer diýip umyt edýäris.

### *Saç boýamak üçin ulanylýan boýaglar*

Eger şu boýag bilen saç boýalan ýagdaýda ol gara reňke geçer we öwüşgün atar. Bu boýag aşakdaky zatlardan ýasalýar:

Bir bölek hna, birnäçe nil boýagynyň ýapraklary, bir bölek mis gyryndysy, zäk, daş duzy gowrulan boýag hozy we demir gyryndysy. Olary ýagşy döwüp, soňra sirkä ýatyrmaly we bir gije-gündiz şeýle ýagdaýda goýmaly. Şondan soňra ony ulanmak bolar.

### *Başga bir usul*

Bu usul barlanyp görlen usuldyr. Ony ýasamak üçin deň ölçegde hna, nil boýagynyň ýapraklaryny, gurşun okisini, ýarym ölçeg hek, gowrulan boýag hozuny mis gyryndysyny,

zäk, saç ýuwmak üçin palçyk, katyra[1] we karanfuly alyp, ýagşy döwmeli we soňra sirkä ýatyrmaly. Boýag taýar bolandan soň, ony saça çalyp, üç sagat şeýle ýagdaýda goýmaly. Ähli zatlar diňe Beýik Alla aýandyr.

[1] Katyra - adragant

## ONUNJY BAP

# TUŞ BILEN SYÝANY GARMAGYK WE KÄTIPLERIŇ HÖKMAN BILMELI ZATLARY HAKYNDA

### *Tuşy garmagyň usuly*

Ak boýag hozuny alyp, ony ownujak böleklere bölmeli we ony bir gaba guýmaly. Gaba üç ratl suw guýup, pessejik ýanyp duran oduň üstünde goýmaly we suwuň ýarysy galýança gaýnatmaly. Soňra gapdaky suwy süzüp, sowatmaga goýmaly. Ondan soňra tuş garalýança gyzyl kuporos goşmaly. Tuşa öwüşgün bermek üçn bolsa her bir ratl suwa bir dirhem arap şepbigini goşmaly.

### *Başga bir usul*

Islendik ölçegdäki boýag hozuny alyp, onuň üstüne sekiz essesi ýaly suw guýmaly we pessejik ýanyp duran oduň üstünde goýup gaýnatmaly. Haçanda suwuň 4/1 bölegi galanda, gazany otdan aýyrmaly. Soňra gazandaky suwy süzüp, suwa gyzyl we sary kuporos goşmaly we gün şöhlesiniň aşagynda goýmaly. Şeýle edilende öňde goýlan maksada ýetiler. Eger

tuşuň öwüşgün bermegini isleseň, onda oňa arap şepbigini goşmaly.

### *Ýene bir usul*

Eger kimdir biri tiz wagtyň içinde tuş ýasamak islese, onda bäş sitir boýag hozuny alyp, ownujak edip bölsin. Soňra bäş dirhem gyzyl kuporosyň gyryndysyny goşup, onuň üstüne bir ratl gaýnag suw guýsun. Emele gelen zady hasa bilen süzüp, şol wagtyň özünde ulanybersin.

### *Syýa ýasamagyň usuly*

Eger kimdir biri bir sitir boýag hozundan bir man syýa almak islese, onda goý, ol bir sitir marena we arap şepbigini alyp, olary dört man suwa garsyn. Soňra ony süzüp, bir sitir ýakylan boýag hozuny goşsun. Ondan soňra otda gyzdyrmaly we sowandan soňra ulanybersin.

### *Krahmal tuşuny almagyň usuly*

Belli bir ölçegdäki bugdaý alyp, ony mis gazana salmaly we pessejik ýanyp duran oduň üstünde goýmaly. Bugdaý garalandan soňra gazany otdan aýyrmaly. Gazandaky bugdaý ýanyp gitmez ýaly oňa seredip durmaly. Soňra bugdaýy tozan ýaly bolýança owratmaly we onuň üstüne boýag hozundan ýasalan ergini guýmaly we gaýnatmaly. Ondan soňra hasa bilen süzüp, az-owlak kuporos goşmaly we ulanybermeli.

### *Syýa almagyň ýene bir usuly*

Nebit çyrasynyň gurumyny alyp, oňa arap şepbiginiň şiresini goşmaly. Emma ol goýy hem bolmaly däl, gaty suwuk hem bolmaly däl. Soňra onuň üstüne şeker, duz, bägül suwuny we az-owlak zagpyran goşmaly we ýagşy garmaly. Emele gelen zady syýadana guýup, islän wagtyň ulanybermeli.

### *Hindi syýasy*

Bir bölek şepbikli sosna agajyny alyp, ony oduň üstüne goýmaly. Onuň ýokarsynda bolsa ýanan sosna agajynyň şepbiginiň gurumy ýygnalar ýaly demir gap goýmaly. Agaç ýanyp bolandan soňra, demir gaba ýygnalan gurumy ýygnamaly we soky daşyna salyp döwmeli. Soky daşyň içindäki gurum melhem ýaly bolandan soňra, ony günüň aşagynda goýup guratmaly. Ol gurandan soňra, isleýşiň ýaly ulanmak bolar.

### *Altyn reňkli syýany ýasamagyň usuly*

On dirhem galaýyny alyp, ony gazanyň içine goýmaly. Soňra onuň üstüne bir ratl suw guýup, pessejik oduň üstünde goýup, içindäki suw galaýynyň reňkine geçýänçä gaýnatmaly. Soňra suwy süzüp, oňa üç dirhem zagpyranyň köküni goşmaly we ýene gaýnatmaly. Soňra ýene-de suwy süzüp, iki dirhem arap şepbigini goşmaly. Suw sowandan soňra, altyn reňkli syýa mele gelýär we ulanmaga doly taýýar bolýar.

### *Pars syýasyny garmagyň usuly*

Nas kädini alyp, ony ownujak edip bölmeli we ýumurtganyň agyny goşmaly. Soňra günüň aşagynda goýup guratmaly.

Ondan soňra onuň her bir manyna on dirhem arap şepbigini goşmaly. Emele gelen zady boýag hozunyň erginінde ezip, syýadana guýup ulanybermeli.

### *Başga bir usuly*

Bu usul syýanyň ýasalyşyna meňzeş usul. Syýany alyp, onuň her bir manyna on dirhem arap şepbigini, sekiz dirhem döwülen boýag hozuny we bäş dirhem ýakylan kagyzy goşup, olaryň barysyny ýagşy edip sokuda döwmeli. Soňra onuň üstüne ýumurtganyň agyny goşmaly we ulanybermeli.

* * *

Eger kimdir biri syýanyň üstüne siňegiň gonmazlygyny islese, onda goý, ol syýa öküziň ödüni goşsun.

* * *

Eger kimdir biri ýazgyly kagyza suw degende, kagyzyň zaýalanmazlygyny we ýazgynyň pozulmazlygyny islese, onda Ýemen zägini alyp, ony ýagşy owradyp, süýde goşsun we ýazmakçy bolýan kagyzyna çalsyn. Kagyz gurandan soňra, oňa islän ýazgysyny ýazsyn. Bu kagyz suwuň içine gaçan ýagdaýynda-da zaýalanmaz.

### *Kagyza ýagşy görnüş bermegiň usuly*

Eger kimdir biri kagyzyň görnüşini has gowulamak islese, onda bişen bürünji (tüwi) alyp, ony mis gazanda gaýnatsyn. Gazandaky suw gutarandan soňra, ýene-de suw guýup täzeden

gaýnatmaly. Soňra suwy mata bilen süzüp, suwy kagyzyň ýüzüne çalmaly. Kagyz gurandan soňra, has gowy görnüşe geçer.

Eger-de kagyzy ýagşy görnüşe getirmek üçin katyra ýa-da krahmal ulanylsa hem dogry bolar.

* * *

Eger kimdir biri ýagşy hilli kagyzyň syçanlara huruş bolmazlygyny islese, onda ýokarda ady agzalan zatlara ýabany garpyzyň şiresini goşsun. Beýik Alla ýardamçy bolsa ähli işler ýeňilleşer.

## ON BIRINJI BAP

# KAGYZDAKY ÝAZGYLARY ÝA-DA ÝITIRILEN ÝAZGYLARY ÝÜZE ÇYKARMAK HAKYNDA

Eger kimdir biri ýazgynyň görünmezligini islese, onda belile bilen arap şepbigini garyp, ony kagyza sürtsün. Kagyz guranda onuň ýüzündäki ýazgy ýiter.

* * *

Eger kimdir biri deň ölçegdäki ak kuporosy we turp şiresini alyp, ýagşy garyp, soňra ony sirkä ýatyryp, guradyp, ondan soňra ýene-de sirkä ýatyryp, hatly kagyzyň ýüzüne çalsa, onda kagyzyň ýüzündäki ýazgy ýiter.

* * *

Eger kimdir biri kepderiniň ganyny peşewe garyp hat ýazsa, bu haty diňe öl wagty okap bolar. Ol gurandan soň, hat ýiter.

* * *

Syýa az-owlak pyşbaganyň ödüni goşup, ýazgy ýazsaň, onda bu haty diňe gije ýa-da garaňky ýerde okap bolar.

Zäk bilen ýazylan hat hem şeýle bolar.

* * *

Eger kimdir biri ýazgyny diňe oduň üstüne tutulanda okap bolar ýaly edilmegini islese, onda naşatyr ergini bilen ýazsyn. Naşatyr bilen ýazylan ýazgy gurandan soň ýiter. Eger-de haty oduň üstüne tutsaň, gara ýazgy peýda bolar.

* * *

Eger kimdir biri şeýle ýazgynyň gyzyl reňkde bolmagyny islese, onda hat ýazynda narinj[1] bilen ýazyp, haty guratsyn. Hat gurandan soň, ýazgy ýiter. Ony oduň üstüne tutulanda, hat gyzyl reňkde bolar.

Eger şeýle hatyň sary reňkde bolmagyny isleseň, onda balyk ýagyny üç günläp günüň aşagynda goýup, soňra onuň bilen hat ýazmaly we ýene-de gün şöhlesiniň aşagynda goýmaly. Az wagtdan kagyzyň ýüzünde altyn reňkli hat peýda bolar.

Eger şeýle hatyň ýaşyl reňkde bolmagyny isleseň, onda haty soganyň şiresi bilen ýazyp guratmaly. Kagyz oduň üstüne tutulanda, ýaşyl reňkli hat peýda bolar.

* * *

Eger kimdir biri goýnuň süýdi bilen hat ýazyp, gurandan soň oduň üstüne tutsa, sary reňkli hat peýda bolar.

---

[1] Narinj - pomeranes

* * *

Eger kimdir biri ýazylan hatyň suwa salnanda peýda bolmagyny islese, onda boýag hozunyň suwy bilen hat ýazyp, gurandan soň ony kuporosyň suwly erginine sokmaly. Şeýle edilende, kagyzyň ýüzünde gara ýazgy peýda bolar.

* * *

Eger kimdir biri ýazgynyň suwa sokulanda öçmezligini islese, heki süýde goşup ýazsyn we gün şöhlesiniň aşagynda guratsyn. Eger kagyz suwa gaçsa-da, oňa ýazylan ýazgy öçmezem, pozulmazam.

* * *

Eger kimdir biri badranyň şepbiginiň şiresi bilen hat ýazyp, haty guratsa ol gurandan soň hat ýiter. Kagyzyň ýüzüne altyn bölegi sürtülende, gara reňkli hat peýda bolar.

* * *

Eger hat ýazylandan göze görünmezligini isleseň, onda ýabany garpyz bilen tammise atly oty alyp ýakmaly we külüni marganese garyp ýazgy ýazmaly. Bu haty hem kagyza altyn bölegini sürten ýagdaýyňda görmek bolar.

* * *

Eger kimdir biri kagyzyň ýüzündäki ýalňyş ýazylan haty ýa-da hapany aýyrmak islese, badranyň şepbigini gyzdy-

ryp, hatyň ýa-da hapanyň üstüne çalmaly. Şeýle edilende öňde goýlan maksada ýetiler.

* * *

Eger kimdir biri kagyzdan ýaňky ýaly hapany ýa-da ýalňyş ýazylan haty aýyrmak islese, onda mum bölejigini alyp, ony birnäçe gezek ýazgynyň ýa-da hapanyň üstüne goýsa, eger Alla islese kagyz arassalanar.

## ON IKINJI BAP

# DÜRLI HAÝWANLARYŇ AÝRATYNLYKLARY HAKYNDA

Men [Hubaýş Tiflisi] bu haýwanlaryň peýdasy hakyndaky bölümi beýik akyldar, pelsepeçi Aristoteliň haýwanlar hakynda ýazan kitabyndan okyjynyň ýüregine düşmezlik üçin gysgaldyp aldym.

### *Katum atly guşuň peýdasy*

Meniň ýaşan ýerlerimde Katum atly guş bardy. Ol gijelerine agaçdan düşüp, şirin owaz bilen saýrap başlaýar. Haçanda beýleki guşlar hem onuň owazyna owaz goşanlarynda, ol ýenede agaja çykýar. Eger bu guşy latundan ýasalan gama bilen öldürip, ganyny köp gürleýän we dawakeş adama içirseň, ol adam az geplär we dawa-jenjelden daşda durar.

* * *

Eger kimdir biri bu guşuň kellesini günüň aşagynda goýup, guradyp, soňra eline daňsa, ol adam patyşalara we hökümdarlara ýakyn we hormatly adamlaryň biri bolar.

* * *

Eger kimdir biri bu guşuň ganyny we beýnisini günüň aşagynda guradyp, soňra galyýa[1] garyp, kimdir biriniň burnuna çalsa, ol adam onuň diýeninden çykmaz.

* * *

Eger kimdir biri aý dolan wagty bu guşuň süňküni aloýa goşup otda ýaksa we kimdir biriniň adyny tutsa, onda ady tutulan adam şol wagtyň özünde oňa aşyk bolar.

* * *

Eger kimdir biri bu guşuň süňkünden birini çagasynyň boýnundan assa, ol çaga owadan bolmasa-da, hemmelere göze ýakymly çaga bolup görüner.

* * *

Eger kimdir biri bu guşuň ödüni şekere garyp, nahara goşup, biýedep, tertipsiz çaga iýdirse, ol çaga ýuwaşar we göze ýakymly bolar.

[1] Galyýa – atyryň bir görnüşi.

## *Hüýpüpigiň peýdasy*

Eger kimdir biri hüýpüpigiň aýaklanmadyk jüýjesini çorbada gaýnadyp, belli bir maksat bilen kimdir birine berse, çorbany içen adam onuň islendik arzuw-islegini ýerine ýetirer.

* * *

Eger kimdir biri bu guşuň etini günüň aşagynda guradyp, soňra ownujak edip bölekläp, una garyp, halwa ýasasa we kimdir birine iýdirse, halwany iýen onuň ähli arzuw-hyýalyny ýerine ýetirer.

* * *

Eger kimdir biri bu guşy öldürende, kimdir biriniň adyny tutsa, soňra guşuň etini ownujak bölekläp, nahara goşup, ady tutulan adama iýdirse, nahary iýen adam ondan hiç haçan ýüz döndermez.

* * *

Eger bu guşy ýitilenen dirhem bilen öldürip, ganyny bolsa galyýa bilen garyp, kimdir birine çalsa, ol adam dessine oňa aşyk bolar.

* * *

Eger kimdir biri hüýpüpigi ýanynda alyp gezse, ol adam hemmeleriň söýgüsini gazanar.

## *Toty guşuň peýdasy*

Eger kimdir biri toty guşuň dilini ownujak edip kesip, suwda gaýnadyp, çagasyna iýdirse, ol çaga dile çeper bolar.

* * *

Eger kimdir biri toty guşuň ganyny guradyp, ony iki sany dost adamyň arasyna sepse, ol ikisi şeýle bir uruşarlar welin, olary hiç kim, hiç haçan ýaraşdyryp bilmez.

## *Hokgar guşuň peýdasy*

Eger kimdir biri hokgaryň aýak süňküni oda oklap, kimdir biriniň adyny tutsa, ady tutulan adam ony gözläp başlar.

* * *

Eger kimdir biri bu guşuň beýnisini ýumurtga garyp, soňra kimdir biriniň adyny tutup, ýaňky zada galyýa goşup, şol ady tutulan adamyň burnuna çalsa, ady tutulan adam ony gowy görer we onuň bilen dost bolar.

* * *

Eger kimdir biri hokgaryň we hüýpüpigiň ganyny goşup, günde guradyp, soňra kimdir biriniň adyny tutup, gana müşk goşup, ady tutulan adama ysgatsa, ol adam ony gowy görer we onuň bilen dost bolar.

* * *

Eger kimdir biri dynç güni agşam hokgary otda ýakyp, oda kimdir biriniň saçyndan gyl taşlasa, saçy ýakylan adam ukudan galar we ol adamy tüýs ýüregi bilen söýer.

***Baýguşuň peýdasy***

Eger kimdir biri mejlisde iki dostuň arasynda baýguşuň süňküni ýaksa, ol adamlar tersleşip, olaryň dostlugy duşmançylyga ýazar.

* * *

Eger kimdir biri baýguşuň etini guradyp, ownujak bölekläp, nahara goşup, kimdir birine berse, onda ol ikisiniň arasynda duşmançylyk başlar.

* * *

Eger kimdir biri baýguşuň gözüni müşke garsa, bu müşkden çalynanlaryň ählisi ol adamy gowy görerler.

***Dag käkiliginiň peýdasy***

Eger kimdir biri dag käkiliginiň ödüni müşke garyp, öz ýanynda göterse, onda ol adam ähli adamlaryň söýgüsini gazanar.

* * *

Eger kimdir biri dag käkiliginiň ödüni baýguşuň ödi bilen garyp, kimdir birine çalsa, öt çalynan adam hemmeleriň ýigrenjini gazanar.

* * *

Eger kimdir biri dag käkiliginiň beýnisini tezege gömüp goýup, soňra ony döwülen hozuň maňzyna garyp, kimdir biriniň şeraply käsesine oklasa, bu käsedäki şeraby içen adam derrew serhoş bolar.

### *Laçynyň peýdasy*

Eger kimdir biri laçynyň ganyny içse, ol adam örän batyr we edermen bolar.

* * *

Eger önelgesiz zenan laçyn guşuň ganyny şeraba garyp içse, ol zenan göwreli bolar.

### *Horazyň peýdasy*

Eger kimdir biri urşup duran horazyň ganyny alyp, nahara goşsa, bu nahary iýenleriň arasynda dawa-jenjel we duşmançylyk başlar.

* * *

Eger ýolbars ak horaz görse, ol derrew yzyna gaçar.

* * *

Eger horazyň ödüni alyp, gözi ýaşarýan adamyň gözüne çalsaň, ol adamyň gözündäki sowuklama aýrylar.

***Kepderiniň peýdasy***

Eger kimdir biri kepderi öldürilenden gözüni çykaryp, nahara goşup, kimdir birine iýdirse, bu nahary iýen adam towuk kör keseline ýolugar.

***Tawus guşuň peýdasy***

Eger kimdir biri tawus guşy öldürip, beýnisini alyp, karanful bilen garyp, kimdir birine iýdirse, ol adam özüni ýitirip, edýän işine akyl ýetirmez.

* * *

Doguranda kynçylyk çekýän zenana tawus guşuň dyrnagyny ýakyp, tüssesini onuň daşyndan aýlasaň, ol zenanyň haly gowulaşyp, bu işde hiç ili kynçylyk çekmez.

## *Serçäniň peýdasy*

Serçäniň ýumurtgasyny üç günläp tezege gömüp goýup, soňra tezekden çykaryp, köne ýagda gowuryp, ýara sürtseň, ol adamyň ýarasy gutular.

* * *

Eger kimdir biri serçäniň tezegini sürme ýaly owradyp, gözüne çalsa, onda ol adam towuk körlükden şypa tapar.

* * *

Eger kimdir biri uzyn guýrukly serçäni tutup, ony öldürip, beýnisini özüniň ýüzüniň we göwüsleriniň deri, gözýaşy we döli bilen garyp, birine iýdirse, ony iýen adam ony söýer we ähli islegini kanagatlandyrar.

## *Alahekegiň peýdasy*

Eger kimdir biri alahekegiň ganyny alyp, guradyp, bägül suwuna garyp, kimdir birine içirse, ol adam köp we manysyz gürläp başlar.

* * *

Eger kimdir biri alahekegiň beýnisini alyp, ony şeker bilen garyp çaga iýdirse, onda ol çaga örän ýatkeş we dile çeper bolar.

### *Adamyň peýdasy*

Eger kimdir biri eliniň dyrnagynyň böleklerini ownujak edip bölüp, özüniň döli bilen garyp, taýýarlanan nahara goşup zenana iýdirse, onda ol zenan bu adamy söýer we hiç haçan onuň mährinden ganyp bilmez.

* * *

Eger kimdir biri zenan maşgalanyň adyny tutup, palçyk gaba dölüni dökse we gurandan soň, gapdan dölüniň dökülen ýerini gyryp alyp, injire sepip, ady tutulan zenana iýdirse, ol zenan hiç haçan bu adamdan aýrylmaz.

* * *

Eger kimdir biri hepdäniň dowamynda ökjesini ýuwup, ol suwdan her gün nahara goşup, zenan maşgala iýdirse, zenan maşgala ondan ganyp bilmez. Ýa-da zenan maşgala bir hepde ökjesini ýuwup, ol suwdan her gün nahara goşup, erkek adama iýdirse, erkek adam ol zenanyň mährinden ganyp bilmez.

* * *

Eger kimdir biri ýaňy dogulan çaganyň göbeginden bir bölejik alyp, ony ýüzüginiň gaşynyň aşagynda ýerleşdirip, ýüzügi eline dakynsa, ol adamyň garnynda hiç haçan sanjy bolmaz.

* * *

Eger kimdir biri adamyň saçyny sirkä ýatyryp, guduzlan itiň ýaran ýerine goýsa, ol adam tiz wagtdan ýarasyndan gutular.

### *Keýigiň peýdasy*

Eger kimdir biri keýigiň dilini alyp, gaýnadyp, ownujak bölüp, köp gepleýän, ýürege düşgüç adamayň naharyna goşup iýdirse, ol adam ýuwaşar we az gürlär.

* * *

Eger kimdir biri keýigiň pilçesini ýakyp, külüni anbar bilen garyp, kimdir birine çalynmaga berse, bu zatdan çalynan adam ony beren adamyň mährinden ganyp bilmez we onuň ähli islegini kanagatlandyrar.

### *Towşanyň peýdasy*

Eger kimdir biri towşanyň dyrnagyndan we atyň ýalyndan pelte ýasap, çyra sandarak ýagyny guýup, hoş güni gije çyrany ýakyp, isleýän adamynyň adyny tutsa, ady tutulan adam şol gije ýatmaz we onuň ýüreginde onuň adyny tutan adama söýgi dörär.

* * *

Eger kimdir biri towşanyň ödüni žasmin ýagyna garyp, ujydyna çalyp, zenan maşgala ýakynlaşsa, zenan ol adamyň mähринden ganyp bilmez we hiç haçan ondan irmez.

* * *

Eger zenan maşgala towşanyň ýagyny we tezegini mesge bilen garyp, ýanynda alyp gezse, ol zenan tiz wagtdan hamyla bolar.

* * *

Eger hamyla zenan erkek towşanyň emjeginiň ujuny iýse ogly, urkaçy towşanyň emjeginiň ujuny iýse bolsa gyzy bolar. Meger bularyň barysy Beýik Alla islese ýerine ýeter.

* * *

Eger zenan maşgala towşanyň ýagyny ýa-da tezegini ýanynda alyp gezse, ol zenan hamyla bolar.

* * *

Eger kimdir biri towşanyň ganyny gözüne çalsa, ol göz agyrydan şypa tapar.

* * *

Eger kimdir biri birnäçe wagtlap towşanyň ganyny iriňli ýarasyna çalsa, ol adam ýarasyndan gutular.

### *Tilkiniň peýdasy*

Eger kimdir biri tilkiniň çagasynyň beýnisini şekere garyp iýse, köp peýda bolar.

* * *

Eger kimdir biri hammama baranda, tenine tilkiniň içýagyny sürtünse, ol adamyň egin-eşigi mör-möjekden halas bolar.

* * *

Eger kimdir biri ýanynda tilkiniň gulagyny göterip gezse, ol adama it üýrmez.

* * *

Eger kimdir biri tilkiniň dişini ýanynda göterip gezse, ol adamy gijelerine gara basmaz.

* * *

Eger kimdir biri tilkiniň etini iýse, ol adam şellikden we garaguş keselinden aman bolar.

## *Pişigiň peýdasy*

Eger kimdir biri gara pişigiň etini iýse, onda ol adama hiç hili doga ýa-da jady täsir etmez.

* * *

Eger kimdir biri gara pişigiň ýumurtgalaryny guradyp, ownujak kesip, mesgä garyp, ujydyna çalsa we zenan maşgala ýakynlaşsa, ol adamyň ýakynlaşan aýallary ol bedroý hem bolsa oňa aşyk bolarlar we ondan başgany islemezler.

* * *

Eger kimdir biri gara pişigiň ýüregini guradyp, möjegiň derisine tikdirip, ýanynda göterip gezse, ol adamy hiç kim ýeňip bilmez we onuň ýüregine gorky aralaşmaz.

* * *

Eger kimdir biri gara pişigiň dişini ýanynda göterip gezse, gijelerne ony gara basmaz.

* * *

Eger kimdir biri gara pişigiň ödüni guradyp, sürme ýaly owradyp, gözüne çalsa, gije-de edil gündiz görüşi ýaly gowy görer.

* * *

Eger kimdir biri gara pişigiň garnyny ujydyna çalyp, zenan maşgala ýakynlaşsa, ol zenanyň ýüreginde ol adama bolan öçmejek söýgi dörär.

***Syçanyň peýdasy***

Eger kimdir biri syçanyň kellesini garaguş keselli adamyň boýnundan assa, ol adam keselinden şypa tapar.

* * *

Eger kimdir biri çöl syçanynyň derisine saman dykyp, öýünden asyp goýsa, ol öýde ýekeje syçan hem galmaz.

* * *

Eger kimdir biri syçany agtalap, onuň öň aýaklaryny daňsa, şol töwerekdäki syçanlaryň barysy gyrylar.

* * *

Eger kimdir biri syçany ikä bölüp, içýanyň çakan ýerine goýsa, şolbada agyrydan şypa tapar.

* * *

Eger zenan maşgala syçanyň ýumurtgalaryny ýanynda göterse, ol zenan hamyla bolmaz.

* * *

Eger kimdir biri syçan tezegini zeýtun ýagy bilen garyp, kellesine sürtse, saçynyň düşmesi galar we kellesine saç biter.

### *Kirpiniň peýdasy*

Eger kimdir biri ýiti gylyç bilen kirpini bölekläp, bir bölejigini garaguş keselli adamyň boýnundan assa, ol adamyň haly gowulaşar.

* * *

Eger kirpiniň etini birnäçe gezek gowrup iýseň, tutgy keselli adamlara peýdasy bardyr.

* * *

Eger kirpiniň etini seldereý bilen iýseň, ödüň garalmasyny azaldar.

* * *

Eger kirpiniň etini duzlap, bir hepdäniň dowamynda sikanjubin bilen garyp iýseň, sarysuw ýygnanmakdan aman bolarsyň.

* * *

Eger heýwere keselinden ejir çekýän adam mydama kirpi etini iýip gezse, keselinden saplanar.

### *Ýalmanyň peýdasy*

Eger kimdir biri ýalmanyň öň aýaklaryny otda ýakyp, külüni suwa garyp, miweli daragta çalsa, onda bu daragt ähli keselllerden aman bolar. Hiç bir haýwan bu daragtyň miwesini zaýalamaz.

### *Çöl pişiginiň peýdasy*

Eger kimdir biri çöl pişiginiň etini iýse, onda ol adam güýçli we batyr bolar.

* * *

Eger kimdir biri çöl pişiginiň ödüni julap bilen garyp içse, onda ol adam gaýduwsyz we edermen bolar.

### *Belkanyň peýdasy*

Eger kimdir biri belkanyň etini gowrup, akylyndan azaşan adama iýdirse, onda ol adam keselinden şypa tapar.

### *Gurbaganyň peýdasy*

Eger kimdir birini ýylan ýa-da içýan çaksa, gurbaganyň kellesini ýenjip, ony şol ýere daňmaly. Zäher şol wagtyň özünde bedenden syzyp başlar we uly peýda bolar.

* * *

Gurbagany zeýtun ýagyna gowrup iýen adam heýwere we pis keselinden şypa tapar.

* * *

Eger kimdir biri ganap duran ýarasyna gurbagany ýakyp, onuň külüni sepse, gan akmasy şolbada durar.

### *Samyryň peýdasy*

Samyryň içýagyny dişiňe çalynan ýagdaýynda, agzyň porsamasy galar.

### *Siňegiň peýdasy*

Eger siňegi ýenjip, sarymsak bilen garyp, içýanyň çakan ýerine çalsaň, agyry şolbada aýrylar.

* * *

Eger kimdir biri siňegi guradyp, ýagşy owradyp, sürme bilen garyp, gözüne çalsa, göz agyrydan şypa tapar we görüşi gowulanar.

## *Leňňejiň peýdasy*

Eger kimdir biri suwdan doldurylan gaba leňňeji taşlap, ekin ekilen ýerde depäniň üstünde goýsa, ol ýerdäki guşlaryň ählisi bu ýeri terk ederler.

* * *

Eger kimdir biri leňňeji ýakyp, külüni arpa içgisine garyp içse, onda ol adam öýkendäki ýaralardan we üsgülewükden şypa tapar.

## *Pyşbaganyň peýdasy*

Suw pyşbagasynyň sag aýagyny kesip, bogun agyrysyndan ejir çekýän adamyň aýagyna daňsaň, agyry tizden-tiz geçer.

* * *

Eger pyşbaganyň ödüni alyp, ony garaguş keselli adama ysgatsaň, ol adam keselinden şypa tapar.

## *Garynjanyň peýdasy*

Garynjanyň ýumurtgasyny zeýtun ýagyna garyp, melhem ýasap, ony ýaş çaganyň aýagynyň arasyna we goltugynyň aşagyna sürtseň, onda hiç haçan bu ýerlere tüý bitmez.

## *Ýylanyň peýdasy*

Gippokrat şeýle diýýär: «Ýylan etini köp iýen adam özüni agyr kesellerden gorar, onuň bedeniniň ähli agzalary sagdyn bolar we ol uzak wagtlap garramaz».

* * *

Eger ýylanyň derisini şerapda gaýnadyp, gulaga damdyrylan ýagdaýynda gulak agyra şypa bolar.

* * *

Eger kimdir biri ýylanyň içýagyny benewşe ýagy bilen goşup, goýnuň burnuna çalsa, goýun duran ýerinde aýlanar durar.

## *Içýanyň peýdasy*

Eger kimdir biri birnäçe içýany zeýtun ýagyna taşlap, birnäçe aýlap günüň aşagynda goýup, soňra gulak agyrylylaryň gulagyna damdyrylanda, olar keselinden şypa tapar.

* * *

Eger ýakylan içýanyň iki danik külüni julaba garyp içseň, böwrekdäki we siýdik haltadaky daşlary düşürer.

## *Itiň peýdasy*

Eger kimdir biri itiň dişini ýanynda göterse, onda ol adam gijelerine gorky duýmaz.

* * *

Eger kimdir biri itiň gözüni ýanynda göterse, onda ol adam edermen bolar we oňa hiç bir it üýrmez.

* * *

Eger kimdir biri itiň ganyny kölegede guradyp, ony ýabany geçiniň we towşanyň gany hem-de galyýa bilen garyp, kimdir birine ysgatsa, ol adamlar biri-birine duşman bolarlar.

* * *

Eger kimdir biri itiň güjüginiň dyrnagyny alyp, ony belli bir ýerde asyp goýup, isleýän adamsynyň adyny tutsa we şol ýere gelip: «Pylany derrew şu ýere gelsin» diýse, ady tutulan adam derrew şol ýere geler we onuň islegini kanagatlandyrar.

* * *

Eger kimdir biri itiň ujydyny guradyp, aýagyna daňsa, onda ol adam bir gijäniň dowamynda birnäçe gezek aýalyna ýanaşyp biler.

* * *

Eger kimdir biri itiň peşewini siňňile çalsa, onda birnäçe wagtdan ol adamyň siňňili ýitip gider.

### *Möjegiň peýdasy*

Eger möjek otuň üstüne peşew etse, ol ýerdäki otlar gurar.

* * *

Eger kimdir biri ýanynda möjegiň gözüni göterip, mejlise baryp, näçe şerap içse-de, ol adam serhoş bolmaz. Daş-töwereginde birnäçe adam serhoş bolup, serlip ýatsa-da, oňa täsir etmez we gözüne uky gelmez.

* * *

Eger kimdir biri bedeniniň bir ýerine möjegiň çep gözüni daňsa, gözüne uky gelmez.

* * *

Eger kimdir biri atynyň boýnundan möjegiň dişini assa, onuň atyndan ozjak at bolmaz.

* * *

Eger kimdir biri möjegiň ödüni bala garyp, ujydyna sürtse, onda ol adam ýanaşan zenanlarynyň söýgüsini gazanar. Ol adam bedroý hem bolsa, zenanlar ondan irmez.

### *Aýynyň peýdasy*

Eger kimdir biri aýynyň beýnisini sygyr mesgesi bilen garyp, agşam çaglary iýse, ol adam semrär.

* * *

Eger kimdir biri ysytma keselinden ejir çekýän bolsa, ony aýynyň ýanyna eltseň, ol adam badabat keselinden şypa tapar.

* * *

Kimdir biriniň ýanynda aýynyň çagasyny ýatyrsaň, ol adamyň gözüne uky gelmez we ony dürli pikirler basmarlar.

* * *

Ýaş çaganyň boýnuna aýynyň dişini asyp goýsaň, onuň dişleri çalt çykar we ol çaga gijesine gorky duýmaz.

## *Ýolbarsyň peýdasy*

Ýolbarsyň derisini sypyryp, adamlaryň jem bolan ýerinde ýaksaň, ol ýerdäki adamlaryň ählisi biri-biri bilen dawa-jenjele girer we olaryň arasynda duşmançylyk başlar.

* * *

Eger ýolbars derisini başga derileriň üstüne oklasaň, beýleki derileriň tüýi dessine gaçar.

* * *

Eger kimdir biri bawasirden ejir çekýän bolsa, ýolbarsyň derisini ýanynda göterse, ol adam keselinden şypa tapar.

* * *

Ýolbarsyň ödüni nahara garyp, kimdir birine iýdirseň, nahary iýen adam batyr we edermen bolar. Bu em saç düşmesine we garaguş kesellilere-de şypa bolar.

* * *

Ýolbarsyň ödüniň bir danigini bala garyp iýen adamyň siýdik haltasyndaky daşlar dessine bölünip çykar.

* * *

Ýolbarsyň içýagyny gyzdyryp, bawasire we çişe sürtülende, köp peýda bolar.

### *Syrtlanyň peýdasy*

Eger kimdir biriniň kellesine syrtlanyň beýnisi çalynsa, ol adamy uky basar.

* * *

Eger kimdir biri agaçdan syrtlanyň dyrnaklaryny asyp goýsa, onda ýyrtyjy guşlar bu agaja gonmaz.

* * *

Eger kimdir biri syrtlanyň jyns agzalaryny bir günläp gaýnadyp, gaýnadyp durka belli adamyň adyny tutup, soňra bu çorbadan nahara goşup, ady tutulan adama iýdirse, nahary iýen adam oňa aşyk bolar.

Eger erkek adam bu dogany etmekçi bolsa, onda ol urkaçy syrtlanyň jyns agzalaryny gaýnatsyn.

* * *

Eger kimdir biri gözagyrydan ejir çekýän bolsa, onda goý, ol syrtlanyň ödüni alyp, täze ukrop şiresine garsyn we gözüne çalsyn. Şeýle edilse, onuň gözýaşy kesilip, keselinden şypa tapar.

### *Barsyň peýdasy*

Eger erkek adam zenan maşgala ýanaşmazdan ozal ujydyna barsyň beýnisini çalsa, olaryň ikisi hem uzak wagt lezzet alarlar we ol erkek hiç haçan bu zenanyň ýüregine düşmez.

* * *

Eger kimdir biri öýünde barsyň dyrnagyny gömse, onda bu öýde bar bolan syçanlaryň ählisi ol ýere üýşerler.

* * *

Eger öýüň ortasyna barsyň içýagyny gömseň hem ýokardaky ýagdaý gaýtalanar.

* * *

Eger syçanyň hininiň ýokarsynda barsyň dişini asyp goýsaň, syçan hininden çykanda, togalanyp çykar.

* * *

Eger barsyň ödüni göze çalsaň, onda gözýaş akmasy kesiler we göz aýdyň görer.

### *Geçigaplaňyň peýdasy*

Eger kimdir biri uzak wagtlap geçigaplaňyň etini iýse, ol adamyň bedeni berk, sagdyn, özi bolsa işjeň bolar.

* * *

Eger kimdir biri öýüniň ortasynda geçigaplaňyň dyrnagyny asyp goýsa, öýde syçan döremez, öňki barlary hem bu ýerden gaçarlar.

* * *

Eger kimdir biri geçigaplaňyň ganyny içse, onda ol adam akylyndan azaşar.

### *Doňuzyň peýdasy*

Eger kimdir biri ýanynda doňuz dişini göterse, ol adama göz-dil, jady-doga täsir etmez.

* * *

Eger öýde doňuz derisi ýakylsa, ol öýdäki ähli çybynlar bu ýerden daşlaşarlar.

* * *

Eger bawasire doňuz içýagyny sürtseň, keselliniň haly gowulaşar we keselinden saplanar.

* * *

Eger doňuz etini ýenjip, sirkä ýatyryp, ýara em etseň, ol em peýda berer we ýara gutular.

* * *

Doňuz peşewini şerap bilen garyp, nahara goşup, siýdik haltasynda we böwreginde daş bar adama berseň, ol adamyň haly gowulaşar. Bu em zenanlaryň aýbaşyny kadalaşdyrmakda-da köp peýda berer.

### *Maýmynyň peýdasy*

Eger kimdir biri ýanynda maýmynyň gözüni alyp gezse, adamlar onuň üstünden gülerler we ony oýnamaga çalyşarlar.

* * *

Eger kimdir birine maýmynyň ganyny içirseň, ähli adamlar maýmynyň ganyny içen adamy ýigrenerler.

### *Düýeguşuň peýdasy*

Gijilewükden ejir çekýän adam düýeguş etini iýse, keselinden şypa tapar.

* * *

Düýeguşuň içýagy gije bedene çalynsa, uly peýda berer.

* * *

Düýeguşuň etini bişirip, süýji zatlara goşup, zenan maşgala sowuk garaýan erkege iýdirilse, ol adamda zenan maşgala ýakynlaşmak höwesi dörär.

* * *

Ýaş çagaly zenan maşgala düýeguşuň etini iýen ýagdaýynda, onuň göwsündäki süýt köpeler.

### *Piliň peýdasy*

Eger piliň peşewini nahara garyp, önelgesiz zenana iýdirseň, ol zenan basym hamyla bolar.

* * *

Eger zenan maşgala piliň tezegini mata dolap, ýanynda göterse, ol zenan hamyla bolmaz.

* * *

Ysytmadan ejir çekýän adamyň ýanynda piliň tezegini ýaksaň, onuň haly gowulaşar.

* * *

Eger kimdir biri piliň süňküni ownujak edip döwüp, ýara sepse, onuň ýarasy basym gutular.

* * *

Eger piliň süňküni ownujak edip döwüp, soňra gowrup, ganap duran buruna sepseň, gan akmasy dessine kesiler. Bu em teniň ýanan bölegine sepilende-de uly peýda berer.

* * *

Önelgesiz zenan maşgala birnäçe gezek piliň ownujak döwülen süňküni iýenden soň hamyla bolar.

### *Ýarganatyň peýdasy*

Eger ýarganatyň beýnisini bala garyp, göze çalynsa, ol gözagyra em bolar.

* * *

Eger ýarganaty ýakyp, külüni göze çalsaň, onda göz aýdyň görer we nurlanar.

* * *

Eger ýarganatyň ganyny göze çalsaň, şowa körlüge şypa bolar.

* * *

Ýarganatyň peşewi göze çalynan ýagdaýynda, ol göze gül gelmeginden we gara suw inmeginden aman saklar.

### *Garlawajyň peýdasy*

Eger garlawajy ýakyp, külüni bala garyp, bokurdaga çalynsa, ol bokurdakdaky çişe we sowuklama em bolar.

* * *

Eger garlawajyň ýakylan külüni göze çalsaň, gözagyra şypa bolar we gözýaş akmasy kesiler.

* * *

Garlawajyň etini guradyp, soňra onuň bir mysgalyny tüýkülik bilen ýuwdulsa, ol angina peýda eder.

* * *

Kimdir biri dowamly wagt garlawajyň etini iýse, onuň görüşi has-da gowulanar.

* * *

Eger garlawajyň küli ýara sepilse, ýagşy em bolar.

* * *

Gippokrat şeýle diýýär: «Eger garlawajyň ýaňy ýumurtgadan çykan jüýjelerini zagpyran bilen sary reňke boýap, ýene-de höwürtgesine goýsaň, ene garlawaç jüýjesiniň sarylygyny görüp, olar keselländir öýder we dessine diňe garlawaçlara belli

bolan ýerden ownuk sary daş getirer. Ol bu daşy çüňki bilen berk gysyp, jüýjesiniň tenine sürter». Eger kimdir biri höwürtgä golaýlaşyp, şol sary daşy alyp bilse, onda ony sürme ýaly bolýança döwüp, nahara goşup, güýçli sary getirmeli hassa iýdirmeli. Bu nahary iýen hassa basym aýaga galar we keselinden saplanar.

* * *

Ýokardaky aýdylýanlaryň ýerine ýetmegi üçin esasy iki zat gerek: Birinjiden, maksadyň hasyl bolmagyna ynan. Ikinjiden, ýokarda ýatlanan zatlar bulutsyz açyk gün we sähetli gün edilmelidir. Kimdir biri ähli aýdylanlary ýerine ýetirmän, maksadyna ýetip bilmese, kitapda ýazylanlar ýalan diýmegi ahmal. Emma ýaňky aýdylanlary ünsden düşürmän ýerine ýetirilse, maksada ýetiler.

Men [Hubaýş Tiflisi] bu kitapda getiren tejribelerimiň köpüsi öňki kitaplaryň birnäçesinde ýatlanýar. Men olaryň ýerliklilerini we akyla sygjaklaryny aldym. Olaryň birnäçesini meniň özüm tejribe geçirip, maksada ýetdim. Okyjynyň ýüregine düşmezlik we gepi uzaltmazlyk üçin men sözümi soňlaýaryn.

## ON ÜÇÜNJI BAP

# ÝYRTYJY HAÝWANLARDAN WE MÖR-MÖJEKLERDEN GORANMAGYŇ USULLARY HAKYNDA

### *Ýylandan goranmagyň usuly*

Eger öýüň ortasynda atyň toýnagyny gömseň, onda bu öýde ýylan peýda bolmaz. Eger öň bar bolsa, onda gaçyp gider.

****

Eger kimdir biri öýünde dag suwgunynyň kellesini ýa-da süňklerini ýa-da kirpini ýa-da pyşbagany otlasa, onda bu öýdäki ýylanlar gaçar.

****

Eger kimdir biri suwda daşkekräni gaýnadyp, içine şepbik goşup, öýüň diwarlaryna çalsa, bu öýdäki ýylanlar gaçar.

* * *

Ýokarda agzalan suwy ýylanyň hinine guýsaň, ýylanlar hinini taşlap gaçar. Olaryň käbirleri bolsa şol ýerde öler.

* * *

Eger daşkekräni ýylanyň hininiň agzynda goýsaň, ýylan hininden çykmaz.

* * *

Eger kimdir biri ýylanyň derisini suwda gaýnadyp, suwy bolsa tenine çalsa, onda ol adamy hiç bir ýylan hatda apy hem çakmaz.

* * *

Eger öýe naşatyr suwuny sepseň, onda bu öýden ýylanlar gaçar.

* * *

Eger kimdir biri ýylanyň hinine gorçisany goýsa, onda hindäki ýylanlar öler.

* * *

Eger kimdir biri adamyň saçyny kükürt ýa-da marena bilen goşup ýaksa, öýdäki ýylanlar bu tüsseden gaçar.

* * *

Eger kimdir biri ýüpi şepbige ezip, boýnundan assa, onda hiç bir ýylan ol adama golaýlaşmaz.

***Içýandan goranmagyň usuly***

Az-owlak ladan, myşýak we goýun tezegini alyp garmaly. Soňra mesge bölegini alyp, ony eretmeli we ýaňkylary goşmaly. Soňra olaryň ählisini otda ýakmaly. Şeýle edilse, öýdäki ähli içýanlar öler.

* * *

Eger kimdir biri içýanyň hininiň agzynda turp goýsa, onda içýan hininden çykmaz. Eger turp guradyp ýakylsa, öýdäki içýanlaryň barysy gaçar.

* * *

Eger öýde azajyk myşýak bölegi ýakylsa, onda bu öýdäki içýanlar gaçar.

* * *

Eger kimdir biri elini turp suwuna ýuwup, soňra eline içýany alsa, içýan ony çakyp bilmez.

* * *

Eger ýekeje damja turp şiresi içýanyň arkasyna damsa, ol şol demde jan berer.

* * *

Eger kimdir biri ýaş çagasynyň iýmitine ýarym danik içýan ýagyny goşup berse, bu çaga ulalanda içýan awusy oňa täsir etmez.

* * *

Eger içýan ýagyny içýanyň çakan ýerine çalsaň agyry aýrylar.

* * *

Eger kimdir biri eşek toýnagy bilen kükürdi garyp ýaksa, ähli içýanlar öler.

### ***Syçanlardan goranmagyň usuly***

Eger kimdir biri öýde at toýnagyny ýa-da mis kuporosyny kükürt bilen garyp ýa-da myşýagy ýakyp, tüsseletse, öýdäki ähli syçanlar gaçar.

* * *

Eger syçanyň hininiň agzyna öküziň ýa-da goýnuň ödüni goýsaň, syçan hiç wagt hininden çykmaz.

* * *

Eger anzarudy ýa-da myşýagy öýüň künjeklerine taşlasaň, ony iýen syçan dessine öler.

* * *

Eger barsyň içýagy ýakylsa, ähli syçanlar şol ýere ýygnanar.

* * *

Eger peýnire gurşun okisini sürtüp, öýe taşlansa, ony iýen syçanlar ölerler.

### *Garynjadan goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri şepbigi eredip, garynjanyň hinine guýsa, onda olar hininden çykmaz.

* * *

Eger garynjanyň hinine haýsam bolsa bir haýwanyň ödüni guýsaň, netije ýokardaky ýaly bolar.

* * *

Eger kükürt, sogan we ziräni garyp garynjanyň hinine guýsaň, ol ýerdäki garynjalaryň bary gaçarlar.

* * *

Eger birnäçe garynjany ýaksaň, onuň ysyny alan garynjalar gaçarlar.

### *Siňekden goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri öýde myşýak bölegini ýaksa, onda öýdäki ähli siňekler gaçar.

* * *

Eger kimdir biri matany sirkä ezip, öýüň ortasyndan asyp goýsa, öýdäki siňekler gaçar.

### *Arylardan goranmagyň usuly*

Eger arynyň hininiň ýanyna reýhan asyp goýsaň, ol ýerdäki arylaryň ählisi öler.

* * *

Eger kimdir biri kükürdi sarymsak bilen garyp ýaksa, ol ýerdäki arylar gaçarlar.

* * *

Eger kimdir biri arylaryň üýşýän ýerine reýhan asyp goýsa, arylar ol ýerden giderler.

### *Gara tomzakdan goranmagyň usuly*

Gara tomzaga arapça humfusa diýilýär.

Eger kimdir biri öýünde hyna agajyny ýapraklary bilen asyp goýsa, onda bu öýden tomzaklar gaçar.

### *Çybyndan goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri öýünde sosna agajynyň gyryndysyny gara zire bilen garyp ýaksa, onda öýdäki çybynlar gaçar.

* * *

Eger kimdir biri gara ziräni suwda gaýnadyp, şol suwda düşünse, onda ol adamy çybynlar çakmaz.

* * *

Eger kimdir biri öýünde zire ýaksa, onda çybynlar gaçar.

### *Güýeden goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri öýünde narpyzy ýaksa, onda ol ýerdäki güýeler gaçar, eşikler bolsa abat galar.

Horasanda narpyz ýaly sary gülli ösümlik ösýär. Eger kimdir bir şol ösümligi öýde ýaksa, netije edil narpyzdaky ýaly bolar. Eger bu ösümligi egin-eşikleriň arasynda goýsaň hem onuň ysyny alan güýeler bu ýerden gaçarlar.

### ***Büreden goranmagyň usuly***

Eger kimdir biri şunisiň (çernuşka) çigitlerini gaýnadyp, soňra öýüň içine sepse, onda bu öýde bar bolan ähli büreler öler.

* * *

Käsä geçiniň ganyny guýup, öýüň ortasynda goýsaň, öýdäki ähli büreler bu ýere ýynanarlar. Olary şol ýerde ýok etmek bolar.

* * *

Eger kimdir biri agaç bölegini alyp, oňa kirpiniň içýagyny ýa-da ganyny çalyp, öýüň görünýän ýerinde goýsa, ähli büreler şol ýere üýşerler.

### ***Wagşy haýwanlardan goranmagyň usuly***

Eger kimdir biri turşy şetdalynyň şänigini, goýun içýagyny we şeraby garyp, görünýän ýerde goýsa, ony iýen wagşy haýwan öler.

* * *

Eger kimdir biri çowdarynyň dänesini suwda gaýnadyp, öýüň içine sepse, onda ol ýerdäki ähli wagşy haýwanlar gaçar.

### *Itden goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri ete ak harbagy (çemerisa) sürtüp, ite iýdirse, ol it öler.

* * *

Eger kimdir biri ite çakjagunduz dänesini berse, ol it guduz açar.

* * *

Eger kimdir biri ite ýolbarsyň dalagyny berse, onda ol it kör bolar.

* * *

Eger kimdir biri ýany bilen syrtlanyň dişini alyp gezse, onda oňa hiç bir it üýrmez.

### *Pişikden goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri pişigiň burnuna azajyk porsyjany (ruta) sepse, onda pişik guduz açar. Eger köpräk sepse, onda ol öler.

### *At hakynda*

Eger kimdir biri bazarda satylýan aty arzan almak üçin wagtlaýyn kesellemegini islese, onda üç dirhem tirýegi we elli dirhem ýunan hozuny suwda gaýnadyp, ata içirmeli. At şolbada kesellär. Haçanda onuň keselini bejermekçi bolsa, sygyr mesgesini eredip, atyň bokurdagyna guýsun.

### *Eşek hakynda*

Eger kimdir biri eşegiň gulagyna ýa-da guýrugyna daş daňsa, onda ol aňňyrmaz.

* * *

Eger kimdir biri eşegiň sagrysyna nebit çalsa, ýokardaky ýaly netije bolar.

* * *

Eger kimdir biri eşegiň guýrugyny daňsa, eşek ýolda eglenmez.

* * *

Eger kimdir biri çöregi eşegiň peşewine ezip, ite iýdirse, it şolbada öler.

* * *

Eger eşek etini hanuk[1] ösümligi bilen garyp, möjege iýdirse, möjek şolbada öler.

* * *

Eger eşege katyra ýapragyny berseň, ol şolbada öler.

### *Dürli mör-möjeklerden goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri ladany künji ýagyna garyp, tenine çalsa, onda ony hiç hili mör-möjek dişlemez we onuň egin-eşiginde mör-möjek bolmaz.

* * *

Eger kimdir biri turşy naryň gabygyny ýagda gaýnadyp, soňra tenine çalsa, netije ýokardaky ýaly bolar.

Porsyjanyň ýapragyny ýagda gaýnadyp çalynan ýagdaýynda, ol adamyň egin-eşigine mör-möjek gonmaz.

* * *

Eger kimdir biri gyzyl sowsany ýakyp, egin-eşigini onuň tüssesine tutsa, netije ýokardaky ýaly bolar.

---

[1] Hanuk - akonit

* * *

Eger kimdir biri bahar we güýz paslynda turp şiresini içse, onda hiç bir mör-möjek ol adamyň egin-eşigine gonmaz.

### *Dürli gurçuklardan goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri mellek ýerine akýan salmanyň ugrunda katyra nahalyny ekse, katyranyň kökleriniň arasyndan syzyp baran suwuň ugrunda hiç haçan mör-möjek bolmaz.

* * *

Eger kimdir biri mellek ýerine ak deregiň damarlaryny taşlap çyksa, ol ýerde gurçuk bolmaz.

* * *

Eger bedene düşen ýarada gurçuk peýda bolsa, oňa pars agajynyň ýapragyny döwüp sepseň, ýara düşen gurçuklar öler.

* * *

Eger ýara suwuk şepbigi sürtseň, netije ýokardaky ýaly bolar.

### *Ýyrtyjy guşlardan goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri ýabany porsujany hamyr we bişmedik üzüm bilen garyp, guşa iýdirseň, ol guş şolbada öler.

* * *

Eger kimdir biri bugdaý dänesini kükürt we peşew bilen gaýnadyp, soňra kölegede guradyp, guşa iýdirse, netije ýokardaky ýaly bolar.

* * *

Eger burç, şepbik we hamyry garyp, guşa iýdirseň, ol ýere gaçyp, dem-düýtsüz ýatar. Eger ony özüne getirmek isleseň, sygyr mesgesini eredip onuň bokurdagyna guýmaly.

* * *

Eger kimdir biri özüne jadygöý we guşlara «jan berýän» diýdirmek islese, onda myşýak ýagyny, gurşun okisini we hamyry garyp, öý guşuna iýdirsin. Ony iýen öý guşy öli ýaly dem-düýtsüz ýatar. Haçanda ony «direltmek» islese, onuň üstüne sowuk suw guýsun. Guş hiç zat bolmadyk ýaly bolup, ýerinden turup gider.

* * *

Eger horazyň kekejine ýag çalyp goýberseň ol gygyrmaz.

### *Durnadan goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri ekinzarlykda durnany asyp goýsa, onda hiç bir durna ekine gelmez.

Eger ekinzarlykda gargany asyp goýsaň, onda bu ekinzarlykdaky ähli gargalar bu ýeri taşlap giderler.

### *Balyklar hakynda*

Eger kimdir biri balyk tutmak islese, onda goýun içegesini alyp, ony şerap garylan goýun gany bilen doldurmaly we suwa taşlamaly. Suwdaky ähli balyklar goýun içegesiniň daşyna üýşerler. Eger kimdir biri şol wagt gaty sesi bilen gygyrsa, ol ýerdäki ähli balyklar ölerler.

* * *

Eger kimdir biri soganyň tohumyny şeraba ýatyryp, soňra gana batyryp, suwa oklasa, ony iýen balyklar öli ýaly bolup, suwuň ýüzüne çykarlar.

### *Çekirtgeden goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri ölen samyry agaçdan asyp goýsa, ol ýere çekirtge gelmez.

* * *

Eger kimdir biri ekin meýdanlaryna çekirtgäniň ýetip gelýändigini eşitse, goý onda ol, ekin meýdanyna nar gabygyny suwa ezip, taşlap çyksyn. Nar gabygynyň ysyny alan çekirtgeler bu ýerden daşlaşarlar.

### *Gurbagalardan goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri çyrany ýakyp, ony tagtanyň üstüne goýup, tagtany suwda ýüzdürip goýberse, onda ol ýerdäki gurbagalar ses etmez.

### *Öküz hakynda*

Eger öküziň sagrysyna we burnuna ýag çalsaň ol molamaz.

### *Ýolbarsdan goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri ýolbarsyň hininiň ýolunyň ugrunda meşigi çişirip goýsa, ýolbars ol ýerleri taşlap gider.

* * *

Eger zenan maşgala ýolbarsy görende kellesini ýalaňaçlasa, erkek adam bolsa balagyny çykarsa, ýolbars olardan ýüzüni sowar.

### *Doňuzdan goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri mellek ýerini suwaranda, suwa gunduz (çemerisa) goşsa, gunduzyň ysyny alan doňuz bu ýerlerden daşlaşar.

### *Aýydan goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri deňiz soganyny (işkil) suwda gaýnadyp, aýynyň geljek ýoluna sepse, aýy bu ysy alandan aýak aldygyna gaçar. Bu ösümligiň ösýän ýerine hiç haçan aýy golaýlaşmaz.

* * *

Eger kimdir biri deňiz soganyny ýanynda alyp gezse, aýynyň topulmagyndan aman bolar.

### *Syrtlandan goranmagyň usuly*

Syrtlan hiç haçan itüzümiň bitýän ýerine barýan däldir.

* * *

Eger kimdir biri özüni syrtlandan goramak islese, ýanynda itüzümi alyp gezsin.

### *Jaladan goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri syrtlanyň ýa-da barsyň ýa-da towşanyň derisini tersine çöwrüp, öýüniň öňünde asyp goýsa, onda jala öýüň töwereginden aýlanyp geçer we hiç hili zyýan ýetirmez.

* * *

Aýbaşy gören aýal egin-eşigini çykaryp, ýüzüni gara buluda öwürse, jala bu ýerden aýlanyp geçer.

* * *

Eger kimdir biri açar üýşmegini uzyn agajyň ujuna daňyp, agajyň çürbaşyna çykaryp, daňyp goýsa, jala bu ýerden aýlanyp geçer we ol ýere hiç hili zyýan ýetirmez.

### *Sowukdan goranmagyň usuly*

Eger kimdir biri ýere maýmynyň ýa-da syrtlanyň derisini ýazyp goýsa, onda şol ýerdäki ekini sowuk urmaz.

* * *

Eger şeýle derini agaçdan asyp goýsa, ol agajy sowuk urmaz.

* * *

Eger kimdir biri hurma şänigini ýakyp, onuň külüni ekin ýere sepip çyksa, onda ol ýeri sowuk urmaz.

* * *

Eger kimdir biri otda aýynyň öň aýaklaryny ýakyp, tüssesine elini we aýagyny tutsa, gyşda onuň el-aýagy üşemez. Esasan hem ol tüssä ädik tutulsa gowy bolar.

* * *

Eger kimdir biri möjek ýa-da tilki içýagyny žasmin ýagyna garyp, tenine çalsa, netije ýokardaky ýaly bolar.

* * *

Bedeniň sowuk alan agzalarynyň agyrysyny aýyrmak üçin şugundury suwa gaýnadyp, agyryly agza çalmaly. Şeýle edilse agyry aýrylar. Galan zatlar diňe Beýik Alla aýandyr.

## ON DÖRDÜNJI BAP

# GYMMATBAHA DAŞLARYŇ, MIWELERIŇ WE DÜRLI ÖSÜMLIKLERIŇ AÝRATYNLYKLARY HAKYNDA

Eger kimdir biri eline ýakut gaşly ýüzük dakynsa, onda oňa göz-dil täsir etmez.

* * *

Eger kimdir biri ýakut daşyny ownujak bölüp, az-owlak iýse, ol onuň ýüreginiň işleýşini kadalaşdyrar we ýürekdäki sanjyny aýrar. Şeýle-de ol ruhy kesellerden şypa tapmaga ýardam berýär.

* * *

Eger kimdir biri ýakut tozgasyny (poroşok) gözüne sepse, ol gözagyrydan halas bolar we görüşi gowulanar.

* * *

Eger kimdir biri hemişe boýnundan ýakut daşyny asyp gezse, ol adam hiç haçan şel bolmaz.

* * *

Lagl daşyny boýnundan asyp gezen adamyň ýüregi agyrmaz.

* * *

Lagl daşynyň tozgasyny göze sepseň, ol towuk körlüge şypa bolar we gözüň görşüni gowular.

* * *

Eger kimdir biri granit daşyny boýnundan asyp gezse, ol adam gije gara basmadan we ýürek agyrydan aman bolar.

* * *

Granit daşynyň tozgasy göze sepilende, göz nurlanar we bu nur uzak wagt saklanar.

* * *

Eger kimdir biri pöwrize daşynyň tozgasyny julap bilen garyp içse, onda ol ýürek sanjysyndan, bokurdak ganamasyndan we ysytmadan aman bolar.

* * *

Eger pöwrize daşynyň tozgasyny göze sürtseň, ol öňden galan gözagyra şypa eder.

* * *

Eger kimdir biri düri un ýaly döwüp, alma şerabyna garyp içse, ol adamda bar bolan ýürek agyry, ysytma şypa bolar we onuň kalbyndaky gaýgy-gamy aýrar.

* * *

Eger dür tozgasy göze sürtülse, ol gözagyra şypa bolar we görüşi gowulaşar.

* * *

Hrizoliti suwda döwüp, ol suw göze çalynanda, göze uly peýda bolar.

* * *

Eger kimdir biri almazy agzyna alyp, birnäçe wagt agzynda saklasa, ol adamyň dişleri berk bolar.

* * *

Eger kimdir biri zümerreti boýnundan asyp gezse, ol adamda bokurdak ganama keseli bolmaz.

* * *

Eger kimdir biri zümerret daşyndan iki danigi un ýaly edip, ýagyş suwuna garyp iýse, ol adamyň tenindäki öň bar bolan awular hem çykar.

* * *

Eger zümerreti apynyň gözleriniň ýanyna eltseň, ol kör bolar.

* * *

Eger gyzyl merjen bölegini köp peşew edýän çaganyň boýnundan assaň, ol az peşew eder.

* * *

Eger merjeni sürme ýaly döwüp, göze çalsaň, ol gözüň garaňkylamagyna we gözýaş akmasyna şypa eder.

* * *

Eger kimdir biri ýarym dirhem hakygy un ýaly döwüp, alma şerabyna garyp içse, onda ol ýürek agyrydan peýda tapar.

* * *

Eger kimdir biri hakygy dişiniň etine sürtse, dişiň etiniň ganamasy galar we dişler berk bolar. Eger-de onuň tozgasy içilse, içegedäki ýaralara we siýdik haltanyň işleýşine şypa bolar.

* * *

Dag bulluryndan ýasalan gap-gaçlarda iýip-içmeklik adam bedeni üçin örän peýdalydyr.

* * *

Eger kimdir biri bullury gün şöhlesi düşýän ýerde goýup, bulluryň arka ýüzünde çyra peltesini goýsa, pelte öz-özünden otlanar.

### *Kahruba*

Eger sary getirme bilen kesellän adam boýnuna kahruba dakynyp gezse, onuň keseli geçip gider.

* * *

Eger hamyla aýal boýnuna kahruba dakynyp gezse, ol aýalyň çagasy düşmez.

* * *

Eger zenan maşgala bir dirhem owradylan kahrubany uzak wagt duran zeýtun ýagyna garyp, nähilidir bir daşa çalyp, boýnundan asyp gezse, onuň ýatgysyndan gan gelmesi kesiler.

* * *

Eger kimdir biri ýaşym gaşly ýüzügi eline dakyp gezse, ony ýyldyrym urmaz.

* * *

Eger kimdir biri ýaşymy boýnundan asyp gezse, ol adam aşgazan keselleri bilen kesellemez.

### *Altynyň peýdasy*

Eger kimdir biri bir danik altyn tozgasyny melissanyň[1] şerabyna garyp içse, onda ol adam ýürek agyrydan, akylyňdan azaşmakdan, yşkyň yzasyny çekmekden, gaýgy-gama batmakdan, gije basyrganmakdan aman bolar. Şeýle-de onuň ýüzündäki sary aýrylar.

### *Kümüşiň peýdasy*

Eger kimdir biri kümüş tozgasyny we az-owlak altyn tozgasyny hem-de köp bolmadyk tirýek bilen garyp, üstüne alma şerabyny guýup, açlygyna içse, onda ol adam ýürek agyrydan, gaýgy-hasratdan, kakyn tutmakdan, nerw kesellerinden we şel bolmakdan aman bolar hem-de saglygyny gorap saklar.

### *Galaýynyň peýdasy*

Galaýyny daşa sürtüp, emele gelen gyryndyny bugardylan şerap we zeýtun ýagy bilen garyp, artpujaga çalynsa, onda ol adamda babasil bolmaz we otyrerindäki çişlere peýda eder.

---

[1] Limon ysly, sary gülli, bally ot ösümligi.

* * *

Eger ýasy galaýynyň bölegini arkaňa daňsaň, onda adamyň arkasyndaky agyry we gijilewük dessine dep bolar.

* * *

Eger galaýyny owradyp, bägül ýagy bilen garyp, bitmeýän ýara çalsaň örän gowy kömek eder.

### *Misiň peýdasy*

Eger kimdir biri misiň tozgasyny bala we ýagyş suwuna garyp, bir hepde gün şöhlesiniň aşagynda goýup, soňra ondan iki dirhemi we on dirhem şeraba garyp içse, onda ol adamyň aşgazanyndaky sary suwlar çykar.

* * *

Eger kimdir biri misi ýokarky taňlaýyna çalsa, onda ol adamyň gaýtarasy (gusmak) geler.

* * *

Eger misi bägül ýagyna garyp, köne ýara çalynsa, örän gowy peýda berer.

### *Gurşunyň peýdasy*

Eger kimdir biri gurşun bölejigini ýagşy owradyp, gözüniň gabagyna sürtse, onda ol adam çaşylykdan we göze ýara düşmekden şypa tapar.

* * *

Eger kimdir biri iki dirhem gurşun tozgasyny sikanjubine garyp iýse, onda onuň ujydyndan gelýän gan akmasy kesiler we peşew haltasyndaky ýara şypa bolar.

* * *

Eger kimdir biri gurşun tozgasyny ujydyndaky ýara ýa-da babasile sepse, örän peýda eder.

### *Demriň peýdasy*

Demriň posuny alyp, ony ýagşy owradyp, ýaňaga sürtülse, ýaňakdaky aklar aýrylar we ýüze ýara düşmeginden gorar.

* * *

Demri gyzdyryp, birnäçe gezek bugardylan şeraba sokup çykaryp, soňra bu şeraby içigeçmeden ezýet çekýän adama içirseň, ol adam keselinden şypa tapar.

### *Aýnanyň peýdasy*

Eger aýnanyň tozgasyny bala garyp, soňra ýylyjak suwda gaýnadyp, göze çalynsa, onda adamyň gözi nurlanar.

* * *

Eger bir mysgal aýna tozgasyny bugardylan şeraba garyp içilse, onda böwrekdäki we peşew haltadaky daşlar bölek-bölek bolup çykar.

* * *

Eger aýna tozgasyny dişe çalynsa, dişler agarar we arassalanar.

### *Kinowaryň peýdasy*

Kinowaryň tozgasy ýara sepilse, ýara derrew et örer we gutulmak bilen bolar.

* * *

Eger kinowary owradyp, bägül ýagyna we bägül suwuna garyp bedene çalynsa, onda bagyrdaky çişe we aşgazandaky ýara şypa bolar.

### *Surigiň peýdasy*

Eger surigi owradyp, gan akyp duran ýara sepilen ýagdaýynda ýaradan gan akmasy kesiler we ýara biter.

* * *

Eger surigi köne ýara sepilse, onda ýarada iriň bar bolsa, ýara iriňden arassalanar we gutular.

* * *

Eger surigi ýumurtganyň agy bilen garyp, ýara sürtülse, ýara tiz gutular.

* * *

Eger surigiň tozgasy ýaňaga sürtülse, onda ýaňak agarar we ýaňaga ýara düşmez.

### *Zagpyranyň peýdasy*

Eger kimdir biri dört dirhem zagpyran iýse, onda ol adam ýagşy uka gider we ýagşy düýş görer. Emma köp iýen ýagdaýynda gülküsi tutup, ölmegi mümkin.

* * *

Eger kimdir biri zagpyrany çişe sürtse, çiş aýrylar. Eger zagpyrany iýse, onda ol ýürek agyrydan şypa tapar we aýşy-eşrete islegi artar. Şeýle-de bagyr we öt kesellerine şypa eder.

### *Myşýagyň peýdasy*

Myşýagy ukrop bilen garyp, emele gelen zady ýakyp, tüssesi ysgalan ýagdaýynda köneden galan üsgülewük keseline we bokurdakdaky iriňli ýara şypa eder.

* * *

Myşýagy ýaga garyp, artpujaga sürtülen ýagdaýynda babasile şypa eder.

* * *

Eger myşýagy haýwanyň içýagy bilen garyp, kelledäki ýara sürtülse, köp peýda bolar.

### *Zanjaryň peýdasy*

Zanjary bura, sirke we şepbik bilen garyp, ýara çalynsa, köp peýda bolar.

* * *

Eger zanjary gurt (mör-möjek) düşen ýara sepilse, onda olar dessine ölerler we ýara arassalanar.

* * *

Eger kimdir biri zanjary ukrop şiresi we bägül ýagy bilen garyp, artpujagyna çalsa, babasil keselinden şypa tapar.

### *Lazuridiň peýdasy*

Eger lazuridi bal bilen garyp, deridäki ýara sürtülse, köp peýda bolar.

* * *

Eger zenan maşgala aýbaşy mahalynda ýarym mysgal lazuridi iýse, onda onuň aýbaşysy kesiler.

* * *

Eger hamyla zenan ýarym mysgal lazuridi zeýtun ýagyna garyp, jyns agzasyna salsa, onda onuň çagasy düşmez.

* * *

Eger lazuridi naryň güli bilen garyp iýilse, içgeçmä şypa eder. Eger ol bedendäki ýara sürtülse, ýara gutular.

### *Niliň peýdasy*

Eger zenan ýarym mysgal nil iýse, onda onuň aýbaşysy gelmesi kesiler. Şeýle-de ol deri kesellerine we öýkendäki ýara şypa bolar.

* * *

Eger nil tozgasy köne ýara sürtülse, uly peýda bolar.

### *Beliläniň peýdasy*

Eger beliläni bägül ýagy bilen garyp, çişe sürtülse, onda uly peýda bolar.

* * *

Eger beliläni göze sürtseň, gözdäki kesellere em bolar. Şeýle-de ol gaty çişe sürtülse, onda çiş ýumşar we aýrylmak bilen bolar.

### *Sürmäniň peýdasy*

Eger sürmäni göze sürtseň, onda ol göz kesellerine em bolar we göz nurlanar.

* * *

Eger sürmäni köne içýag bilen garyp, deriniň ýanan ýerine sürtseň, onda uly peýda bolar.

* * *

Eger zenan maşgala ýarym mysgal sürmäni iýse, onda onuň aýbaşysy kesiler we ýatgydaky ýara şypa bolar.

### *Buranyň peýdasy*

Eger burany bägül ýagy bilen garyp, artpujakdaky ýara ýa-da babasile sürtseň, uly peýda bolar.

* * *

Eger ýarym mysgal burany arassa ary baly bilen garyp, açlygyňa iýilen ýagdaýynda bedeniň dürli ýerlerindäki saryny aýyrar we sarygetirme keseline şypa bolar.

* * *

Eger kimdir biri bir dirhem burany zeýtun ýagyna garyp iýse, onda ol şellige we bedeniň gowşaklygyna şypa bolar.

* * *

Eger deň ölçegdäki bura bilen ak kuporosy garyp, göze sürtülse, onda ol has gowy görer we göze ak gelmeginiň öňüni alar.

### *Süňküň peýdasy*

Eger ölen adamyň süňklerini suwda ezip goýup, söýgi hasratyny çekýän adama içirseň, ol adamyň hasraty el bilen aýrylan ýaly bolar.

Eger süňki sürme ýaly owradyp iýmite goşup iýseň, garaguş keseline şypa bolar.

* * *

Eger kimdir biri erkek geçiniň (tekäniň) art aýagynyň süňklerini ýagşy owradyp, onuň bäş dirhemini sikanjubin bilen garyp iýse, onuň ödündäki çiş aýrylar. Şeýle-de ol adamdaky aýşy-eşrete bolan höwesi artdyrar.

* * *

Eger kimdir biri öküziň art aýagynyň süňküni ýakyp, külüni şeraba garyp içse, onda onuň aşgazanyndan gelýän gan akmasy kesiler.

* * *

Eger doňuzyň aýagynyň süňküni kiçi böleklere bölüp, ýiti sirkä ýatyryp, soňra ýara sürtülse, köp peýda berer.

* * *

Eger hurmanyň şänigini ýakyp, soňra sürme kimin owradyp, bal bilen garyp, göze sürtülse, ol gözi ak gelmeginden gorar we nurlandyrar.

### *Marenanyň peýdasy*

Eger kimdir biri marenany kellesine daňsa, onda ol adamyň kelle agyrysy el bilen aýrylan ýaly bolar.

* * *

Marenany ýagşy owradyp, arassa bal bilen garyp, kellä çalynsa, onda ol kelledäki ýaralara we onda saç düşmesine em bolar. Düşen saçlaryň deregine saç çykarar.

* * *

Marenany ýakyp, külüni arassa bala garyp, göze çalynsa, ol gözdäki saryny aýrar.

* * *

Eger owradylan marenany sirke bilen garyp, buruna damdyrylsa, onda burundan gan akmasy kesiler.

* * *

Eger owradylan marenany sikanjubin bilen garyp içilse, onda ol erkek adama güýç-kuwwat berer, dölüni köpelder, bagryny we ödüni dykynlardan arassalar. Şeýle-de zenanlaryň peşew

haltasyndaky kesellere em bolar we aýbaşynyň gelýän wagtyny kemelder.

### *Portulagyň peýdasy*

Eger kimdir biriniň ýatjak düşegine portulak dänesi sepilse, ol adam düýşürgäp dökmez.

* * *

Eger kimdir biri arpa ununy portulak şiresi bilen garyp, bedenine çalsa, ol gijilewükden şypa tapar we teni gurak bolmaz.

* * *

Eger portulak dänesi sikanjubin bilen garyp iýilse, onda ol agyz guramagyna, bedeniň aşa gyzmagyna we iç gatamagyna em bolar.

### *Başga bölüm*

Eger kimdir biri turşy miwe berýän nar agajynyň miwesini süýjetmek islese, onda ol nar agajynyň köküne çenli gazyp, onuň köklerine sygyr tezegini sürtmeli. Şeýle edilse, bu nar agajy süýji miwe berip başlar.

* * *

Eger kimdir biri nar agajynyň miwesiniň zaýalanmagyny islese, onda goý, ol adam duzy suwa garyp nar agajynyň üstün-

den sepsin. Duz nar agajyna siňenden soň, ondaky narlaryň dänesi zaýalanar.

* * *

Eger naryň içinde näçe dänäniň bardygyny bilmek isleseň, onuň bir bölejigindäki däneleri sanap, näçe bölek bolsa şoňa köpeltmeli.

* * *

Eger ak miweli üzümiň gara miwe bermegini isleseň, onda ol üzüm nahalyny köküne çenli gazyp, düýbüne nebit we gara şepbik guýmaly. Olar üzüm nahalynyň köküne siňenden soň, ol nahal gara üzüm berip başlar. Emma gerekli netijäni gazanmak üçin ýokardaky agzalanlary bahar paslynda etmeli.

* * *

Eger syçana ajy badam maňzy berilse, ony iýen syçan dessine öler.

* * *

Eger kimdir biri miweli agajyň şahasyndan liliýa agajynyň köküni assa, onda ol agaç bar miwesini döker.

* * *

Eger kimdir biri igde agajy güllän mahaly ondan bir şahajyk döwüp alyp, oňa öz dölüni sürtüp, isleýän zenanyna ysgat-

sa, ol zenan ondan aýrylyp bilmez we ony tüýs ýüregi bilen söýer.

* * *

Eger kimdir biri Marokkadan getirilýän aý daşy diýlip atlandyrylýan daşy miweli agaçdan asyp goýsa, ol agaç miweden ýaňa ýüküni göterip bilmez. Eger ol agajyň özi az miwe berýän hem bolsa miwesi has köpeler.

* * *

Suwda ösýän liliýanyň güli ýüze sürtülse, köp peýda bolar. Ol ýüzdäki ýaralaryň dermanydyr.

* * *

Kelemi gowrup, ony birnäçe gün saklap, soňra şerap bilen saçakda goýsaň, bu kelemi iýen adamlar şerapdan serhoş bolmazlar.

* * *

Eger kimdir biri bägülüň ortasyny (ýüregini) goparyp alyp, şeraba garyp, birine içirse, bu şeraby içen adam şolbada serhoş bolar.

* * *

Nahar iýmezden öň bäş sany arpa dänesini çeýnän adam uzak wagt şerapdan serhoş bolmaz.

* * *

Badam agajynyň köküni çeýnän hem şerapdan serhoş bolmaz.

* * *

Eger kimdir biri kişnäniň[1] ýapraklaryny çeýnese, ol şerap içse-de, agzyndan şerabyň ysy gelmez.

* * *

Eger kimdir biri nerkes gülleriniň arasynda aýşy-eşrete girip, dökjek mahaly nerkese seretse, onda ol adam ömürlik baglanar we galan ömründe ujydynda güýç-kuwwat duýmaz.

* * *

Kimdir biriniň ýassygynyň aşagyna gök liliýany goýsaň, ol düýşürgäp geplär.

* * *

Eger kimdir biri nerkes gülüni gyzyl reňke boýamak islese, goý, onda ony boýagçylaryň krahmalyna sokup çykarsyn. Şeýle edilende nerkes gyzyl reňke boýalar.

* * *

Eger kimdir biri sirke bilen gije gözel gülüniň ýapraklaryna ýazgy ýazsa, ýazgy gurandan soň, kä gyzyl, käte sary öwüser.

[1] Kişne – koriandr.

## ON BÄŞINJI BAP

# DÜRLI SUWLARY ULANMAK HAKYNDA

Eger kimdir biri duzly ýa-da ajy suwy süýjetmek islese, onda uly gazan alyp, ýaňky suwy oňa guýmaly. Ýokarsyna agaç böleklerini goýup, onuň üstüne ýüň ýazmaly. Agaçda we ýüňde duz galmaz. Bugaran suw süýji bolar.

* * *

Eger kimdir biri suwuň reňkini gana meňzetmek islese, goý, ol haýsydyr bir haýwanyň dalagyny alyp, gowy çekdirsin we onuň üstüne az-kem bura sepelesin. Ol gurandan soň, ownujak edip kessin we suwly küýzäniň düýbüne ýaňy buradan sepip: «Men jadygöýlük edýärin» diýip, özüni ynandyrsyn. Ol şeýle etse, küýzedäki suw gan ýaly gyzyl bolar.

* * *

Eger kimdir biri suwy süýde meňzetmek islese, onda kokos agajynyň miwesiniň ortasyny alyp, ony kiçijik bölejiklere bölüp, köne mata dolasyn. Soňra matany ýagşy sürtsün. Şeýle etse, suwuň reňki süýt ýaly bolar.

* * *

Eger kimdir biri suwy dessine buza öwürmek islese, onda gyzgyn süýdi we ak balygyň ýagyny suwa goşmaly. Şeýle edilse suw dessine buza öwrüler.

* * *

Eger kimdir biri suwy oda öwürmek islese, onda arassa çüýşe alyp, oňa suw guýsun. Soňra çüýşäni günüň aşagynda saklap, çüýşäniň aşagynda tezek goýsun. Günüň we çüýşäniň täsiri astynda tezek ot alar.

* * *

Eger kimdir biri küýzedäki suwy el degirmän başga bir küýzä geçirmek islese, onda ýüpek sapak alyp, onuň bir ujuny suwly küýzä, beýleki ujuny bolsa boş küýzä salsyn. Şeýle etse, suw ýüpek sapak boýunça boş küýzä geçer.

* * *

Eger kimdir biri sowuk suwy ot ýakman gaýnatmak islese, onda küýzä myşýak bölegini oklasyn we çaýkasyn. Şeýle etse, suw dessine gaýnar.

* * *

Eger kimdir biri suwly küýzäni döwende, suwuň dökülmezligini islese, onda arassa balyk ýagyny alyp, ony gyzdyrsyn, eretsin we täze küýzä goýup çaýkasyn. Balyk ýagy küýzäniň diwarlaryna ýagşy sürtülenden soň, guradyp, onuň içine suw

guýmaly we çaýkamaly. Balyk ýagy bilen suw ýagşy garyşandan soň, küýzäni döwmeli. Suw edil howada daňylyp goýlan ýaly durar.

* * *

Eger kimdir biri suwly küýzäniň içine kokos agajynyň hozuny salyp, onuň agzyny ýagşy ýapyp, az salym garaşsa, küýzäniň içinden geň sesler eşidilip başlar.

* * *

Eger kimdir biri toýun gaby ýa-da küýzäni el degirmän döwmek islese, onda onuň içine agaç şepbigini goýup, ilki azkem suw guýsun. Soňra şepbik bilen suw garyşandan soň, gaba ýene-de suw guýsun. Şeýle etse, ol gap döwüler.

* * *

Eger kimdir biri suwuň gara reňke boýalmagyny islese, suwa kuporos goşsun.

* * *

Eger kimdir biri suwa sirke we bakkan erginini goşsa, suw sary reňke geçer.

* * *

Eger kimdir biri suwly küýzäni başaşak edende suwuň dökülmezligini islese, onda suwuň üstüne kahruba tozgasyny sepelesin. Şeýle etse, küýzedäki suw doňan ýaly bolar.

## ON ALTYNJY BAP

# ODY ULANMAGYŇ USULY WE ÇYRA BILEN EDILÝÄN TILSIMLER HAKYNDA

Eger kimdir biri ot ýakyp, adamlary geň galdyrmak islese, onda bägül suwy saklanýan küýzä az-kem şerap we owradylan duz salyp, oduň üstünde goýsun. Küýzäniň agzyndan bug çykyp başlandan soň, kükürt ýa-da ak nebit sürtülen çyrany küýzäniň agzyna eltsin, küýzeden lowlap ot çykar.

* * *

Eger kimdir biri bedenine kamfor ýagyny ýa-da talyk sürtse, oňa ot täsir etmez.

* * *

Eger kimdir biri gyzyl toýun palçygyny, Ýemen zägini we hytmyny[1] garyp, bedenine sürtüp, ýanyp duran oduň içine girse-de, ot oňa täsir etmez.

[1] Hytmy – proskurnýak.

* * *

Eger kimdir biri myşýagy we Ýemen zägini owradyp, ýagşy garyp, eline sürtüp, ot ýaly çägä elini soksa-da, ol gyzgynlyk duýmaz.

* * *

Eger kimdir biri öýüniň, diwaryna iki guşuň suratyny çekip, biriniň çüňküne naşatyr, beýlekisiniň çüňküne bolsa kükürt sürtüp, nebit guýlan çyrany olaryň ýanyna eltsin. Eger ol ýanyp duran çyrany çüňküne naşatyr çalynan guşuň ýanyna eltse, çyra öçer. Eger ol çyrany çüňküne kükürt çalynan guşuň ýanyna eltse, çyra dessine ýanar.

* * *

Eger kimdir biri birnäçe çyrany diwara berkidip, olaryň her haýsysynyň içine nebit guýup, pelte oturtsyn. Soňra her çyranyň peltesine ýüpek sapak daňyp, olaryň ujuny bir ýere jemlesin. Ondan soň ýene bir ýüpek sapagy nebite ezip, onuň ujuny ýaňky sapaklaryň birikýän ýerine daňsyn. Ýanyp duran çyrany nebite ezilen ýüpek sapagyň ýanyna getirilende, çyralaryň peltesi ýanar, emma ýüpek sapaga ot düşmez.

* * *

Eger kimdir ýanyp duran oda girip, aman çykmak islese, onda talyk bilen «guş süýdüni» garyp, bedenine sürtsün. Şondan soň ol ýanyp duran oda girse-de, abat çykar.

* * *

Eger kimdir biri matanyň otda ýanmazlygyny islese, onda ilki ony ýuwup, soňra şalgam şiresine we sirkä ýatyrsyn. Ondan soň belile bilen owradylan Ýemen zägini garyp, üstüne sepelesin we guratmaga goýsun. Mata gurandan soň, matany oda oklasaň-da ol ýanmaz.

* * *

Eger kimdir biri ýokarda agzan zatlarymyzy kagyza sürtüp, oda oklasa, onda kagyz hem ýaňky mata ýaly ýanmaz.

* * *

Eger kimdir biri eliniň barmaklary bilen ot ýakmak islese, onda Kabul burasyny, deňiz köpürjigini we sirkäni garyp, ýagşy edip eline sürtsün. Soňra ol barmagyny nebitli gaba soksa, nebit otlanar. Emma ol adam hiç hili gyzgynlyk duýmaz.

* * *

Eger kimdir biri az-kem kükürdi ýagşy owradyp, mata bölegine orap goýsa, bir sagatdan mata öz-özünden otlanar.

* * *

Eger kimdir biri hozy açyp, onuň maňzyny aýryp, içine simap bilen kükürt goýup, hozuň daşyny toýun palçygy bilen suwap, oda oklasa, az salymdan otdan geň sesler eşdilip başlar.

* * *

Eger kimdir biri sirke bilen kükürdi bir gaba salyp, öýde goýsa, gije bu gapdan ýagtylyk çykar.

* * *

Eger kimdir biri boş gap alyp, oňa nebit we ýagşy owradylan sandaragy salyp, soňra bu gaby ýanyp duran oda goýup, öýüň howa girýän ähli deşiklerini ýapyp, öýüň gapysyny berkläp, kimdir birini gorkuzmak islese, az salymdan gapyny açdyryp ýaňky öýe salsyn.

* * *

Eger kimdir biri nebit, owradylan sandarak we şepbigi boş gaba salyp, körükde goýsa, gapdan lowlap ot çykar.

* * *

Eger kimdir biri şerap ýasaýanyň ýanyna baryp, oňa bildirmän onuň susagyna ýokardaky aýdylanlary guýup, susagy oduň üstünde ýa-da şeraply gabyň ýanynda saklatsa, susakdan bug çykyp, şerap ýasaýanyň ýüzüni we kellesini ýakar.

* * *

Eger kimdir biri mis bölejigini alyp, onuň üstüne sirke guýsa, mis bölejiginiň ýüzünde ýaşyl zanjar (pilis) emele geler. Soňra ony otda gyzdyryp, ýere taşlasyn. Ol mis bölegini ýerden galdyranda, öý onuň gözüne ýaşyl reňkde bolup görüner.

* * *

Eger kimdir biri çyra çakjagunduz ýagyny guýup, peltesini bolsa nil boýagyna ýatyryp, çyrany ýaksa, öý onuň gözüne ýaşyl reňkde bolup görüner.

* * *

Eger kimdir biri leňňeç tutup, ony bölekläp, zeýtun ýagynda gowursa, soňra peltäni bu ýaga ezip, çyrany ýaksa, onda bu öýde oturan adamlar biri-biriniň gözüne hereket edýän ýaly bolup görünerler.

* * *

Eger kimdir biri deňiz pyşbagasynyň ýagyny we ermeni burasyny garyp, zeýtun ýagynda gowursa we soňra bu ýaga peltäni ezip, çyrany ýaksa, onda bu öýde oturanlar özlerini gämide oturan ýaly duýarlar.

* * *

Eger kimdir biri bägül ýagy bilen towşan ganyny goşup, çyra guýup, çyrany ýaksa, onda bu öýde oturanlar öýüň içine suw goýberildi diýip pikir ederler.

* * *

Eger kimdir biri ölen adamyň kepeninden we ýylanyň derisinden pelte ýasap, çyra simap ýagyny guýup, ýaňky peltäni

ýaksa, onda bu öýde oturanlaryň gözüne ýylanlar görüner. Olar gorkularyndan ýaňa oturara, durara ýer tapmazlar.

* * *

Eger kimdir biri ýylanyň derisinden pelte ýasap, çyra nebit guýup, bu peltäni otlasa, onda öýdäkileriň gözlerine bu öýde üç-dört ýylan gezip ýören ýaly bolup görüner.

* * *

Eger kimdir biri eşegiň ýagyny, kükürt we adamyň beýnisini garyp, mata bölegine siňdirip, ondan pelte ýasap, ýaşyl çyra simap ýagyny guýup, gije ýaksa, bu öýde oturanlar biri-birine kellesiz bolup görüner.

* * *

Eger kimdir biri eşegiň gulagyndan akýan iriňi mata siňdirip, ondan pelte ýasap, çyrany ýaksa, onda bu öýde oturanlar biri-birine eşek gulakly bolup görünerler.

* * *

Eger kimdir biri balyk bişen ýagdaýda saçaga getirilenden soň, gozganmagyny islese, onda hozy alyp, onuň içindäki maňzyny aýyrsyn. Soňra hozuň içini simapdan dolduryp, onuň deşigini palçyk bilen suwap, balygyň içine salsyn. Balyk saçaga alnyp, onuň içindäki hoz gyzandan soň, ol hereketlenip başlar.

* * *

Eger kimdir biri gurbaganyň ganyny mata siňdirip, onuň üstüne owradylan kükürt sepip, bu matany çyra pelte edip, çyrany fialka ýagyndan dolduryp ýaksa, onda bu öýde oturanlaryň ählisiniň ýüzi garalar.

* * *

Eger kimdir biri myşýagy we zanjary ýagşy owradyp, olary mata dolap, bu matany çyra pelte edip ýaksa, öýde oturanlaryň ählisiniň ýüzi saralan ýaly bolar.

* * *

Eger kimdir biri deňiz köpürjigini kamfora ýagy garylan suw bilen goşup, eline çalyp, elini ýanyp duran çyranyň ýanyna golaýlatsa, çyranyň ody peselip, öçmek bilen bolar.

* * *

Eger kimdir biri guşy bişirmezden öň, onuň daşlygyna kokos agajynyň hozuny salyp, körükde bişirse, onda bu guş sa-çaga alnanda geň owaz çykarar.

* * *

Eger kimdir biri deňiz köpürjigini, boýag hozuny we owradylan kuporosy ýagda ezip, soňra bir mata siňdirip, ondan pelte

ýasap, çyrada ýaksa, bu öýde oturanlar biri-birine zynjy ýaly gap-gara bolup görünerler.

* * *

Eger kimdir biri bugardylan şerap bilen hek bölegini garyp, bir gaba guýup, gabyň agzyna kükürt bölejigini tutsa, gapdan lowlap ot çykar.

* * *

Eger kimdir biri eline gurbaga ýagyny çalsa, oňa ot täsir etmez (eline).

* * *

Eger kimdir biri gurbaga ýagyny gazanyň düýbüne sürtse, nahar gazanyň düýbüne ýapyşmaz.

* * *

Eger kimdir biri myşýak, potaş we sirkäni garyp, gazanyň düýbüne çalsa, netije ýaňky ýaly bolar.

* * *

Eger kimdir biri gazany garda goýup, otsuz gaýnatmak islese, onda hek bölegini köne sirke bilen garyp, gar sepip, gazany onuň üstüne goýsa, gazan dessine gaýnar.

* * *

Eger kimdir biri kamforany bir gaba guýup, ony oduň üstünde goýsa, ot derrew öçer.

* * *

Eger kimdir biri aýna bölegini ýa-da bullury günüň aşagynda tutup, şöhlesini tezege gönükdürse, tezek dessine otlanar.

* * *

Eger kimdir biri barmagyna mata bölegini orap, şem ýaly ýakyp, barmagynyň we matanyň abat galmagyny islese, onda ol Ýemen zägini, Kabul buryny, Pars kükürdüni we deňiz köpürjügini alyp, sirkede ýagşy garsyn. Emele gelen zady barmagyna sürtüp, üstünden ak nebit guýsun we barmagy ýaksyn. Barmak agyry duýman, şem ýaly ýanar.

* * *

Mata bölegini şem ýaly ýakyp goýmak üçin, ilki bilen ony duzly süýtde ýuwmaly. Soňra ýokarda ady agzalan zatlara ýatyrmaly we üstüne ak nebit guýup ýakmaly. Mata hiç hili zeper ýetmez.

## ON ÝEDINJI BAP

# ŞERAP BILEN EDILÝÄN OÝUNLAR WE TILSIMLER HAKYNDA

Eger kimdir biri miwelerden şerap ýasamak islese, onda Hytaý yşgynyny (rewen) alyp, ony suwly küýzä atmaly. Küýzäniň agzyny berk ýapyp, bir gün goýanyňdan soň, miweli şerap emele geler.

* * *

Eger kimdir biri şerabyň ajysyny aýyrmak islese, onda şerabyň içine gandna[1] tohumyny taşlasyn.

* * *

Eger kimdir biri täze ýasalan piwäni küýzä guýup, agzyny berk ýapyp, şeraply gabyň içine goýsa, küýzedäki piwe güýjüni ýitirer.

---

[1] Gandna - poreý sogany.

* * *

Eger kimdir biri gyzyl şerabyň ýa-da sirkäniň içine ýumurtganyň agyny guýup, ýagşy çaýkap, çöküşýänçä garaşsa, gyzyl şerap ýa-da sirke ak reňke geçer.

* * *

Eger kimdir biri şeraba suw goşulandygyny barlap görmek islese, onda gamyş bölegini alyp, ony künji ýa-da ýunan hozunyň ýagyna batyryp, soňra şeraply küýzä soksun. Eger gamyşda şerap damjalary galmasa, onda oňa suw goşulandygydyr. Şeýle usul bilen üzüm sirkesine-de suw goşulanmy ýa-da däldigini barlap bolar.

* * *

Eger kimdir biri ak çakyry gara reňke boýamak islese, onda oňa bakkanyň erginini we az-kem kuporos garsyn. Şeýle etse, ak çakyr gara reňke geçer.

* * *

Eger kimdir biri alma oklanda, alma şerabyň düýbüne çökse, onda şeraba suw goşulandyr. Eger alma şerabyň ýüzünde ýüzüp gezse, bilgin, şerapçy işini halal ýerine ýetirendir.

* * *

Eger kimdir biri şeraby oňa garylan suwdan arassalatmakçy bolsa, onda şeraby küýzä guýsun we içine kuporos oklasyn. Şeýle etse, suw şerabyň düýbüne çöker. Eger kimdir biri şe-ra-

byň içine eşegiň derisiniň bir bölejigini oklasa, bu şeraby içen bulagaýlyk edip başlar we özüni eşek pisintli alyp barar.

* * *

Eger kimdir biri şeraba düýäniň gulagynyň iriňini ýa-da tirýegi ýa-da bir danik galyýa goşsa, bu şerapdan bir pyýala içen derrew serhoş bolar.

Eger ony serhoşlukdan açmak islese, onda oňa öküzüň beýnisini ýa-da sygyr ýagyny iýdirsin.

* * *

Eger kimdir biri pyýaladaky şeraba ýarym danik kamfor ýagyny garyp içse, onda ol şol gün näçe içse-de, serhoş bolmaz.

* * *

Eger kimdir biri elinde göterip duran pyýalasynyň gaýnamagyny islese, onda ilki bilen pyýala sirke, soňra az-kem demir tozgasyny we ondan soň şerap guýsun. Şeýle etse, onuň elindäki şerap gaýnar we hemmeleri haýran eder.

* * *

Eger kimdir biri turşy badamy arassalap, şekere garyp iýse, şerapdan serhoş bolmaz.

* * *

Eger kimdir biri jazygy birnäçe gezek şeraba batyryp çykarsa, bu şerap ol adamy serhoş etmez.

* * *

Eger kimdir biri mirti ýag we nebit bilen garyp, ony bir pyýala şerabyň üstüne goşsa, pyýaladaky şerap dessine lowlap ýanar.

* * *

Eger kimdir biri mirtiň şiresini bugardylan şeraba garsa, şerap şolbada sirkä öwrüler.

* * *

Eger kimdir biri ýarym çüýşe şerabyň üstüne duz we azkem kükürt garyp, oduň ýanyna ýakynlaşdyrsa, çüýşäniň agzy ýanar. Emma çüýşe şerapdan doly bolmaly däldir.

* * *

Eger kimdir biri şerap içmezden, serhoş bolmak islese, onda bir bölek jylka et alyp, ol ýukalýança ursun. Soňra ony tezege gömüp goýsun. Birnäçe wagt geçip, ete gara gurçuk düşer. Gurçuklary tutup, guratsyn we galyýe bilen garsyn. Emele gelen zady kim ysgasa, şerap içmezden serhoş bolar.

* * *

Eger kimdir biri miweden ýasalan şeraba gulagyň iriňini goşsa, onda bu şeraby içen tiz serhoş bolar we uzak wagt ýatar.

* * *

Eger kimdir biri serhoşlugynyň keýpiniň uzak saklanmagyny islese, seldereý tohumyny, Müsür ziresini we jazyg tozgasyny garyp, açlygyna iýsin. Şeýle etse, ol uzak wagt serhoş bolar.

* * *

Eger kimdir biri şeraba garynja ýumurtgalaryny garsa, onda bu şeraby içen ýel goýberer we uzak wagt içindäki ýelini saklap bilmez.

* * *

Eger kimdir biri gabygy aýrylan şalgam tohumyny iýse, ýel goýbermez.

### *Başga-da gyzykly zatlar hakynda*

Eger kimdir biri soganyň düýbüni alyp, ony dag baziliginiň erginine ezip, emele gelen suw bilen ýumurtganyň daşyna hat ýazyp, guradyp, soňra ýumurtgany gaýnadyp, ýumurtganyň gabygyny aýyrsa-da, ýazgy ýumurtganyň agynda peýda bolar.

* * *

Eger ýumurtganyň daşyna kuporos bilen ýazgy ýazylsa-da, netije ýaňky ýaly bolar.

* * *

Eger kimdir biri agzyna ajy şalgamy alyp, çeýnäp, soňra agzyna gyzyl ýumurtga salyp, az-kem wagtdan agzyndaky ýumurtgany çykarsa, ol gyzyl däl-de, ak reňkde bolar.

* * *

Eger kimdir biri Siriýanyň boýag syýasyndan bir danigini agzyna alyp, ak ýumurtgany agzyna salyp, biraz saklap, agzyndan çykarsa, ak ýumurtga gyzyl reňke geçer.

* * *

Eger kimdir biri gabyň içinde hekiň üstünde ýumurtga goýup, oňa suw guýup, gabyň agzyny toýun gapak bilen ýapsa, bir sagatdan ýumurtga otsuz bişer.

* * *

Eger kimdir biri ýumurtganyň böwrüni deşip, onuň içindäki agyny we sarysyny sorduryp alyp, içine iki dirhem simap guýup, deşigi hek bilen suwap, otda gyzdyrsa, ýumurtga öz-özünden böküp başlar.

* * *

Eger kimdir biri temmuz aýy (Gorkut) gije ýumurtganyň agyny we sarysyny sorduryp alyp, olaryň ýerini ösümlik şiresi bilen dolduryp, deşigi mum bilen ýapyp, gün düşjek ýerde goýsun. Ertesi gün ýagşy gyzanda ýumurtga öz-özünden uçar.

* * *

Eger kimdir biri kagyz bölejigini alyp, ondan gämijagaz ýasap, daş tarapyna balyk ýagyny we zagpyran, iç ýüzüne binäçe dirhem simap çalyp, suwa goýberse, ol gämijagaz suwuň ýüzünde böker we pyrlanar.

* * *

Eger kimdir biri ösümlik şiresinden doly çüýşäniň üstüne kagyzdan ýasalan guşy gün şöhlesi düşjek ýerde goýsa, gün gyzandan soň, ol guş asmana uçar.

* * *

Eger kagyza ösümlik şiresini sürtüp, guradyp, gün şöhlesiniň aşagynda goýsaň, onda ol kagyz asmana uçar.

* * *

Eger kimdir biri öňki aýdyşymyz ýaly ýumurtgany deşip, içindäki agyny we sarysyny sorduryp alyp, ýerine ösümlik şiresini goýberip, deşigi mum bilen ýapyp, ýumurtgany öýde gün şöhlesi düşýän ýerde goýsa, ol gyzandan soň, öňe-yza tarap uçar we öýüň penjiresi açyk bolsa daşary çykyp gider.

* * *

Eger kimdir biri öňki edişimiz ýaly ýumurtganyň içini arassalap, içine simap guýup, deşigini suwap, hammamyň yssy ýerinde goýsa, onda az wagtdan ol hammamyň iň ýokarsyna çenli galar. Eger hammamyň ýokarsynda yş bar bolsa, ol uçup çykyp gider we ýere gaçar.

## ON SEKIZINJI BAP

# DÜRLI TILSIMLER HAKYNDA

Eger kimdir biri barmaklaryny altyndan etmek islese, onda Horasan talykyny alyp, ony gaýçy bilen ownujak böleklere bölsün. Soňra bir şalgam alyp, onuň ortasyny kesip aýyrsyn we ýaňky taylk bölejiklerini onuň içine goýup, ýere gömsün. Talyk eräp, suwuk ýagdaýa geçenden soň, ony ýerden çykaryp, hasadan geçirsin we bir gaba guýsun. Soňra onuň çökündüsiniň üstüne kamfor ýagyny we şalgam şiresini goşup, olary küýzä guýup, agzyny berk ýapyp, bir aýlap ýyly tezegiň içinde saklasyn. Soňra jylka et alyp, ony mis kuporosy we öňki küýzedäki zatlar bilen bilelikde mata dolap olary ýene-de tezege gömsün. Köp wagt geçmän, etde gurçuk peýda bolar. Gurçuklary bir gaba ýygnap alyp, onuň üstüne sary zenjebil goşmaly we gabyň agzyny ýapyp, iki gün şeýle halda goýsun. Soňra gaby açyp, onuň içine ýumurtganyň sarysyny we bäş dirhem sary zenjebili goşup, gabyň agzyny ýapyp, ýagşy suwap, tomsuň güni on bäş günläp tezege gömüp goýsun. Aýdylan wagt geçenden soň, gabyň içinde ergin emele geler. Barmaklary ilki naşatyr erginine, ondan soň ýaňky ergine batyryp, güne guratsa, ol adamyň barmaklary altyn kimin öwüşgün atar.

* * *

Eger kimdir biri atynyň reňkini halamasa, onuň üstüne gyzgyn suw guýsun. Şeýle etse, onuň tüýi düşer we indiki çykjak tüý başga reňkde bolar.

* * *

Eger kimdir biri ýunan hozuny usullyk bilen açyp, maňzyny aýryp, onuň ýerine sinap goýup, oňa balyk ýagyny çalyp, guradyp, ondan soň hozy öňünde goýup, doga okasa, hoz öz-özünden pyrlanyp başlar.

* * *

Eger kimdir biri guzynyň burnuna owradylan gara burç dykyp, soňundan soýsa, onuň derisini gyzgyn suwsuz hem arassalap biler we aňsat deriden çykarar.

* * *

Eger kimdir biri zergäriň ojagyna az-owlak şepbik oklasa, onuň bar ýasajak şaý-sepleri zaýa çykar.

* * *

Eger kimdir biri çörek bişirýäniň tamdyryna az-owlak simap taşlasa, bu tamdyrda çörek durmaz.

* * *

Eger kimdir biri buzluk ýere bir man duz guýsa, ähli buz erär.

* * *

Eger kimdir biri katyra ýapraklaryny ýaga garyp, mis bölejigine sürtüp, pyçagy bu mis bölejiginde näçe çalsa, pyçak şonça-da küteler.

* * *

Eger kimdir bir bäş dirhem galaýyny alyp, ownujak edip bölüp, ony az-kem bugdaý dänesi bilen garyp, jykyra oklap, okamaly dogany okasa, jykyr aýlanmasyny bes eder.

* * *

Eger kimdir biri kiçijik çüýşäni elinde başaşak saklamak islese, onda ol ilki bilen guşlary tutmak üçin ulanylýan ýelimi eline çalsyn we guradyp, soňra eline tüýkürip, kiçijik çüýşäni eline alsyn we başaşak etsin. Çüýşe ol adamyň elinden gaçmaz.

* * *

Eger kimdir biri kenepden örülen ýüpüň belli bir ýerinden üzülmegini islese, onda şol ýere Iskenderiýa nebitini çalsyn we bir gije-gündiz şeýle ýagdaýda goýsun. Eger ýüp çekilse, nebit çalynan ýerinden üzüler.

* * *

Eger kimdir biri Iskenderiýa nebitini tapmasa, onda kükürdi suwda toýun palçyga garyp, ýüpe sürtsin we bir gije-gündiz şeýle ýagdaýda goýsyn. Soňra haýran galdyrmak isleýän adamlaryny ýygnap, ýüpi agaja daňsyn we çeksin. Ýüp kükürtli palçyk goýlan ýerinden üzüler.

* * *

Eger kimdir biri mumdan ýolbars we naşatyrdan adam şekilini ýasap, suwly gapda goýup, üstüne ýukajyk mata örtse, az wagtdan naşatyr eräp, ýolbars adamy iýen ýaly bolup görüner.

* * *

Eger kimdir biri mumdan iki şekili ýasap, biriniň içine demir, beýlekisiniň içine magnit goýsa, olar biri-birine ýakynlaşdyrylandan gujaklaşarlar.

* * *

Eger kimdir biri syçanyň hinine garynjanyň ýumurtgalaryny goýsa, hinden möjegiň we şagalyň uwlaýan sesleri eşidiler.

* * *

Eger kimdir biri mazardan öliniň başujyndan we aýakujyndan toprak alyp, uklap ýatan adamyň ýüzüne sepse, ol tä oýarýançalar ukuda ýatar. Eger öliniň süňklerinden alyp, on ýagşy

owradyp, ukuda ýatanyň ýüzüne sepeleseň, ol has-da uzak ýatar.

* * *

Eger kimdir biri katan[1] bilen badýanyň ýapraklaryny eline daňsa, onda ony uky basmaz. Köp syýahatçylar bu usuly ulanýarlar.

* * *

Eger kimdir biri demire we polada uzak wagt goýun ganyny guýup dursa, olar ýumşarlar.

* * *

Eger kimdir biri dalçyny suwda gaýnadyp, soňra ony bugdaý dänesi ýaly bölejiklere bölüp, öý haýwanlarynyň ýa-da wagşy haýwanlaryň burnuna dyksa, ol haýwan özüni ýitirer we näme edýändigini bilmez. Şol wagt onuň bilen islän zadyňy edip bolar. Haýwany özüne getirmek üçin üstüne sowuk suw sepmeli.

* * *

Eger kimdir biri hammama baranda belli bir ýere sogan sürtse, ol ýere oturan adam ýel goýberip başlar. Onuň artpujagyna ýag çalsaň, ol ýel goýbermesini bes eder.

---

[1] Katan - zygyrgüller.

* * *

Eger kimdir biri sakgalyna jasmin ýagyny çalyp, kükürt tüssesine tutsa, onuň gara sakgaly ak reňke geçer. Eger ol sakgalynyň ýene-de gara reňke geçmegini islese, onda ol sakgalyny bal garylan sirkä ýuwsun.

* * *

Eger kimdir biri künji ununy gazanda ýugrup, guradyp, iki-üç gün kükürt tüssesine tutup, soňra ondan ýag alyp, sakgalyna sürtse, onuň şar-gara sakgaly ap-ak bolar.

* * *

Eger kimdir biri garynjanyň ýumurtgasyny agaç şepbigi bilen garyp, birine iýdirse, ony iýen adam ýel goýberip başlar.

* * *

Eger kimdir biri otuz dirhem boýag hozuny ýagşy döwüp, ony ýarym dirhem kuporos bilen garyp, nämedir bir zada goşsa, ol dessine garalar.

* * *

Eger kimdir biri ýokarda aýdylanlary owradylan halyla bilen garyp, sabyn erginine goşsa, ol sabyna elini ýuwanyň dessine eli garalar.

* * *

Eger kimdir biri kuporosyň kökünden ýasalan ergine elini ýuwsa, ýokardaky ýaly netije bolar.

Eger ol eliniň garasyny aýyrmak islese, onda ol kişne[1] köküniň erginine hek garyp, eline sürtsün.

* * *

Eger kimdir biri syýanyň üstüne surepka şiresini garyp, emele gelen zat bilen eline içýanyň suratyny çekip, elini birine ýalatsa, suraty ýalan adamyň dili şeýle bir erbet agyrar welin, ol suratdaky içýan dilinden çakandyr öýder.

* * *

Eger kimdir biri diri aryny ilki zeýtun ýagyna taşlasa, ol gozganman ýatar. Ony görenler ary ölendir öýderler. Eger ol aryny sirkä taşlasa, ary uçup gider. Bu halaty görenler ol adam ölä jan berip bilýär diýip pikir ederler.

* * *

Eger kimdir biri owradylan kerpiç, naşatyr we simabyň her haýsyndan bir dirhem alyp, olary ýagşy garyp, onuň bilen misi ýa-da bürünji arassalasa, mis we bürünç gar ýaly ak bolar we öwüşgün atar.

---

[1] Kişne – koriandr.

* * *

Eger kimdir biri öliniň dişini we saçyny alyp, olary tozga we guşuň peri bilen garyp, biriniň ýassygynyň aşagynda goýsa, ol adam uka gidende, ukudan oýanman ýöräp gezer.

* * *

Eger kimdir biri sirke, zanjar we şalgam şiresini garyp, demire sürtse, demir mise meňzär.

* * *

Eger kimdir biri boýag hozunyň owradylan tozgasyny we badran şepbigini garyp, aýna bölegine sürtüp, soňra aýnany oda gyzdyrsa, aýna gyzgynlyga döwülmez.

* * *

Eger kimdir biri kümüşi birnäçe gezek potaş bilen arassalasa, kümüş altyna meňzär.

## ON DOKUZYNJY BAP

# LYBASLARDAN DÜRLI TEGMILLERI AÝYRMAGYŇ USULY HAKYNDA

### *Matany ýuwmagyň usuly*

Nyşapur toýnuny alyp, oňa sabyn köküni, nardan ýasalan sabyny garyp, olary suwda ezip, ony hasadan geçirmeli we arassalamaly. Soňra onuň üstüne zenan süýdüni goşup, tegmilli lybasy ýa-da matany onda ezip goýmaly. Ondan soň ony suwda ýuwmaly. Lybas ýa-da mata tegmilsiz ap-ak we arassa bolar.

### *Parçany arassalamagyň usuly*

On sitir ermeni toýnuny, bäş sitir ak sabyn köküni bilelikde ezmeli. Soňra ony hasadan geçirip, oňa goýun ödüni garyp, parçany onda ýuwmaly. Şeýle edilende parçada ýekeje-de tegmil galmaz.

### *Reňkli matany arassalamagyň usuly*

Kömelek, bura we duz alyp, olary suwda ýagşy garyp, lybasy şol suwa sokmaly. Lybasy suwdan çykaranyňda, ol tämiz we tegmilsiz bolar.

Yshak Kindi: «Eger mata nähilidir bir boýag degse, onda guradylan nar dänesi bilen sabyn kökünіň şiresini garyp, tegmile sürtüp, ýyly suwda ýuwsa, tegmil dessine aýrylar» diýýär.

### *Lybasdan syýany aýyrmagyň usuly*

Kepderi tezegini alyp, ony suwda gaýnadyp, syýa degen lybasy şonda ýuwsaň, lybas tämizlener. Ýa-da tegmile zeýtun ýagyny sürtüp, soňra sabyn bilen ýuwmaly.

Şalgamy ýagşy bölekläp, turşy sirke bilen garyp, ony tegmile sürtüp, soňra sabyn bilen ýuwsaň, ol eşikdäki syýany aýyrar.

Turunj şiresini köne sirke bilen garyp, lybasdaky syýa tegmile sürtüp, sabyn bilen ýuwsaň tegmil aýrylar.

Sabyn köküni suwda gaýnadyp, soňra bu suw bilen tegmil degen lybasy ýuwsaň, tegmilden nam-nyşan galmaz.

Sirkäni gaýnadyp, oňa sabyn köküni taşlap ýene-de gaýnadyp, onuň bilen tegmilli lybasy ýuwmaly. Soňra ony ýene-de elde sabyn bilen ýuwsaň, tegmilden nam-nyşan galmaz.

Künji dänesini ýagşy çeýnäp, ony satar[1] bilen garyp, tegmile sürtmeli we soňundan sabyn bilen ýuwmaly. Şeýle edilse, tegmilden nam-nyşan galmaz.

### *Lybasdan syýa tegmili aýyrmagyň ýene bir usuly*

Arap şepbigini alyp, ony suwda gaýnatmaly. Soňra lybasy sabyn bilen bu suwda ýuwmaly. Lybas täze ýaly tämiz bolar. Ýa-da sirkäni, sabyn köki we nar dänesi bilen gaýnadyp, tegmili şonuň bilen arassalamaly. Soňra gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwmaly. Lybasdaky tegmil aýrylyp, ap-ak öwüşgün atar.

---

[1] Satar – timýan.

* * *

Eger kimdir biri eşikdäki tegmili suwsuz aýyrmak islese, onda, süňk alyp, ony ýaksyn we ownujak böleklere bölsün. Soňra ony gazanda gyzdyryp, tozga ýaly bolandan soň, ony tegmile sepsin we üstüne ýasy daş goýsun. Eger tegmil bir gezekde aýrylmasa, ýaňky edenlerini ýene-de gaýtalasyn.

### *Lybasdan nili aýyrmagyň usuly*

Kepderi tezegini suwda gaýnadyp, soňra ony eşikdäki tegmile sürtüp, gyzgyn suw bilen ýuwmaly.

### *Lybasdaky ýag tegmili aýyrmagyň usuly*

Zeýtun ýagyny gaýnadyp, ony eşikdäki tegmile sürtüp, soňra gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwmaly. Şeýle edilse, lybas täze ýaly bolar.

* * *

Ýaňy bişen çöregiň ýumşak ýerini bölüp alyp, ony eşikdäki tegmile sürtmeli we gyzgyn suwda ýuwmaly.

Ýa-da tegmile süýtde ýugrulan hamyry sürtüp, gyzgyn suw bilen ýuwmaly.

### *Eşikden şepbigi aýyrmagyň usuly*

Süýdi ýagşy gyzdyryp, şepbik degen lybasy süýde sokup, el bilen mynçgamaly. Soňra süýtden çykaryp, gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwmaly. Şeýle edilse, eşik şepbikden tämizlener.

### *Eşikden nebiti aýyrmagy usuly*

Nebit tegmiline täze soýlan goýnuň ödüni gyzgynlygyna sürtüp, soňra gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwmaly. Şondan soň lybas tämiz bolar.

### *Lybasdan galyýany aýyrmagyň usuly*

Lybasdaky tegmile künji ýagyny sürtüp, soňra ony sabyn bilen ýuwmaly.

Ýa-da künji ununy tegmile sürtüp, soňra ony tezek gaýnadylan suwda ýuwsaň, tegmilden nam-nyşan galmaz.

### *Lybasdan mumy aýyrmagyň usuly*

Lybasdaky tegmile ilki buz, soňra ýag sürtüp, ondan soň peşew bilen ýuwmaly. Diňe şondan soň lybas tämizlener.

### *Başga bir usul*

Demri otda gyzdyrmaly. Mumuň üstüne kagyz goýup, onuň ýokarsyna ýaňky demri goýmaly. Kagyz lybasdan aýrylanda, lybasdaky tegmil hem aýrylar.

### *Lybasdan zagpyrany aýyrmagyň usuly*

Ermeni bura we sabyn alyp, tegmil degen lybasy gyzgyn suwda ýuwmaly.

Ýa-da guradylan nar dänesini we sabyn köküni suwda gaýnadyp, tegmilli lybasy şol suwda ýuwmaly.

Ýa-da ilki tegmilli lybasy gyzgyn suwda ýuwup, soňra tegmile owradylan bura sürtüp, kükürt tüssesini tutmaly. Şeýle edilse, zagpyran tegmilden nam-nyşan galmaz.

### *Lybasdan halyla şepbigini aýyrmagyň usuly*

Sabyn köküni, naryň guradylan dänesini we köne sirkäni suwda gaýnadyp, tegmilli lybasy şol suwda ýuwmaly. Soňra ýaňky lybasy kükürt tüssesine tutup, arassa gyzgyn suwda ýuwmaly.

### *Lybasdan döli aýyrmagyň usuly*

Eger tegmil täze bolsa, onda onuň üstüne arpa ununy sürtüp, sowuk suw bilen ýuwmaly. Soňra tegmile ownuk duz sepip, gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwmaly. Tegmilden nam-nyşan galmaz.

### *Başga bir usul*

Sarymsak bilen sogany ownujak edip kesip, olaryň şiresini almaly. Soňra onuň üstüne duz goşup, tegmile sürtmeli we gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwmaly. Şeýle edilse, lybas tegmilden tämizlener.

### *Lybasdan gany aýyrmagyň usuly*

Lybasy ilki sowuk suwda ýuwup, soňra tegmile ownuk duz sepmeli we gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwmaly.

### *Lybasdan ýagly tegmili aýyrmagyň usuly*

Suwda sabyn köküni we hytmy gaýnadyp, ýagly tegmilli lybasy bu suwda ýuwmaly.

* * *

Eger lybasa Ýunan hozunyň ýagy degen bolsa, tegmile künji ýagyny sürtüp, soňra tegmile noýba we arpa ununy sepip, gyzgyn suw bilen ýuwmaly.

* * *

Eger lybasa balyk ýagy degen bolsa, onda suwda katyra bilen arap şepbigini gaýnadyp, tegmilli lybasy bu suwda ýuwmaly.

* * *

Eger lybasa künji ýagy degen bolsa, onda oňa ilki üzüm şiresini sürtüp, noýba gaýnadylan suwda ýuwmaly.

* * *

Eger reňkli matadan tikilen lybasa ýagly tegmil degen bolsa, onda ony kül garylan suw bilen ýuwup, soňra arassa suwda durlap, kölegäniň aşagynda guratmaly.

### *Ýene bir usul*

Sirke, zäk we Nyşapur toýnuny garyp, eşikdäki tegmile sürtmeli. Ertesi gün gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwmaly.

* * *

Eger lybasa sygyr ýagy degen bolsa lybasy tämizlemek üçin, turşy süýdüň içine saç ýuwmak üçin ulanylýan palçygy taşlap, ony tegmile sürtmeli, soňra bolsa gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwmaly.

* * *

Eger ýag tegmili ýüpek lybasa degen bolsa, onda oňa birnäçe gezek goýun ödüni sürtüp, günde guratmaly. Soňra bolsa tegmile hek we kepderi tezegini sürtüp, arassa suwda ýuwmaly.

### ***Kagyzdaky ýag tegmilini aýyrmagyň usuly***

Kagyzdaky ýag tegmiliniň üstüne ownujak duz sepip, ýokarsyna agyr daş goýmaly.

* * *

Eger hat ýazylan kagyza künji ýa-da çyra ýagy degen bolsa, onda tegmiliň üstüne Yspyhan toýnuny ownujak edip kesip, tegmiliň üstüne sepmeli we ýokarsyna agyr zat goýmaly. Şeýle edilse, ýagly tegmil aýrylar, hata bolsa zeper ýetmez.

### ***Derä degen ýag tegmilini aýyrmagyň usuly***

Gury heki duz bilen garyp, ony el bilen deridäki tegmile sürtmeli. Şeýle edilse, deri ýag tegmilinden tämizlener.

### *Lybasa degen miweleriň şiresiniň tegmilini aýyrmagyň usuly*

Eger lybasa naryň gabygynyň şiresi degen bolsa, onda ony tämizlemek üçin arap şepbigi we Ýemen zäginden deň-derejede alyp, olary owradyp, az-kem sabyn köküni goşup, suwda gaýnatmaly. Lybasy suwda ezip, ýokardaky emele gelen zady sürtmeli we soňundan sabyn bilen gyzgyn suwda ýuwmaly.

### *Şeýle tegmili aýyrmagyň ýene bir usuly*

Bura bilen eşek peşewini garyp, tegmile sürtmeli we gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwmaly.

* * *

Eger lybasa nar şiresi degen bolsa, onda sabyn köküni we arap şepbigini garyp, tegmile sürtmeli. Soňra bolsa arassa suwda ýuwmaly.

* * *

Eger kimdir biriniň eşigine üzüm şiresi degse, onda ony sirke garylan suwda sabyn bilen ýuwsun.

* * *

Eger kimdir biriniň eşigine şerap degse, onda düýe tezegini suw bilen garyp, tegmile sürtsün. Soňra bolsa sabyn bilan hek garylan suwda ýuwsun.

* * *

Eger kimdir biri eşigine injir şiresini degirse, onda tegmilli eşigi arpa uny garylan gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwsun.

* * *

Eger kimdir biri eşigine ýunan hozunyň gabygynyň şiresini degiren bolsa, onda ony ilki turşy süýtde ýuwup, soňra gyzgyn suwda sabyn bilen durlasyn.

* * *

Eger kimdir biri eşigine şetdalynyň şiresini degiren bolsa, onda ony ilki bilen turşy süýtde, soňra bolsa arpa garylan arassa suwda ýuwsun.

* * *

Eger kimdir biri eşigine garaly şiresini degiren bolsa, onda ony ilki sabyn köki, soňra bolsa arassa gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwsun.

* * *

Eger kimdir biri eşigine erik şiresini degiren bolsa, onda ony gury nar däneleri gaýnadylan suwda ýuwup, soňra kükürt tüssesine tutup, gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwsun.

* * *

Lybasa miwe şiresi degende, eger sabyn köki gaýnadylan suwda ýuwulsa, soňra kükürt tüssesine tutmaly we gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwmaly.

* * *

Eger kimdir biri eşigine hurma şiresini degirse, onda heki eşek peşewi bilen garyp, tegmile sürtsin, soňra bolsa gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwsun.

* * *

Eger kimdir biriniň lybasyna Ýunan hozunyň şiresi degse, onda ilki bilen sabyn köki we potaş gaýnadylan suwda, soňra bolsa gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwsun.

* * *

Eger kimdir biri lybasyna noýba şiresini degiren bolsa, onda künji we satar dänesini ýagşy döwüp, tegmile sürtüp, soňra gyzgyn suwda sabyn bilen ýuwsun.

* * *

Eger kimdir biri ýuwup bolmaýan zatdan ýagly tegmili aýyrmak islese, onda tegmile ownujak duz sepip, üstüne agyr zat goýsun.

### *Ýene bir usul*

Nyşapur toýnuny ownujak edip bölüp, duz bilen garmaly we tegmiliň üstüne sepmeli. Şeýle edilse, ol zat tegmilden tämizlener.

* * *

Eger kimdir biri Yspyhan toýnuny ownujak edip bölüp, soňra gaýnadyp, ondan soňra tegmile sepip, üstüne agyr zat goýsa, tegmil aýrylar we ol zady ýuwmak gerek bolmaz. Ähli zatlar Beýik Allanyň eradasy bilen bolýandyr.

## ÝIGRIMINJI BAP

## ÄR-AÝAÝALLYK GATNAŞYKLARYNYŇ SYRLARY WE GÖWRELILIK HAKYNDA

Men [Hubaýş Tiflisi] bu gatnaşyklaryň ynsan ömründe esasy orny eýeleýändigi sebäpli bu gatnaşyklar babatynda köpüräk gürrüň edesim geldi. Arap dilinde jymag sözi birleşmek, jem bolmak, är-aýal işini ýerine ýetirmek ýaly manylary berýär. Beýik Allatagala ynsan nesli öz-üzünden köpeler ýaly olary jübüt-jübüt edip ýarýatdy we olaryň arasyndaky gatnaşygy lezzetleriň iň naýbaşy etdi. Är-aýal gatnaşygy diňe bir aýşy-ýeşret bolman eýsem, ol akyl azaşmakdan gorap, guduzlumak, kakyn tutma we öz janyňa kast etmek ýaly keselleriniň dermanydyr. Bu gatnaşyklardan uzak saklanylan wagty ynsan özüni nähili alyp barmalydygyny bilmän, ýoluny urdurýar. Är-aýal gatnaşyklaryny ýerine ýetirmek üçin erkek adamyn garnynyň dok bolup, wagtly wagtynda ukusyny almagy, keýpiniň saz bolmagy hökmandyr. Bu gatnaşyklara howanyň yssy ýa-da sowuk bolmagy ýa-da är-aýalyň teniniň tämizligi we biri-birine mylakatlylygy hem öz täsirini ýetirýär. Olaryň haýsydyr biri sarymsak, sogan ýa-da balyk iýen bolsa bu zatlaryň ysy är-aýal gatnaşygyna bolan höwesi gaçyrýar. Iýip-içip nahar ýagşy siňenden soň hammama girip, ondan soň  är-aýal gatnaşygyna girilse has gowy bolar. Bu gatnaşyga girilende zenan bilen oýnaşyp, onuň göhini getirmek hökmandyr. Zenanyň asal leb-

lerinden we gyrmyzy mämesinden ogşalanda ol heýjana geler. Erkek Adamyň göhi gelmesi aňsatdyr. Emma ol zenan arzyly pursata ýetmänkä dökmezlige çalyşmalydyr. Sebäbi zenan arzyly pursada ýetmese onda gaharjaňlyk we degna keseli peýda bolýar. Är-aýal gatnaşyklary dogry we wagtly wagtynda ýerine ýetirilse olaryň ikisi hem sagdyn bolarlar. Zenan maşgala aýbaşy görýän wagty, çaga bolandan soň gelýän gan kesilýänçä we gyzlygy alynandan soň birnäçe gün oňa ýakynlaşmaly däldir. Onuň ýatgysyndan gelýän hapa ganlardan erkek adama kesel geçip biler. Ol zenanyň jyns agzasyny ýara edip, erkek adamyň bedeninde iriňli düwürtükleriň peýda bolmagyna we peşew haltasynda keseliň döremegine getirer. Bilgin, är-aýal gatnaşyklarynda hiç hili erbetlik ýokdur. Diňe zenan maşgala heniz kämillik ýaşyna ýetmedik halatynda zyýan bolup biler. Zenan maşgala suwa düşünip, owadan lybaslar geýip, zynatlanyp, hoşboý ysly müşk-anbar sepinip erkek adamyň ýanyna gelende islendik erkek hem bu halaty görüp saklanyp bilmez. Erkek adam köp wagt hammamada bolanda ýa-da uzak wagt aç gezende zenan maşgala höwes duýmaz. Bu gatnaşyklar kalbyň we beýniniň kadaly işlemegine ýardam eder. Muhammet alaýhyssalam: «Gyzlar size beýlekilerden has haýyrlydyr» diýýär. Ol gyzlar diýip heniz el degrilmedik we abaýyny gorap saklan gyzlary göz öňünde tutýar. Sebäbi gyzlyk almak iň lezzetli eşretleriň biri hasaplanýar. Är-aýal gatnaşyklaryny bir gezek ýerine ýetirenden soň ýene-de isleg dörän halatynda olaryň ikisi hem mylaýym suwa düşünmeli. Suw olaryň hapa bedenini tämizlär we ýene-de güýç-kuwwat berer.

Ynsan tebigaty özünde güýç-kuwwaty jemleýär. Haçanda onuň güýç-kuwwaty agdaklyk edende ony bedenden çykarmaly bolýar. Ynsana esasy güýç-kuwwat berýän zatlaryň biri howa bilen suwdur. Ol tagam iýende onuň bedeninde çyglylyk emele gelýär we gan aýlanşy gowulanýar. Gan

aýlanşyň tizligi bedeniň gyzmagyna getirýär. Ol hem öz gezeginde ujydyň galmagyna we berkemegine getirýär. Ynsanyň bedenini gyzdyrýan, çyglylygyny köpeldýän we damarlarynda ganyň akyşyny ýeňledýän tagamlar, onuň aýşy-eşrete bolan höwesini artdyrýar. Şonuň üçin hem ynsan ilki bilen tagamyny saýlap başarmalydyr. Är-aýal gatnaşyklaryny ýerine ýetirmek üçin ukyny kadaly alyp, wagtynda iýip-içmek hökmandyr. Nahara köpüräk et, sogan we ýumurtga goşulanda olar erkek adamyň höwesini artdyrýar.

* * *

Ýumurtganyň sarysy ýa-da towuk, guzy we serçe beýnisi gowrulyp iýilse ynsana örän köp kuwwat berer we zenana islegini artdyrar. Süňkdäki ýülügi gaýnadyp iýilen ýagdaýynda-da şeýle netijä getirýändir.

* * *

Tebigaty çygly adam ýokarda agzalanlara duz sepip we narpyz goşup iýse är-aýal gatnaşygynda ýadawlyk duýmaz.

* * *

Şalgam iýen adamyň güýç-kuwwaty zyýada bolar we aýşy-eşrete höwesi artar.

* * *

Soganyň özi örän çygly iýmitdir. Onuň diňe özüni iýlen halatda, ondan hiç hili nep bolmaz. Haçanda guzy etini so-

gan bilen garyp, gowrup iýlende ol ynsana güýç-kuwwat berýär we aýşy-eşrete höwesini artdyrýar.

* * *

Bal, injir, kişmiş, hoz, maňyz, pisse, çişlik, kepderi jüýjesini, serçe we ördek ýumurtgasyny, horaz etini, mesge ýagyny iýmek we täze sagylan süýdi içmek adama iň peýdaly zatlaryň biridir. Olar ynsanyň tohumyny köpeldýär we är-aýal gatnaşygyna höwesini artdyrýar.

* * *

Süzme, dört aýlyk owlagyň we towuk etini, ýumurtganyň sarysyny we baly garyp tagam taýýarlap iýlende ol ynsanyň güýç-kuwwatyny köpeldýär we är-aýal gatnaşygyna höwesini artdyrýar.

* * *

Gulanyň etini bir gije gaýnadyp, ony iki bölege bölmeli. Soňra onuň bir bölegini sogan, beýleki bölegini bolsa nohut bilen garyp iýmeli. Şeýle edilse ony iýen adamda dagy göterer ýaly güýç-kuwwat jemlener.

* * *

Eger kimdir biri balyk işbilini ýumurtganyň sarysyny uzyn burç bilen garyp iýse, onda ol adamda är-aýal gatnaşygyna höwes dörär.

* * *

Hozuň maňzyny ýagşy owradyp, ony elekden geçirip, täze sagylan süýt bilen garyp hamyr ýugurmaly. Soňra ol hamyry gyzgyn tamdyrda goýup, üstünde ýagly towugy ýa-da ýagly ördegi asyp goýmaly we tamdyryň körüklerini hem-de agzyny ýapmaly. Ondan soň towugy ýa-da ördegi ýaňky çörek bilen tutup iýmeli. Ony iýen adam agşamdan tä daň atýança är-aýal gatnaşygyny ýerine ýetirmäge ukyply bolar.

* * *

Hoz, pisse, maňyz alyp olary ýagşy owradyp elekden geçirmeli. Soňra ony injir we göknar dänesi bilen ýagşy garyp, täze süýtde gaýnatmaly we her gün ir bilen içmeli. Şeýle eden adam är-aýal gatnaşygyny isledigiçe ýerine ýetirip biler.

* * *

Öý guşlarynyň, esasan hem towuk we kepderi jüýjelerini nohut ýa-da pagta dänesi bilen iýmläp, soňra gowrup iýilen ýagdaýynda, adamyň güýç-kuwwaty zyýada bolar.

* * *

Eger kimdir biri wagtly-wagtynda serçe etini gowrup iýse we täze süýt içse onuň ujydy gaty bolar we tohumy köpeler.

* * *

Nohudy täze süýtde gaýnatmaly we nohut bişip çişenden soň ony mesgede gowurmaly. Ondan soň oňa gury imiş we

bal goşup iýmeli. Ony iýen dagy ýerinden gozganmaga ukyply bolar.

* * *

Ak gandy we sogan şiresini täze sagylan süýtde gaýnadyp, her gün irden on dirhem içmeli. Bu içgi hem ynsana güýç-kuwwat berýän serişdeleriň biridir.

* * *

Şalgam we käşir tohumyny, gawun çigdiniň maňzyny alyp, olary ýagşy owratmaly. Soňra ony ýaş sygryň süýdünde gaýnadyp, her gün ir bilen üç dirhem içmeli. Bu içgi hem ony içeniň kuwwatyny zyýada eder.

* * *

Ýandagy ýaş sygryň täze süýdünde gaýnatmaly we gaýnandan soň her gün daň bilen içmeli. Bu içgi gyzgyn tebigatly adamlara örän peýdalydyr.

* * *

Är-aýal gatnaşygyny kä wagt ýerine ýetirýän adamlar bir hepde diňe guzy etinden çişlik iýip, täze sagylan süýt içmeli we är-aýal gatnaşygyny ýerine ýetirmekde saklanmaly. Bir hapde geçenden soň ol özüni düýbünden başga adam kimin duýar we isledigiçe är-aýal gatnaşygyny ýerine ýetirip biler.

* * *

Kepderi jüýjesini, ördek ýumurtgasyny we täze hasyldan alynan sogany mesge bilen gowryp, üstüne bir käse suw guýmaly. Soňra on dirhem arassalanan nohut, zagpyran we bägül ýagyny goşup, gazanyň gapagyny ýapyp goýmaly. Tagam taýýar bolandan soň ony ak undan taýýarlanan çörek bilen tutup iýmeli. Şeýle eden adamyň tohumy we güýç-kuwwaty zyýada bolar.

* * *

Ýagly ördegi alyp, ony böleklere bölmeli we sogan, sarymsak hem-de uzyn burçy garyp täze mesgede gowurmaly. Soňra kokos we ýunan hozuny, pisse, maňyzy alyp ýagşy owratmaly we ýaňky naharyň üstüne goşmaly. Ondan soň nahara gerek bolan ölçegde suw guýmaly we birnäçe ýumurtganyň sarysyny çakyp, gazany gapaklamaly. Nahar taýýar bolanda oňa ak undan bişirlen çöregi dograp iýmeli. Bu tagam hem är-aýal gatnaşygyny ýerine ýetirmäge uly ýardam berer.

* * *

Ýagly ördegiň ýa-da towugyň ýa-da kepderiniň ýa-da hindi towugynyň (indýuk) etini süňkünden aýryp, uzyn burç, sogan, nar dänesi, sarymsak we zagpyran bilen garyp, az-kem suw guýup gaýnatmaly. Nahar suwy çekip alandan soň täze mesgede gowurmaly. Nahar taýýar bolandan soň ony ak undan taýýarlanan çörek bilen tutup iýmeli. Ony iýeniň tohumy we güýç-kuwwaty zyýada bolar.

* * *

Täze soýulan göle etini suwda gaýnadyp, oňa nohut, göknar dänesini, sarymsak, zagpyran, az-kem şalgam we pagta çigidini goşmaly. Nahar taýýar bolandan soň onuň üstüne limon şiresini sepip, ýanýoldaşy bilen iýmeli. Olaryň ikisi hem är-aýal gatnaşygyndan uly lezzet alýarlar.

* * *

Guzynyň etiniň ýagly ýerinden ýarym batman[1] alyp, ony gazanda gaýnamaly we üstüni bugdaý dänesini we suw goşup, ýuwaş otda goýup gaýnatmaly. Soňra kokos we ýunan hozundan, pisseden we maňyzdan alty dirhem alyp, olary ýagşy owratmaly we elekden geçirip, ýaňky nahara goşmaly. Nahar taýýar bolandan soň ony ak undan taýýarlanan çörek bilen tutup iýmeli. Şeýle eden adam agşamdan tä daň agarýança är-aýal gatnaşygyny ýerine ýetirip biler.

* * *

Zagpyrany gaýnadyp onuň suwuny içmek we ýatyljak düşege bu suwdan sepelemek är-aýal gatnaşygyna uly peýda berer.

* * *

Balyk etini alyp, onuň içine sarymsak we sogan dykyp zeýtun ýagynda gowuryp iýilse ol aýşy-eşrete höwes döredip, erkek adamyň dölüni artdyrýar.

---

[1] Batman – 2 kg 400g deň bolan ölçeg birligi.

* * *

Zenjebil, käşir, dürli çigit we maňyz iýmek är-aýal gatnaşyklaryna höwes döredýär.

* * *

Semremek, sowuk daşyň üstünde oturmak we merdiwan bilen ýokary çykmak erkek adamy ysgyndan gaçyrýar. Şeýle ýagdaýda onuň är-aýal gatnaşygyna bolan höwesi gaçýar.

* * *

Sowsan gülünden ysgamak, ýüň lybas geýmek we hammamda öte gyzgyn suwa düşünmek zenan maşgalanyň är-aýal gatnaşygyna bolan höwesini gaçyrýar.

* * *

Açlyk, ukusyzlyk, gaýgy-gam we köp pikir etmeklik zenanyň-da erkegiň-de är-aýal gatnaşygyna bolan höwesini gaçyrýar.

* * *

Zagpyran, künji ýagy, jerjir[1], noýba, hoz maňzyny iýmek erkekde-de we zenanda är-aýal gatnaşygyna höwes döredýär.

---

[1] Jerjir – kress salat.

* * *

Ýagşy owradylan demirtiken otuny, sogan şiresini, baly we içýagy garyp, biraz wagt günüň aşagynda goýmaly. Soňra ony zeýtun ýagynda gowuryp iýmeli. Şeýle edip iýen adamda är-aýal gatnaşyklaryna höwes dörär.

* * *

Eger är-aýal nerkes gülleriniň arasynda aýşy-eşrete girip, erkek dökjek mahaly nerkese seretse, onda ol adam ömürlik baglanar we galan ömründe ujydynda güýç-kuwwat duýmaz.

* * *

Eger kimdir biri erkek geçiniň art aýagynyň süňklerini ýagşy owradyp, onuň bäş dirhemini sikanjubin bilen garyp iýse, ol adamdyň aýşy-eşrete bolan höwesi artdyrar.

* * *

Ýaş çagaly zenan maşgala düýeguşuň etini iýen ýagdaýynda, onuň göwsündäki süýt köpeler. Şeýle-de ol zenanda är-aýal gatnaşygyna höwes dörär.

* * *

Düýeguşuň etini bişirip, halwa bilen goşup, zenan maşgala sowuk garaýan erkege iýdirilse, ol adamda zenan maşgala ýakynlaşmak höwesi dörär.

* * *

Eger erkek adam zenan maşgala ýanaşmazdan ozal ujydyna barsyň beýnisini çalsa, olaryň ikisi hem är-aýal gatnaşygyndan uzak wagt lezzet alarlar.

* * *

Eger kimdir biri möjegiň ödüni bala garyp, ujydyna sürtse, onda ol adamyň ýanaşan zenanlarynyň söýgüsini gazanar.

* * *

Eger kimdir biri itiň ujydyny guradyp, aýagyna daňsa, onda ol adam bir gijäniň dowamynda birnäçe gezek är-aýal gatnaşygyny ýerine ýetirip biler.

* * *

Eger kimdir biri gara pişigiň garnyny ujydyna çalyp, zenan maşgala ýakynlaşsa, ol zenan är-aýal gatnaşygyndan uly lezzet alar.

* * *

Eger kimdir biri gara pişigiň ýumurtgalaryny guradyp, ownujak kesip, mesgä garyp, ujydyna çalsa we zenan maşgala ýakynlaşsa, ol adamyň ýakynlaşan aýallary ol bedroý hem bolsa oňa aşyk bolarlar we ondan başgany islemezler.

* * *

Eger kimdir biri towşanyň ödüni žasmin ýagyna garyp, ujydyna çalyp, zenan maşgala ýakynlaşsa, zenan ol adamyň mährinden ganyp bilmez.

* * *

Eger kimdir biri keýigiň pilçesini ýakyp, külüni anbar bilen garyp, zenana çalynmaga berse, bu zatdan çalynan zenan ony beren adamyň mährinden ganyp bilmez we onuň ähli islegini kanagatlandyrar.

* * *

Eger kimdir biri zenan maşgalanyň adyny tutup, palçyk gaba dölüni dökse we gurandan soň, gapdan dölüniň dökülen ýerini gyryp alyp, injire sepip, ady tutulan zenana iýdirse, ol zenan bu adam bilen aýşy-eşretde bolmak islär.

* * *

Erkek adam uzyn guýrukly serçäni tutup, ony öldürip, beýnisini özüniň ýüzüniň we kükreginiň deri, gözýaşy we döli bilen garyp, zenana iýdirse, ony iýen zenan ony söýer we ähli islegini kanagatlandyrar.

* * *

Eger kimdir biri laçynyň beýnisini ýumurtga bilen garyp, soňra isleýän zenanynyň adyny tutup, ýaňky zada galyýa goşup, şol ady tutulan zenanyň burnuna çalsa, ol zenan onuň islegini kanagatlandyrar.

* * *

Hüýpüpigiň aýaklanmadyk jüýjesini çorbada gaýnadyp, zenan maşgala içirseň, çorbany içen zenan ol adamyň islendik arzuw-islegini ýerine ýetirer.

* * *

Eger zenan maşgala towşanyň içýagyny ýa-da tezegini ýanynda alyp gezse, ol zenan hamyla bolar.

* * *

Eger zenan maşgala towşanyň içýagyny we tezegini mesge bilen garyp, ýanynda alyp gezse, ol zenan tiz wagtdan hamyla bolar.

* * *

Eger zenan maşgala syçanyň ýumurtgalaryny ýanynda göterse, ol zenan hamyla bolmaz.

* * *

Eger önelgesiz zenan laçynyň ganyny şeraba garyp içse, ol zenan göwreli bolar.

* * *

Önelgesiz zenan maşgala birnäçe gezek piliň ownujak döwülen süňküni iýenden soň hamyla bolar.

* * *

Eger zenan maşgala piliň tezegini mata dolap, ýanynda görterse, ol zenan hamyla bolmaz.

* * *

Piliň peşewini nahara garyp, önelgesiz zenana iýdirseň, ol zenan basym hamyla bolar.

* * *

Eger hamyla zenan ýarym mysgal lazuridi zeýtun ýagyna garyp, jyns agzasyna salsa, onda onuň çagasy düşmez.

* * *

Eger hamyla aýal boýnuna kahruba dakynyp gezse, ol aýalyň çagasy düşmez.

* * *

Bu kitap Allanyň ýardamy bilen 884-nji hijri ýylynyň dört tirkeşigiň birinji aýynda Kostantynyýa şäherinde ýazylyp gutaryldy.

# ALHIMIÝA USSADY HEM-DE MÜNEÇJIM

Türkmen medeniýetiniň, ylmynyň Hak Howandary, Mukaddes Ruhnamasy bilen geçmişdäki beýik-beýik danalarymyzy tirsegine galdyran Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy: **«Bizden öň öten türkmenler okamagy, täze bilimleri öwrenmek hyjuwyny, ylymda nähili belentliklere ýetseler-de, dowam edipdirler, sebäbi olar bilim dowamaty bilen ýaşapdyrlar we ösüpdirler...»**[1] diýip nygtaýar. Müňýyllyklary öz içine alýan, altyn harplar bilen ýazylan dünýä meşhur türkmen taryhy tanymal şahslara örän baýdyr. XII asyrda ýaşap, dünýäniň çar künjeginde tanalan, belli türkmen münejjimi, matematigi, dilçi alymy we meşhur tebibi Hubaýş ibn Ybraýym ibn Muhammet Kemaleddin Abu Fazyl Tiflisi Arranda dogulýar we şol ýerde kemala gelýär. Hubaýş Tiflisiniň doglan ýyly we ene-atasy barada maglumatlar örän ujypsyz. Çeşmelerde onuň takmynan 510-515-nji hijri (1116-1117 – 1121-1122 milady) ýylynda doglandygy hakynda maglumat berilýär.

Hubaýş Tiflisi döwrüň kämil ylymlaryny ele alyp, ylymdar adamlaryň arasynda uly abraýdan peýdalanýar. Arap, pars we ýunan dillerini suwara bilen Hubaýş Tiflisi soňra Ruma gelip, Konýada seljuk hökümdary Abu Şujag Gylyç Arslan ibn Mesudyň (1156-1192) köşgünde işläp başlaýar. Ol diňe bir müneçjimlik we tebipçilik bilen meşgul bolman, eýsem dil we

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001, 17s.

pelsepe ylymlary bilen-de gyzyklanyp, birnäçe meşhur kitaplar ýazyp, özünden soňky nesillere galdyrypdyr. Ylma, medeniýete we sungata uly sarpa goýan Seljuk hökümdary Gylyç Arslan ibn Mesut Hubaýş Tiflisiniň işlemegi we ylmy açyşlar bilen meşgullanmagy üçin köp şertleri döredipdir. Onuň köp kitaplarynyň ýazylmagyna şol döwürde ylym dünýäsini köptaraplaýyn ösdüren Gylyç Arslan sebäp bolupdyr. Taryhy çeşmelerde habar berlişine görä, günleriň birinde Gylyç Arslan Hubaýş Tiflisini ýanyna çagyryp: «Meniň şahyrlaryň goşgularynda ulanýan kyn arap sözleriniň manysy we sazlaşygy hakynda bir kitap okasym gelýär. Emma ýazjak kitabyň Horasan şahyrlarynyň ugry bolsun we okyjyny ýadatmaz ýaly uzak bolmasyn» diýýär. Şeýdip, Tiflisiniň «Sazlaşyklar» atly kitaby dünýä inýär. Ýene bir gezek Gylyç Arslan ondan: «Danalar üçin haýsy ylym iň ýokary mertebelidir?» diýip soranda ol: «Eý, soltanym, biler bolsaňyz danalar üçin ähli ylym ýokary derejelidir» diýip jogap berýär. Emma ol az-kem oýlanyp: «Megerem, tebipçilik ylmy ähli ylymlaryň seresi bolsa gerek. Sebäbi islendik adam hassa bolup biler we tebibiň kömegine mätäç bolar» diýýär. Şol wakadan soň Hubaýyş Tiflisi tebipçilige degişli arap dilinde ýazylan işleri okap, ähli adamlara düşnükli bolar ýaly sada sözler bilen beýan edilen «Tebibçilik hakyndaky kitap» atly eserini ýazýar. Çeşmelerde habar berlişine laýyklykda, ol Gylyç Arslanyň weziri hem bolup işläpdir. Hubaýş Tiflisi seljuk hökümdarynyň ynanan wezipesini ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem ol Gylyç Arslanyň iň ýakyn dosty we syrdaşy bolupdyr. Türkmen hökümdarlary hemişe-de ylymly, bilimli adamlaryň gadryny bilip, olara uly hormat goýupdyrlar. Bolelin durmuşda ýaşap, seljuk hökümdary Gylyç Arslanyň hemaýat bermegi bilen durmuşda hiç hili kymçylygy duýmadyk Hubaýş Tiflisi, ömrüniň köp bölegini ylma sarp edipdir.

2004-nji ýylyň Baýdak aýynyň 13-i Türkmen mirasynyň dikeldilip, täzeden jan berlen güni diýsek ýalňyş bolmaz. Sebäbi bu gün Türkmeniň Söwer Ogly Baky Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini açyp, golýazmaçy alymlara ak pata berdi. Eziz Serdarymyz «Miras» merkeziniň işgärlerine daşary ýurtlara iş saparlary gurnap, ol daşary ýurtlardaky türkmeniň geçmişine degişli golýazmalaryň surat nusgasynyň ata Watana getirmekligi sargyt etdi we bu işi amala aşyrmakda zerur ýardamlary berjekdigini aýtdy. Uzak wagt geçmänkä, Beýik Serdarymyzyň gönüden-göni ýolbaşçylygynda Germaniýa, Eýran Yslam Respublikasyna we Türkiýe Respublikasyna iş saparlary gurnalyp, jemi 108 sany golýazmanyň surat nusgasy eziz diýarymyza getirildi. Hubaýyş Tiflisiniň «Senetleriň beýany» kitaby hem Türkiýe Respublikasyna gurnalan iş saparynda Stambul şäherinde ýerleşýän «Süleýmaniýe» kitaphanasynyň Aýasofiýa bölüminiň 3574-nji bukjasynda saklanýan golýazma nusgasy esasynda arap dilinden türkmen diline terjime edildi.

Hubaýyş Tiflisi «Senetleriň beýany» kitabyny pars dilinde ýazýar we şol döwürde kabul edilen däbe laýyklykda Seljuk hökümdary Gylyç Arslana sowgat berýär. Bu kitapda alhimiýa, gymmatbaha daşlar, bullurlar we syrçalar, olary dürli reňklere boýamak, olara suw öwüşgününi bermek, dürli ýiti we kesgir ýaraglary taplamak we ýylmamak, kätipleriň hökmany bilmeli zatlary, dürli haýwanlaryň aýratynlyklary, ýyrtyjy haýwanlardan we mör-möjeklerden goranmagyň usullary, şerap bilen edilýän oýunlar we tilsimler, är-aýal gatnaşyklarynyň syrlary we göwrelilik hakynda gyzykly maglumatlar bar. Bu eseriň has aýratynlykly tarapy-da, Hubaýyş Tiflisi özünden öňki alhimiýa barada kitap ýazan alymlardan tapawutlylykda, ýazan zatlaryny tejribe geçirip barlap görüpdir we geçiren tejribeleriniň köpüsinde üstünlik gazanmagy başarypdyr.

Osmanly türkmen hökümdary Süleýman II ylma, bilime we medeniýete ummasyz goşant goşan we olaryň ösmegine uly itergi beren adamdyr. «Süleýmaniýe» kitaphanasy hem 1556-njy ýylda Süleýman II buýrugy bilen bina edilýär. Bu kitaphana diňe bir golýazmalaryň jemlenen ýeri bolman, eýsem kitaphananyň işgärleri öň bar bolan golýazmalary dürli dillere terjime etmek, könelen, zaýa bolan golýazmalary dikeltmek işi bilen hem meşgul bolupdyrlar. Süleýman II tagallasy bilen Hubaýş Tiflisiniň «Senetleriň beýany» kitabynyň arap dilindäki golýazma nusgasy peýda bolýar. Hubaýş Tiflisiniň kitaplarynyň köpüsi Süleýmaniýe kitaphanasynda saklanýar. Ajaýyp türkmen alymy Hubaýş Tiflisiniň kitaplarynyň arap, pars we türkmen dillerindäki golýazmalarynyň köpüsiniň bu kitaphanada saklanmagy Seljuk we Osmanly Türkmen hökümdarlarynyň oňa uly hormat goýandygynyň subutnamasydyr. Onuň gyzyldan gymmatly, bahasyna ýetip bolmajak golýazmalary bu günki gün Sankt-Peterburgyň, Londonyň, Parižiň, Stambulyň, Tähranyň, Maşadyň, Prinston uniwersitetiniň (ABŞ), Daşkendiň we Gote şäheriniň meşhur kitaphanalarynyň gymmat kitaplary saklanýan tekjeleriniň bezegine öwrüldi. Arap, pars we ýunan dillerini suwara bilen Hubaýş Tiflisi bu dillerde köp sanly ajaýyp eserleri bize miras goýup gidipdir. Şolaryň ýigrimi sanysynyň ady belli bolup, ondan on alty sanysy biziň döwrümize gelip ýetipdir. Olar esasan aşakdakylardyr:

**1. «Senetleriň beýany» («Baýanus sanaat»).** Tiflisiniň bu eseri esasan alhimiýa bilen bagly bolsa-da, başga ylymlary hem içine alýar. Ol bu eserini pars dilinde ýazypdyr. Bu kitap Seljuk türkmen hökümdary Gylyç Arslana sowgat berlipdir.

**2. «Ýyldyzlaryň beýany» («Baýanun nujum»).** Tiflisiniň bu eseri hem pars dilinde ýazylyp, astronomiýa ylmyna degişli düýpli işleriň biridir. Ol bu eserini Gylyç Arslanyň sargydy

esasynda ýazýar. Tiflisi bu eserini ýazyp bolandan soň «Senetleriň beýany» atly kitabyna başlapdyr.

**3. «Pars sazlaşyklarynyň terjimesi» («Tarjuman Kawafyl Farisiýýa»).** Bu kitabyň ady Ysmaýyl Paşanyň «Hadiýal aryfin» atly kitabynda getirilýär. Emma ol bu kitabyň haýsy dilde ýazylandygy hakynda hiç zat ýatlamandyr. Megerem, bu kitap Tiflisiniň «Sazlaşyklar» atly kitabynyň gysgaça ýa-da başgaça atlandyrylan görnüşi bolsa gerek.

**4. «Dermanlaryň düzümi» («Takwimul adwiýa»).** Tiflisi bu eserini arap dilinde ýazyp, kitaby esasy iki uly bölüme bölüpdir. Kitabyň birinji bölüminde dermanlaryň atlary arap, pars, latyn we ýunan dillerinde berilýär. Onuň ikinji bölüminde bolsa dermanlaryň ýasalyşy, düzümi, görnüşleri we haýsy dermanyň nähili kesele emdigi hakynda gürrüň edilýär.

**5. «Beden saglygy» («Syhhatul abdan»).** Bu eser biziň günlerimize gelip ýetmändir. Eseriň adyna görä, bu tebipçilige degişli kitapdyr. Hubaýş Tiflisi «Kämil düşündüriş» kitabynda bu eseriniň adyny ýatlaýar.

**6. «Gurhana gysgaça düşündüriş» («Talhys alal Kuran»).** Tiflisiniň bu kitaby hem biziň günlerimize ýetip gelmedik eserleriniň biridir. Onuň şeýle eseriniň bardygyny Tiflisiniň ýatlamalaryndan bilmek bolýar.

**7. «Arap edebiýatyndaky sözleriň pars diline geçmegindäki kanunalaýyklyk» («Kanunul adab fi dabti kalimatul arabi farisi»).** Bu kitap hem Ysmaýyl Paşanyň «Hadiýal aryfyn» atly kitabynda ýatlanylýar. Kitabyň adyndan onuň kapyýalar hakyndadygyny bilinse-de, haýsy dilde ýazylandygy belli däldir.

**8. «Kämil ýorgutnama» («Kamilut tabir»).** Tiflisiniň bu kitaby onuň işleriniň içinde iň meşhurydyr. Bu kitap pars dilinde ýazylyp, onda düýşleri ýormagyň usullary hakynda gürrüň edilýär. Tiflisi bu eserini hem seljuk hökümdary Gylyç Arslana

sowgat beripdir. Tiflisi asman jisimleriniň hereketine ser salyp, olaryň hereketine laýyklykda düýş ýorup, bu ugurda Gündogarda tanymal ýorgutçylar Daniýal, Ymam Japar Sadyk, Ybraýym Kirmany we Ibn Sirin ýaly uly üstünlik gazanypdyr. Osmanly türkmen hökümdary Süleýman II bina etdiren «Süleýmaniýe» kitaphanasynda bu kitaby türkmen we arap dillerine terjime etdiripdir.

**9. «Münejjimlik ylmyna giriş» («Madhal iläl ylmin Nujum»).** Hubaýş Tiflisi «Gurhana gysgaça düşündüriş» atly kitabyndan soň, müneçjimlik ylmyna degişli pars dilinde gysgaça bir kitap ýazypdyr we oňa «Müneçjimlik ylmyna giriş» diýip at beripdir.

**10. «Daniýalyň öňdengörüjiligi» («Malhamatud Daniýal»).** Hubaýş Tiflisiniň bu kitaby pars dilinde ýazylyp, onda asman jisimleriniň kömegi bilen ynsanyň geljekgi ykbalyny kesgitlemek hakynda gürrüň edilýär. Alymyň bu eseri hem seljuk hökümdary Gylyç Arslana sowgat berlipdir. Hubaýş Tiflisi bu eseriniň girişinde «Samarul masail[1]» («Kyn meseleleriň çözgüdi») atly kitabyny ýazyp gutarandan soň, «Daniýalyň öňdengörüjiligi» atly eserine başlandygyny ýazýar. Tiflisiniň bu eseri «Öňdengörijiligiň usuly» («Usulul malahim») ýa-da «Öňdengörüjilikler» («Malhamat») ady bilen hem bellidir.

**11. «Tebipçilige degişli rysalalaryň ýygyndysy» («Majmuatur rasail tibbiýa»).** Tiflisiniň bu eseri arap dilinde ýazylypdyr. Kitap özünde dokuz risalany jemläp, lukmançylyk ylmyna degişlidir.

**12. «Tebibçilik hakyndaky kitap» («Kifaýat tibb»).** Bu kitap Tiflisiniň tebipçilik ylmyna degişli iň meşhur kitaplarynyň biridir. Ol bu eserini 550-nji hijri ýylynda (1155-56-njy

[1] Tiflisiniň bu eseri başga hiç bir çeşmede ýatlanmaýar.

milady) pars dilinde ýazyp, şazada Kutbeddin Mälikşa II sowgat berlýär. Bu eser iki bölümden we ýigrimi dört bapdan durýar. Eseriň birinji bölümi «Tebipçiligi ylym hökmünde takyklamak, adamda duş gelýän keselleri anyklamak, olary bejermek we adamyň saglygyny gorap saklamak» diýip atlandyrylýar. Eseriň ikinji bölümi «Dürli otlardan ýönekeý we çylşyrymly dermanlar ýasamagyň we bir dermany başga bir derman bilen çalyşmagyň usuly» diýlip atlandyrylýar. Şu kitabyň Horasan hökümdary Abyl Harys Sanjar ibn Mälikşa üçin ýazylandygy hakyndaky maglumat hem bar.

**13. «Tebipçiligiň beýany» («Baýanut tibb»).** Hubaýş Tiflisi bu kitabyny ýazanda arap dilinde ýazylan çeşmelerden peýdalanypdyr. Eser pars dilinde ýazylyp, köşkde işlän wezipeli adamlaryň birine sowgat berlipdir.

**14. «Özüňi alyp baramagyň nyzamy» («Nazmys suluk»).** Bu kitabyň ady edep-terbiýä, öwüt-ündewe meňzeş hem bolsa, ol tebipçilige degişli eserdir. Bu kitabyň ýeke-täk golýazmasy Angiliýanyň Britan muzeýinde saklanýandygy hakynda maglumat bar.

**15. «Edebiýatyň kanuny» («Kanunul adab»).** Tiflisiniň bu eseri 545-nji hijri (1150-nji milady) ýylynda ýazylyp, ol arap-pars dillerindäki sözleriň asyl kökleri hakyndadyr. Bu kitaby arap-pars sözlügi diýip kabul etseň hem bolar. Tiflisi bu kitabynyň girişinde belli türkmen alymy Mahmyt Zamahşarynyň «Mukaddymatul adab» eserinden peýdalanandygyny ýatlaýar.

**16. «Sazlaşyklar» («Kawafy»).** Bu eser arap dilindäki sazlaşyklaryň parsça düşündürlişi. Hubaýş Tiflisi bu kitabyny gaýry milletden bolan arap dilinde goşgy ýazýan şahyrlar üçin niýetläp, olaryň işini ýeňilleşdirmek maksady bilen ýazypdyr. Bu eseriň başynda kitabyň Gylyç Arslana bagyşlanýandygy, kitabyň soňunda bolsa eseri Gylyç Arslanyň ogly Kutbeddine

bagyşlanandygy ýazylýar. Megerem, Tiflisi bu kitaby başlan mahaly Gylyç Arslan hökümdarlyk edip, kitap ýazylyp gutarylanda bolsa tagta Kutbeddin geçen bolmaly. Diýmek, Tiflisi bu kitabyny 1188-nji milady ýylyndan soň tamamlapdyr. Sebäbi şol ýyl Gylyç Arslan hökümdarlygy ogullarynyň arasynda paýlapdyr.

**17. «Ýöňkemeleriň we derňewleriň beýany» («Baýanut tasrif»).** Bu kitap arap dilindäki sözleriň ýöňkemede we düşümlerde üýtgeýşi hakyndadyr. Tiflisi «Edebiýatyň kanuny» we «Gurhanyň sözköki sözlügi» atly kitaplarynyň sözbaşysyny giňeldip, bu eserini ýazypdyr. Emma bu kitap biziň günlerimize gelip ýetmändir.

**18. «Gurhanyň sözköki sözlügi» («Wujuhul Kuran»).** Tiflisiniň bu eseri Gurhanyň sözlerine düşündüriş bolup, ol 558-nji hijri (1163-nji milady) ýylynda Konýada ýazylyp gutarlypdyr. Ol arap dilinde Gurhana ýazylan tefsirleri okap, olardan täsirlenip, bu eseri pars dilinde ýazypdyr.

**19. «Gurhanyň ähli terjimelerine düşündüriş» («Jawamiul baýan dar tarjumani Kuran»).** Tiflisi bu eserinde Gurhanyň sözlerine düşündüriş berýär we Allanyň atlaryny yzygiderlilikde ýerleşdirip, olary sypatlandyrýar. Eser pars dilinde ýazylyp, bu kitap Gurhanyň pars dilindäki sözlügi hökmünde-de kabul edilendir.

**20. «Danalyga ýetmegiň kanuny» («Kanunul lubab»).** Tiflisiniň bu eseri pelsepe ylmyna degişli bolup, arap dilinde ýazylandygy we seljuk hökümdary Gylyç Arslana sowgat berlendigi hakynda maglumat bar. Emma bu ajaýyp eser biziň günlerimize gelip ýetmändir.

Görşümiz ýaly, Hubaýş Tiflisiniň bize galdyryp giden edebi mirasy san taýdan-da agramly, ylmy, çeperçilik ähmiýeti babatda hem ýokary. Gynansak-da, bu baý edebi mirasyň hiç biri häzirki döwre çenli türkmen dilinde neşir edilmedi. Bu diňe

Eziz Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň edebi mirasymyzy täzeçe we dogruçyl öwrenmek we ony halkymyza ýetirmek baradaky sargytlary we tabşyryklary esasynda mümkin boldy.

Hubaýş Tiflisiniň eserleri diňe bir Türkmen Seljuk hökümdarlarynyň ýa-da onuň öz durmuşyny däl, eýsem, XII asyrdaky türkmen durmuşyny, onuň syýasy, ykdysady we medeni taraplaryny has giňişleýin öwrenmekde-de ähmiýetli we ygtybarly çeşmeleriň biridir.

**Kakajan Janbekow,**
***Türkmenistan milli medeniýet***
***«Miras» merkeziniň esasy ylmy işgäri.***

## MAZMUNY

**Birinji bap.** Alhimiýa hakynda. ............................................. 11
**Ikinji bap.** Gymmatbaha daşlar hakynda................................ 31
**Üçünji bap.** Gymmatbaha daşlary reňklemek hakynda.......... 35
**Dördünji bap.** Bullurlary we syrçalary reňklemek hakynda. ................................................................................ 41
**Bäşinji bap.** Syrçalary dürli reňklere boýamak hakynda........ 45
**Altynjy bap.** Gymmatbaha daşlara suw öwüşgünini bermek hakynda. ................................................................................ 49
**Ýedinji bap.** Dürli ýiti we kesgir ýaraglary taplamak we ýylmamak hakynda. ............................................................... 52
**Sekizinji bap.** Dürli senetler hakynda. .................................. 57
**Dokuzynjy bap.** Reňkleri garmak hakynda. ........................... 61
**Onunjy bap.** Tuş bilen syýany garmak we kätipleriň hökmany bil meli zatlary hakynda........................................................ 67
**On birinji bap.** Kagyzdaky ýazgylary ýa-da ýitirilen ýazgylary ýüze çykarmak hakynda. ....................................................... 72
**On ikinji bap.** Dürli haýwanlaryň aýratynlyklary hakynda. .. 76
**On üçünji bap.** Ýyrtyjy haýwanlardan we mör-möjeklerden goranmagyň usullary hakynda. ............................................. 107
**On dördünji bap.** Gymmatbaha daşlaryň, haýwanlaryň we ösümlikleriň aýratynlyklary hakynda. .................................. 125
**On bäşinji bap.** Dürli suwlary ulanmak hakynda. ............... 144
**On altynjy bap.** Ody ulanmagyň usuly we çyra bilen edilýän dürli tilsimler hakynda. ......................................................... 147

**On ýedinji bap.** Şerap bilen edilýän oýunlar we tilsimler hakynda. ........156
**On sekizinji bap.** Dürli tilsimler hakynda. ........164
**On dokuzynjy bap.** Lybaslardan dürli tegmilleri aýyrmagyň usullary hakynda........172
**Ýigriminji bap.** Är-aýallyk gatnaşyklarynyň syrlary we göwrelilik hakynda. ........183

*Kakajan Janbekow*, **Alhimiýa ussady hem-de müneçjim**...197

**Hubaýş Tiflisi**

## Senetleriň beýany

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Korrektor Z. Abdyllaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 21.04.2005 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 13,0.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 5 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-21531

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.